# Meniň yzyma düş

## Mugallym üçin gollanma

**Halkara wersiýasy, ikinji çap, 2017**

**Tim Grin**

**Awtonom**

**Söwdagär däl Gurama**

**Magaryfçy merkez “ OPTA”**

**( ASDG “ OPTA”)**

**Wladiwostok 2019**

**2014-nji ýylda Beýik Britaniýada Lulu.com tarapyndan çap edildi.**

**Bu çapy come-follow-me.org mugt ýükläp bilersiňiz.**

**Awtorlyk hukugy Tim Green 2014, 2017. Ähli hukuklar gorag astyndadyr.**

**Şeýle bolsa-da " Mugallym üçin gollanma"ny mugt çap edip, şahsy ulanym üçin köpeldip bilersiňiz.**

# *Okaýyjylara ýüzlenme*

Siziň eliňizde köp adamlaryň kommentariýalary we teklipleri esasynda işlenen we gowylaşdyrylan " Meniň yzyma düş" kursunyň "Mugallym üçin gollanma"synyň ikinji çapy. Eger sizde kommentariýalar ýa-da teklipler bar bolsa, bu gollanmanyň " A BÖLÜM" niň soňundaky soraglara jogap berip , olary bu kursuň awtoryna iberip bilersiňiz.

Bu kursy ýazmak üçin müsülman halklarynyň medeniýetini görkezýän tematik derňewler, şaýatlyklar, durmuşdan alynan wakalar, poeziýa eserleri we suratlar ulanyldy. Müsülman medeniýetine degişli bolan, ýa-da müsülmançylykda önüp ösen, ýa-da günbatardaky müsülman jemagatyna degişli adamlara gatnaşygy bar bolan ýokarda sanalan materiýallardan her birini bize ýollap, täze kurslary düzmekde bize kömek edip bilersiňiz. Şeýle-de, bu gollanmany has doly etmek üçin haýsy internet çeşmelerden, wideokliplerden peýdalanyp biljekdigimizi bize maslahat bermegiňizi ündeýäris.

" Meniň yzyma düş" kursundan başga-da, yslamdan gelen imanlylary okatmak üçin häzir internetde her dürli materiýallar köp. Siz olary www.bmbtraining.org adresinden tapyp bilersiňiz. Şeýle hem, bu gollanmanyň "B BÖLÜMI"ni come-follow-me.org adresinden tapyp bilersiňiz. Sag boluň!

Tim Grin comefollowmecourse@gmail.com

# Minnetdarlyk

Bu proýekti amala aşyrmakda maňa öz ruhlandyrmalary , käýinçli pikirleri, dogalary bilen ýardam eden herkeze ýürekden minnetdarlyk bildirýärin. “ Meniň yzyma düş” kursunyň okuw gollanmasyny ýazmakda maňa kömek eden köp adamlara minnetdarlygymy şol gollanmada ýazdym. Olardan käbirleri, meselem, Sýu we Reýçel, Skot we Malkolm dagy “ Mugallym üçin gollanma” degişli bolan özleriniň wajyp goşandyny goşdular.

Müsülman halklarynyň medeniýetine we dünýägaraýşyna has giň düşünmek üçin dürli döredijilikli çözgütler teklip edip we bu gollanmanyň birinji çapyny formatlamakda uly kömegi Jeýkob etdi. Penni ikinji çap üçin sapaklara görkezmeleri uýgunlaşdyrmaga başlady, Djen bolsa, bu işlemleriň dowamyny alyp barmakda üstünlik gazandy we gollanmany çap etmäge taýýarlady. Men öz maşgalama minnetdaryn, aýratyn hem aýalym Reýçele. Yslamdan ýüz öwürip, Mesihe iman eden adamlar bilen köp ýyllaryň dowamynda bilelikde hem şatlygy, hem gynanjy biz bile paýlaşdyk. Mesihiň yzyna eýerip, ol adamlar kyn ýoldan ýöreýärler, we köplenç - ýalňyzlykda. Bu gollanmanyň üstündäki işim köp uzaga çekse-de (men ony 10 ýyl öň başladym), aýalym Reýçel kiçigöwünlik bilen ylalaşyp geldi. Şeýle hem, bu gollanmany düzeltmekde we redaktirlemekde Reýçel maňa uly kömek etdi.

Hemmäňize uly minnetdar !

# Ilki bilen bu maglumaty okamagyňyzy haýyş edýäris

“ Meniň yzyma düş” kursy yslam dininden gelen we Isa Mesihiň yzyna eýeren imanlylar üçin niýetlenendir. Bu kursuň maksady şeýle imanlylara Mesih we Onuň jemagaty bilen berk aragatnaşyklary ösdürmekde kömek etmek.

“ Meniň yzyma düş” kursy üç gurnamadan ybarat:

1. “ Okuw kitaby” . Bu okuw kitaby öýde öwrenmek üçin we pikir alyşmaga taýýarlyk üçin niýetlenen.
2. Berilen “ Mugallym üçin gollanma”. Bu kitap size sapaklarda pikir alyşmalary geçirmekde kömek eder.
3. We Siz – mygallym. Unutmaň, Okuw kitaplary bizi okuwçy etmeýär! Okuwçylar okuwçylary ýetişdirýär.

Siziň öz maslahatlaryňyz, öwüt-ündewleriňiz, ruhlandyrma we doga-dilekleriňiz bilen, şeýle hem, dostlugyňyz we şahsy mysalyňyz bilen täze iman eden doganyňyzyň durmuşyna Hudaý siziň üstüňizden uly täsir edip biler. Imanlylara öwretmekde “ Meniň yzyma düş” kursy diňe bir guraldyr. Bu “ Mugallym üçin gollanma” bolsa, size bu guraly hem toparda, hem bir okuwçy bilen hem netijeli ulanmaga kömek eder.

Bu gollanma iki bölümden ybarat. **“ A BÖLÜMI” okamaga girişeniňizde, “ Bu kursy nädip ulanmaly” kiçibölümini okamak üçin 5 minut wagtyňyzy aýyryň.** Bu wajypdyr, sebäbi öwretme usuly we kontekst size nätanyş bolup biler. Ondan soň özüňize gerek bolan kiçibölümleri okaň. " **Medeniýete degişli açyklamalar”** parçasy müsülman medeniýeti bilen nätanyş bolanlar üçin wajyp maglumatlary içine alýar. Biz size bu parçalary her hepde okamagy ündeýäris, sebäbi olar her sapaklarda bar.

**“B BÖLÜMI”nde her sapak üçin ädim-ädim görkezme berlen.** Onda pikir alyşmak üçin soraglar, şeýle-de, müsülman medeniýetini tanamaýan we pikir alyşmak üçin soraglary düzmekde tejribesi bolmadyk mugallymlar üçin ädim-ädim gönükdirmeler bar. Eger siz bu iki jähti hem bilýän bolsaňyz, bu gönükdirilmeler size gerek bolmaz. Muňa garmazdan, siz olary pikir alyşmak üçin soraglar düzmekde başlangyç nokat hökmünde ulanyp bilersiňiz.

Her niçik-de bolsa, “ Pikir alyşmak üçin” we “Jogap” bellikli soraglary hökman okap pikir alyşyň.

Diňe bilimiň özi ýeterli däldir, bu kurs bolsa yslamdan gelen imanlylara üç ýagdaýda özgermäge kömek eder:

- **“düşünje”**- Hudaýyň Sözi esasynda dünýägaraýyşy özgertmek
- **“ ýürek”** – duýgylary, ýüregi we motiwasiýany özgertmek
- **“ hereket”** – her hepde praktiki ýumşy ýerine ýetirmek

“ Mugallym üçin gollanma”ny mugt come-follow-me.org ýükläp, çap edip, şahsy ulanym üçin peýdalanyp bilersiňiz. Sag boluň!

Tim Grin comefollowmecourse@gmail.com

# *Mazmuny*

Kiçibölümler sahypa

## "A BÖLÜM" UMUMY GÖNÜKDIRILMELER


Bu kursy nähili ulanmaly....................7

Siziň mugallymlyk roluňyz....................11

Sapagy nädip geçirmeli....................13

Toparda pikir alyşmany nähili alyp barmaly....................17

Yslamdan gelen imanlylary nähili okatmaly....................18

Müsülman medeniýetiniň terminleri we aýratynlyklary....................20

Köp soralýan soraglar....................22

Bize ýazmak....................23

Medeniýete degişli açyklamalar....................24


## "B BÖLÜM" SAPAKLARA GÖNÜKDIRILME

Sapaklar sahypa


Giriş sapagy....................44

1. Nädip Mesihiň okuwçysy bolmaly? ....................47
2. Mesihdäki täze ýaşaýyş....................51
3. Ata – Hudaý....................55
4. Mukaddes Ruhuň güýji bilen Mesihi diňlemek....................58
5. Hudaý bilen gepleşik....................62
6. Hudaýyň Sözüniň biziň durmuşymyzdaky orny....................66
7. Mesihiň Ybadathanasynyň agzalary....................70
8. Iki jemagatyň agzalary....................74
9. Yzarlanmalaryň sebäbi....................78
10. Yzarlanmalara biziň jogabymyz....................82
11. Ärler we aýallar....................86
12. Dawalaryň çözülmegi....................91
13. Mesih barada nädip şaýatlyk etmeli....................94
14. Suwa çümdüriliş....................98
15. Göni ýol....................102
16. Söýgi kanuny....................106
17. Bermek we agyz beklemek ....................110
18. Ykbal we jadygöýlik....................114
19. Birek birege bolan gulluk....................118
20. Göge tarap bolan zyýarat ýolumyz....................122

Goşmaça : ýat tutmak üçin aýatlar....................126

# A BÖLÜM:

# UMUMY GÖRKEZMELER

## BU KURSY NÄHILI ULANMALY

***Bu bölümi hökman okaň. Kursdan uly peýda alyp bilmegiňiz üçin gerekdir.***

**Bu kurs kim we näme üçin niýetlenen?**
*Bu kurs yslamdan gelen Mesihiň yzyna eýerijilere, şeýle hem Mesihe iman etmäge ýakyn bolanlar üçin niýetlenen.* Bu kurs olara okuwçylykda birinji ädimleri ätmege kömek eder. Şol bir hatarda bu kurs ýetişen mesihiler üçin hem peýdaly bolar, sebäbi bu kurs yslam medeniýetinde şu wagt wajyp bolan temlar barada pikirlenip, başgalar bilen pikir alyşmaga itergi berer.

**Okuw usuly nämeden ybarat?**
Bu kurs özbaşdak okuw üçin niýetlenen däldir. Ony başga imanlylar bilen toparda öwrenmek gerek. Okuw usuly talyplaryň her hepde ýerine ýetirmeli şu aşakdaky ýumuşlaryndan ybarat :

1. Okuw kitabyndan berlen ýumuşy öýde özbaşdak ýerine ýetirmeli;

2. Her sapakda siz we beýleki okuwçylar bilen pikir alyşmaly;
3. Öwrenen sapaklary gündelik durmuşynda ulanmaly;

Giň düşündiriş:

- *Sapagy öýde ýerine ýetirmek* – diňe sapagy okamak däl, eýsem, ony çuňňur öwrenmegi nazarda tutýar. Sapagyň her bölüminden söň okuwçylar aşakdakylardan birini ýerine ýetirmeli:
    - Bir ýumuşlar okuwçylara okan zatlaryny ýatda saklamaga kömek eder;
    - Beýleki ýumuşlar olara okanlaryny doly düşünip, durmuşda ulanmaga kömek eder;
    - Başga ýumuşlar okuwçylaryň durmuşa, adamlara bolan gatnaşygy barada oýlanyp, bu barada Hudaý bilen gepleşmäge itergi berer;
    - Käbir ýumuşlar okuwçylara öz tejribelerinde başdan geçirenlerini pikir alyşma wagty paýlaşmaga taýýar eder;
    - Suratlar we mysallar okuwçylara Hudaýyň Sözüni durmuşda duş gelýän ýagdaýlar bilen baglamaga kömek eder.

- *Pikir alyşmak* öwrenenleri durmuşda nähili ulanmagy görkezer. Okuwçylar öz pikirlerini paýlaşýarlar we beýlekileriň pikirlerini diňleýärler. Bu bolsa okuwçylara öňki dünýägaraýşyny ýykmaga we täze maksatlar edinmäge kömek eder.

- *Praktiki ýumuş* her sapakdan soň derrew herekete geçmäge kömek eder. Bu bolsa sapagyň okuwçylaryň durmuşynda diňe teoriýa bolup galman, olaryň ýaşama şekline öwrülip biler.

**Bu kurs toparlarda öwrenmek üçin niýetlenenmi ýa-da indiwidual okuw üçinmi?**

Bu kursy hem toparlarda, hem indiwidual okuw üçin ulanyp boplar we iki görnüşinde hem artykmaçlygy hem kemçilikleri bar. Bu bolsa okuwçylaryň sanawyna bagly. Okuw üçin uly bolmadyk topar bolsa gowy bolar, sebäbi bu imanlylara biri-biri bilen aragatnaşyklary berkitmäge , şeýle-de, bilelikde pikir alyşmagy öwrenmäge kömek eder. Indiwidual sapaklar hem wajyp. Emma pikir alyşma wagty birtaraplaýyn bolup gider, sebäbi siz diňe sorag beresiňiz, okuwçy bolsa diňe jogap berer. Şonuň üçin pikir alyşma wagtyny üýtgeşik etmäge çalyşyň: Hudaýyň Sözünden täze birzatlar öwreniň, biri-biriňiziň düşünjäňizi öwreniň.

“Mugallym üçin gollanma”da biz, köplenç, “okuwçy” barada gürleýäris, hem erkegi, hem aýaly, hem toparlaýyn, hem indiwidual öwrenýänleri nazarda tutýarys. Pikir alyşmak üçin berilen ähli soraglary hem toparda, hem indiwidual sapaklarda ulanyp bilersiňiz, emma käbir ýumuşlary diňe toparlarda ýerine ýetirip bolar.

**Okuwçylar 20 sapagyň hemmesini yzygiderli arakesmesiz ýerine ýetirmelimi?**

Hökman däl. 20 hepde, yzygiderli, arakesmesiz sapak geçmek aňsat däl! Siz kursy ikä bölüp bilersiňiz, we birinjisini geçenden soň arakesme alyp ýa-da Siziň okuwçylaryňyz üçin wajyp bolan belli bir temalary saýlap öwrenip bilersiňiz.

**Toparlaýyn sapaklaryň şekli we wagt çäkligi nähili?**

Belli bir şekil ýa-da belli bir wagt çäkligi ýok. Siz öz düşünjäňize görä hereket edip bilersiňiz. Emma bilşimiz ýaly, toparlaýyn sapaklar iň azyndan birýarym sagat dowam edip bilýär, we ol aşakdaky ähli arakesmeleri öz içine alýar:

- Çaý başynda söhbet (başda ýa-da soňunda);
- Doga;
- Praktiki ýumuşy barlamak;
- Okuwçylaryň öýde öwrenen sapagyny barlamak;
- Sapagyň soraglary boýunça işlemek;
- Mukaddes kitabyň aýatlary boýunça pikir alyşmak;
- Käwagt wideo görmek, ýa-da belli bir ýumuşy ýerine ýetirmek;
- Okuwçylaryň aýaty nähili ýat tutandyklaryny barlamak;
- Sapagyň soňunda doga (şahsy mätäçlikler üçin hem);

Toparly sapaklarda ähli materiýaly yzygiderli geçmek höman däl, sebäbi bu ýadadyjy bolup biler. Okuwçylar sapagy öýlerinde ýerine ýetirýändikleri üçin, ony toparda gaýtalap oturmak hökman däl. Şeýle-de, täze sapagy wagyz hökmünde geçirmeli däl. Onuň ýerine ünsüňizi tejribe temalary boýunça pikir alyşmaga beriň. Bu okuwçylaryň durmuşyny özgertmäge kömek eder.

**Bu kurs Mukaddes Kitapda esaslananmy?**

Howwa. Bu kurs Mukaddes Kitap – Hudaýyň Sözünde esaslanýar, we bize, Mesihiň okuwçylaryna (hem mugallym, hem okuwçy) - Mukaddes Kitaby gowy düşünip , ony doly ýerine ýetirmegimizi ündeýär. “Meniň yzyma düş” kursy Resul Petrusyň birinji hatyna esaslanýar, ol hat bolsa  şol wagt yzarlanmalara sezewar bolýan täze mesihilere ýazylandy. Kursuň esasyna Resul Petrusyň birinji hatynyň birinji babyndan soňky babyna çenli induktiw öwrenme goýulan ( emma ol ähli aýatlary öz içine almaýar). Bu “agaçdan” 20 sany “şaha” kimin temalar “ösýär”. Bu temalar yslamdan gelen imanlylar üçin wajypdyr. Bu temalar Mukaddes kitabyň beýleki kitaplaryndaky aýny taglymatlar bilen berkidilýär. Her sapakda temanyň manysyny düşündirýän ýat tutmaly aýatlar bar. Bu

aýatalar Resul Petrusyň birinji hatyndan we beýleki kitaplardan alynyp, size aňsat bolmagy üçin bu gollanmada goşmaça berilýär. Okuwçylara aňsat bolsun diýip, ýat tutmak üçin gysga aýatlar ýa-da olaryň gysgaldylan görnüşleri saýlanan.

**Näme üçin kurs sada görünýär?**

Bu kurs ilkibaşda Ýokary Okuw Bilimi elýeterli bolmadyk ülkeler üçin niýetlenendi. Şonuň üçin sapagyň tekstleri sada düzülip, belli suratlar we mysallar bilen şekillendirilen. Emma, bu sapagyň özüniň düýpsiz, ýüzeýdigini aňlatmaýar. Sapagy özbaşdak öýde öwrenmek - okuwçylar üçin sapakda pikir alyşmagyň esasy bolup, olary çuňňur pikirlenmäge, dünýägaraýşyny özgertmäge we okuwçylyk tejribesine eltýär. Berilen aýdyň mysallar sebäpli pikir alyşmak we sapagy durmuşda ulanmak aňsatlaşýar. Bu bolsa sapakda diňe teoriýa berileninden has gowy. Mundan başga-da, bu kursy öwrenen okuwçy, beýleki imanlylara öwretmek üçin gowy gurala eýe bolýar. Bu okuwçylygy has produktiw edýär.

**Näme üçin “ Mugallym üçin gollanma” beýle giňiş?**

Bu gollanma mugallymlaryň giň topary üçin niýetlenen. Olaryň käbirlerine pikir alyşmak üçin soraglar düzmeke kömek gerek, käbirlerine medeniýet barada açyklamalar gerek. Biz, şeýle-de, pikir alyşmak üçin berilýän soraglara berilip biljek jogaplary hödürleýäris. Tejribeli mugallymlara olar gerek däl, emma siziň talyplaryňyza näme gerekdigini saýlap bilmegiňiz üçin , biz bu gollanma ähli materiýaly girizdik.

Eger siz pikir alyşmaga köp sorag berilen diýseňiz, onda öz okuwçylaryňyza görä soraglardan saýlap bilersiňiz. Şol bir hatarda, her gezek “ pikir alyşmak üçin” we “öz jogabym” bellikli soraglary hökman beriň.

**Her okuwçynyň özüne degişli “ Okuw kitaby” bolmalymy?**

Hawwa, her okuwçyda we mugallymda hem “Okuw kitaby” bolmaly. Siz ony biziň web-adresimizden alyp bilersiňiz: come-follow-me.org

# SIZIŇ MUGALLYMLYK ROLUŇYZ

**Okuw kitaby mugallymyň roluny ýerine ýetirýär**



Bu kitapda okuw sada we düşünikli şekilde beýan edilen. Her sapakda aňsat soraglar berilýär, soňunda bolsa olara jogaplar hem berilýär. “ Mugallymyň” suraty okuwçylara sapagyň esasy hakykatlaryny ýatlatmak üçin berilýär.

Bu siziň işiňizi aňsatlaşdyrýar, sebäbi size sapaklary düzmek gerek däl. Siz bu sapaklary toparda wagyz etmeli däl-de, okuwçylara her sapakda jemlenýän bilimi düşünmäge we ulanmaga kömek etmeli.

**Siz hem mugallym, hem dost.**

Okuwçylar Sizi mugallym diýip kabul edýärler. Siz olar üçin hem görelde, hem mugallym, hem dost. Olar sizi dykgat bilen synlarlar. Siziň özüňizi alyp barşyňyz siziň bilimiňizden wajypdyr. Bir afgan imanlynyň aýdyşy ýaly: “*men Mukaddes kitaby sapaklaryna gidenimde, maňa taglym berýän adamy öwrenýärdim.”*

Siziň okuwçularyňyzyň çaga däl, uly adamdyklaryny unutmaň! Olaryň beýlekiler bilen paýlaşyp biljek uly durmuşy tejribesi bar. Şonuň üçin pikir alyşma wagty olara köpräk soraglar bermäge çalyşyň. Olara öz pikirlerini paýlaşmagy we durmuş tejribelerinden aýdyp bermeklerini soraň. Olary özbaşdak pikirlenmäge höweslendiriň. Olar her hepde praktiki ýumuşy ýerine ýetirmeklerine gözgulak boluň. Olar üçin gowy görelde boluň. Olar barada alada ediň. Olar üçin dileg ediň. Olar bilen şatlygy hem gaýgy aladalary paýlaşyň. Kynçylyklar dörände bolsa, okuwçylara olary dogruçyl adam ýaly ýeňip geçmäge kömek ediň.

Okuwçylar bilen diňe sapaklarda duşuşman, eýsem, resmi däl ýagdaýlarda hem wagt geçiriň: öýüňize naharlanmaga çagyryň, futbol oýnaň, konserte gidiň we ş.m. . Adaty işleri bilelikde ýerine ýetiriň. Olar sizi synlap, siziň hereketleriňizi, endikleriňizi, dürli ýagdaýda özüňizi alyp barşyňyzy, kynçylyklary nädip ýeňýändigiňizi, başgalary nädip bagyşlaýandygyňyzy görüp, sizden öwrenerler.

**Okuwçylar okuwçylary ýetişdirýär**

Okuw kitaby adamy Mesihiň okuwçysy edip ýetişdirip bilmez. Diňe okuwçy okuwçyny ýetişdirer. Kimdir biri size okuwçy bolmaga kömek etdi. Indi kimdir birine imanda ösmäge kömek etmek siziň eliňizde. Häzirki döwürde köp adamlar yslamdan Mesihe tarap öwrülýärler, öň köp däldi. Emma diňe Hoş Habar paýlanyp, öwredijiler bolmasa miwe hem köp bolmaz. Goý, Hudaý bizi işçileri hökmünde ulansyn. Onuň gymmatly çagalarynyň durmuşynda we maşgalalarynda dinlerden ýüz öwürip , Onuň yzyna eýerjek miweler köpelsin!

# SAPAGY NÄDIP GEÇIRMELI?

## Her sapakdan öňürti

1. Sapakdan iki gün öň özüňiz edil okuwçy ýaly sapaga taýýarlanyň. Ähli soraglara öz jogaplaryňyzy ýazyň, ýaltanmaň!
2. “ sapagyň maksady”ny okaň. Biziň teklip edýän maksatlarymyz her sapagyň başynda, soldaky bölmäniň ýokarynda ýerlerşýär. Meselem, 9-njy sapagyň maksadyna seredeliň:

| **9-njy sapak: yzarlanmalaryň sebäpleri** | |
|---|---|
| **Sapagyň maksady:**<br>a) Bizi Hudaýyň söýgüsinden hiç kim we hiç zat aýyryp bilmejekdigine berk ynanmak:<br>b) Yzarlanmalaryň hökman boljakdygyny we Hudaý olary biziň bähbidimiz üçin ulanjakdygyny bilmek;<br>c) Gereksiz yzarlanmalardan uzak bolmak üçin özüňi dogry alyp barmak;<br>**d)** 1 Pet. 2:21 ýat tutmak; | **Medeniýete degişli açyklamalar:**<br>• Yzarlanmalara sezewar bolýan imanlylara nähili maslahat bermeli?<br>**Taýýarlyk:**<br>Rim. 8:36 aýaty ýazylan kagyzlar taýýarlamak. (12bölüm üçin) |

Ýokarda sanalan maksatlaryň her biri okuwçylaryň bu hepde içinde bir zatlar etmelidigini nazarda tutýar:

- “Berk ynanmagy” öwrenmek- bu ýürek ýagdaýy;
- “Düşünmek” – bu akyl ýagdaýy;
- “ Özüni dogry alyp barmagy öwrenmek” – bu tejribede ýerine ýetirilmeli ukyp;
- “ ýat tutmak”- bu Hudaýyň Sözüni ýüregiňe we durmuşyňa ýerleşdirmegiň gowy ýoly;

3. Soňra sapagyň görkezmelerini okaň. Size sapagy ädimme-ädim geçmäge kömek etmek üçin görkezmeler berlen. Siziň okuwçylaryňyz üçin wajyp bolan soraglary saýlap bilersiňiz. Wagt geçdigiçe, siz has tejribeli mugallym bolup, talyplaryňyza görä we sapagyň maksadyna laýyklykda soraglary özüňiz düzüp bilersiňiz.
4. “ Medeniýete degişli açyklamalary” okaň, olar bu tema degişli bolup, size müsülman medeniýeti bilen tanyşmaga kömek eder.
5. Eger berilen bölümi ýerine ýetirjek bolsaňyz, Sagdaky bölmäniň aşagynda ýazylan zatlary taýýarlaň.

6. Soňunda, her okuwçy üçin gowy mugallym bolup bileriňiz ýaly Hudaýdan kömek sorap doga ediň.

## Sapakda

**1.** Okuwçylar bilen salamlaşyň, mümkin bolsa olara çaý, kofe hödürläň.
**2.** “ sapagyň başlangyjy” nda ýazylanlary ýerine ýetiriň. Meselem, 9-njy sapaga berilen ädimler:

| **Sapagyň başlangyjy** |
|---|
| **Sapak üçin dileg ediň. Geçen sapagyň praktiki ýumşuny barlaň:** öz şäheriňizdäki adamlara , mätäçlere, **imansyz** ýolbaşçyňyza nähili hyzmat etdiňiz? Ol adam size nähili gaýtargy berdi?<br>**Jogaplary barlamak (9-njy sapak):**<br>**sorag 1** : biz üçin, biziň üçin mysal boldy, biz Onuň yzyna eýermegimiz üçin (1Pet.2:21)<br>**sorag 2:** 1)dünýä, ýigrenýär; 2)Hudaý, yzarlanmalar; 3)ýalňyş hereket edýäris; 4)Mesihiň yzyna; |
| **Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** bu günki sapagyň ady – yzarlanmalar. Bu gaty agyr bir tema. Belki, biz başymyzdan geçiren günlerimizi ýatlanymyzda, gözýaşlarymyzy durduryp bilmeris. Ýöne Hudaý yzarlanmalary biziň bähbidimize öwürip bilýär, we biz öz çekýän ejirlerimiz barada paýlaşsak, Hudaý bize şypa berer. |

Geçen sapagyň praktiki ýumşuny barlamak hökmandyr. Bu okuwçylara öwrenýän zatlarynyň diňe teoriýa däl, tejribede ulanmak üçindigini görkezýär. Mundan başga-da, okuwçylar bu okuw materiýallaryny nädereje başarnykly ýa-da kynçylykly ýerine ýetirýändiklerini düşünmäge size kömek eder. Okuwçylardan praktiki ýumuşy nähili ýerine ýetirendiklerini soraň, ýöne olar bilen geçen sapak barada pikir alyşmaga girmäň, sebäbi Siz täze tema geçmeli.

Tejribe ýumuşy barlamagyň maksady, okuwçylaryň geçen sapagy ýerine ýetirendiklerini we onuň esaslaryny ýatda saklandyklaryny bilmekdir. Eger okuwçylar kursy özleri üçin geçýän bolsalar, onda olara depderlerini ýapyp soraglara dilden jogap bermeklerini soraň. Eger kurs olaryň resmi okuwynyň programmasyna girýän bolsa, we olaryň bilimi synalýan bolsa, onda siz ýazmaça testi geçirip bilersiňiz (ýumuşlary kopiýalap, talyplara depderlerine bakman doldurmaklaryny soraň). Sapakdan soň olaryň testlerini barlap bilersiňiz.

**3.** Öňünden saýlan soraglaryňyz boýunça pikir alyşmany geçiriň. Eger wagty tygşytly ulanmak isleseňiz, iň azyndan “pikir alyşmak üçin” we “öz jogabym” bellikli soraglary ulanyp pikir alyşmany geçiriň. Eger sizde pikir alyşmagy

geçirmek tejribäňiz bolmasa, “Toparda pikir alyşmagy nähili geçirmeli” bölümini okaň.

Mukaddes kitap tekstini induktiw öwrenmäge degişli soraglar Mukaddes kitabynyň suraty bilen nyşanlanan. Meselem:

**1 Pet.1:3-7 okaň**

- **4-**nji aýata görä biziň mirasymyz nirede? *Göklerde*

-bozulyp, çüýräp, ýa-da öçüp bilermi? *Ýok*

-5-nji aýata görä, bizi häzir näme goraýar? *Hudaýyň güýji*

4. Siz, mugallym hökmünde, köp geplemeli däl. Okuwçylar mugallymdan köp geplemelidir. Şonuň üçin, eger bir zatlar okamaly bolsa: Okuw kitabyndan bir paragrafmy, Mukaddes kitapdan bir parçamy, muny okuwçylar etse gowy bolar.

5. Pikir alyşmak üçin berilen soraglaryň käbirlerine bu gollanmada jogaplar kursiw bilen ýazylan, ýokarda görkezilişi ýaly. Eger okuwçylar jogap berip bilmeseler, özüňiz dogry jogaby aýtmaga howlukmaň, soragy birnäçe gezek gaýtalaň, olara Mukaddes kitapdan dogry aýatlary aýdyp kömek ediň. Şeýle hem, medeniýete degişli açyklamalar hem kursiw bilen ýazylyp, size aňsat bolary ýaly sapagyň dürli basgançaklarynda berilýär. Meselem:

**17-nji bölüm.** Birinji abzasy okaň.

-Siz bu barada näme pikir edýäňiz? *Jogabyň dogry ýa-da ýalňyşlygy ýagdaýa bagly. Eger adamyň jany howp astynda bolsa, onda ol gysga wagtlyk bolsa hem başga ýere göçmek barada pikirlenmelidir. Emma, eger onuň janyna howp abanmaýan bolsa, onda ol öz öýünde ýagdaýlar üýtgäne çenli rahat ýaşabermelidir. Ol Mesihiň yzyna eýerip başlan bolsa hem öz maşgalasyna sadyk galandygyny görkezmäge çalyşmaly.*

**6.** Käbir sapaklarda biz öwrediji ýumuşlary ýerine ýetirmegi we wideo seretmegi teklip edýäris. Olar top şekli bilen bellenen ֍. Eger bu ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin bir zatlar taýýarlamaly bolsa, bu barada “**taýýarlamak**” grafasynda ýazylar. Eger siz sapagy gowy düşündirip biljek oýunlary ýa-da wideolary bilýän bolsaňyz, onda bize bu barada habar beriň. Her sapakda ýat tutulmaly aýaty gaýtalamak üçin wagt berilýär. Bu gollanmanyň soňunda ýat tutulmaly aýatlar jetweli berilýär.

**7. Sapagy bitirýän wagtyňyz “ sapagyň bitişi” bölümine eýeriň. Meselem, 9-njy sapagyň bitişi:**

| **Sapagyň bitişi** | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:**<br>-bu günki sapak durmuşyňyza nähili täsir eder?<br>**-tejribe ýumuşyny bilelikde okaň.**<br>Okuwçylar , edil bu günki ýaly, her gün bir aýat barada pikirlenip bilerler. | **Bilelikde doga:** her okuwçy yzarlanmalarda Hudaýyň bizi gorap saklajakdygyny wada bereni üçin Oňa dogada minnetdarlyk bildirsin . Başga ülkelerde yzarlanmalara sezewar bolýan imanlylar üçin dileg ediň, aýratyn hem – yslamdan gelen imanlylar üçin. |

**Sapakdan soň**

1. Eger okuwçylaryňyz test üçin baha alýan bolsalar, ýa-da gelendiklerini bellik edýän bolsaňyz, ediň. Mundan başga-da, olaryň a) öý işlerini ýerini ýetirişlerini, b) pikir alyşmaga gatnaşygyny, ç) tejribe ýumuşyny ýerine ýetirişini – bahalandyrmak gowy bolardy. Käte, bu okuwçylara kursa çynlakaý ýapyşyp, ony jikme-jik öwrenmäge kömek edýär. Emma, käbir ýagdaýda okuwyň formal däl bolmagy üçin bahalandyrman okatmak gowudyr.
2. Pikir alyşma bölümini gowy geçirdiňizmi, özüňizi bu 4 sorag bilen derňäň:
   - Men köp gepledimmi?
   - Okuwçylaryň ählisi (çekinjeň hem ýuwaşlary-da) pikir alyşmakda işeňňir gatnaşdylarmy?
   - Meniň saýlan soraglarym okuwçylara düşnükli we pikir alyşmak üçin gowydymy?
   - Sapagyň maksadyna ýetildimi we bu sapagyň biziň durmuşymyz üçin peýdasy barmy?

Öz ýalňyşlaryňyzyň üstünde işläň, we indiki sapakda dogry etmäge dyrjaşyň.

3. Okuwçylar üçin hepde dowamynda dileg ediň.

# TOPARDA PIKIR ALYŞMANY NÄHILI ALYP BARMALY?

*Eger siziň pikir alyşmagy geçirmek tejribäňiz bolmasa, biziň maslahatlarymyza eýermegiňizi teklip edýäris.*

- Siziň özüňiz kop geplemäň! Siz wagyz etmeli däl-de, sorag bermeli. Uly adamlar şeýle öwrenýärler, we olar bu usuly halaýarlar. Gowy soraglar bu:
    - Düşünmesi aňsat;
    - Tema degişli;
    - Pikir alyşmaga eltýän (diňe "hawwa" ýa-da "ýok" diýen jogaba eltmeýär).
- Topary̆ň her bir agzasy pikir alyşmaga gatnaşmalydyr. Artykmaç köp gepleýän okuwçylara azyrak geplemeklerini aýdyň. Utanjaň okuwçylara öz pikirlerini aýtmaga kömek ediň: olara aňsat soraglar beriň we başgalara olar üçin jogap bermegine ýol bermäň.
- Eger okuwçylar soraga düşünmedik bolsalar, özüňiz oňa jogap bermäň, şol soragy başga şekilde soraň.
- Pikir alyşmanyň esasy temadan sowulmasyna ýol bermäň.
- Eger okuwçy "ýalňyş" jogap berse, ýa-da onuň jogaby tema üçin peýdaly bolmasa, oňa ýalňyşlygyny aýdyp utandyrmaň. Başga okuwçylardan öz pikirlerini paýlaşmaklaryny soraň. Olardan biri gowy jogap berip biler. Siz oňa: "jogabyň üçin sag bol, we sen şu tarapyna üns berdiňmi?", diýip sorap bilersiňiz.
- Sapagy tejribede ulanmagy öwrenmäge uly üns beriň. Her bir okuwçy durmuşda ulanyp bileri ýaly bir zatlar öwrensin.
- Okuwçylara size sorag berip bilmäge rugsat beriň. Eger siz haýsydyr bir soraga jogap berip bilmeseňiz, oňa jogaby tapyp indiki sapakda berjekdigiňizi aýdyň. Olar sizi, bilimsiräp ýalan geplemän, dogrusyny aýdanyňyz üçin has çuňňur hormatlarlar. Beren wadaňyzy ýerine hökman ýetiriň, indiki sapakda olara jogaby beriň.
- Eger bir zatlar okamaly bolsa, muny okuwçylar etsin. Şonda olarda sapaga aktiw gatnaşma mümkinçiligi bolar.

Eger okuwçylaryňyz dürli milletden bolup, hersi öz dilinde Mukaddes Kitaby okaýan bolsa, onda siz türkmen dilinde okap, soňra olara öz dillerinde okamaklary üçin wagt berip bilersiňiz.

# YSLAMDAN GELEN IMANLYLARY NÄHILI OKATMALY?

*Eger sizde yslamdan gelen imanlylary okatmak tejribäňiz bolmasa, onda aşakdaky berilen maglumaty okaň.*

Isa Mesih bize ähli milletleri okuwçy edinmegi buýurdy. Emma bu diýmegi biz olary günbatar mesihileri ýaly etmelidigimizi aňlatmaýar. Her medeniýetiň gowy we erbet taraplary bar. Biziň haýsy ülkede ýaşaýandygymyza garamazdan, biz Hudaýyň Sözüne medeniýetimiziň ýalňyş taraplaryny görkezmegine rugsat bermelidiris. Meselem, haýsy ülkeleriň geýinişleri Mukaddes kitabyňkyna ýakyn: gündogarmy ýa-da günbatar? Haýsy gowy : elde naharlanmakmy ýa pyçak we gaşyk ulanmakmy? Nähili doga etmeli: elleriň iç ýüzüni birikdiripmi, ýa-da ýokary galdyrypmy? Haýsy wajyp : adamyň indiwiduallygymy ýa kollektiwizm? Biz diňe maşgala agzalarymyz barada alada etmelimi ýa-da uzak garyndaşlamyzyň hem aladasyny etmelimi ? Şunuň ýaly soraglaryň köpüsine Mukaddes Ýazgylar jogaby bermeýär, medeniýete galdyrýar. Medeniýetiň käbir aspektlerinde bolsa, müsülman ülkelerinde ýaşaýan imanlylardan biz köp zatlary öwrenmegimiz gerek.

Adamyň günäli tebigatyny şöhlelendirýän medeniýet aýratynlyklaryny bolsa Mukaddes kitap ýazgarýar. Mesihilik taglymaty öz içine: hakykaty abraýdan ýokary goýmagy, hemmeleri bagyşlamagy, garşyňdaky adama dogry niýet bilen bakmagy, ähli soraglarda Hudaýy hemme zatdan üstün goýmagy we ş.m. alýar. Şular we beýleki soraglara bolan garaýyş adamyň maşgalasynda we onuň medeniýetinde gurulýar. Siziň dostlaryňyz üçin haýsy soraglar wajyp, nädip bilmeli? Munuň üçin olar bilen wagt geçirmeli, olary diňlemeli we olar üçin dileg etmeli. Olara maşgala barada soraglar beriň, olary nähili terbiýeländikleri barada öwreniň. Unutmaň: her adam meňzeş däldir. Şonuň üçin olary tanamak üçin köpräk soraglar beriň.

Müsülman ülkeleriniň köpüsiniň medeniýeti meňzeşdir. Emma olaryň arasynda tapawut bar. Pakistanlar, eýranlar, araplar – dürli halklardyr. Bir halkyň içinde hem dürli tireler we sosial-ekonomik synplar bolýar. Şonuň üçin dostlaryňyzdan haýsy medeniýetde ulalandyklaryny we şol medeniýetiň gowy görýän we halamaýan taraplaryny aýtmaklaryny soraň. Köplenç, adamlar, Mesihe iman edip, öz medeniýetinden ýüz öwürýärler. Emma imanlylaryň psihologik ýagdaýy üçin, Mukaddes kitabyna garşy bolmadyk medeniýetiň käbir aýratynlyklaryny mesihilik taglymaty bilen baglanyşdyrmaklyk gowudyr.

Şeýle hem, yslamdan gelenler - Mesihe iman edenlerinde, nähili kynçylyklar bilen garşylaşýandygyny soraň. Olar, köplenç, şular bilen garşylaşýar:

- Olar öz öýüni, maşgalasyny, medeniýetini terk edýärler. Bu olary bütinleý *ýalňyz* galandyklary baradaky duýga getirýär we özleriniň *kimdiklerini* ýok eden ýaly duýýarlar.
- Garyndaşlary tarapyndan *güýçli yzarlanmalara* sezewar bolmak. Bu olardan hemmeleriň *ýüz öwürendikleri* barada duýgylara getirýär.
- Jemagatyň olara baglaýan *utanç* duýgusy.
- Yslamdaky *aýdyň düzgünleriň,* näme etmeli we näme etmeli däldigi baradaky düzgünnamanyň Mesihilikde yoklugy.
- Köp Mesihileriň arasynda, olaryň öwrenişen *umumylygyň* ýoklugy.

Günbatar ýurtlarynda ýaşaýan yslamdan gelen mesihiler, belki, munuň ýaly agyr soraglar bilen ýüzleşmeýärler, emma olarda şol ülkedäki ýagdaýy bilen bagly başga kynçylyklar ýüze çykýar. Meselem, müsülman emigrantlar Mesihe iman edenlerinde, olar iki tarapdan düşünjelerini üýtgetmeli bolýar: bir tarapdan täze ýurtda ýaşamaga we beýleki tarapdan täze imanda ýaşamaga alyşmaly bolýarlar. Şu sebäplere görä, " Meniň yzyma düş" kursy Resul Petrusyň birinji hatynda esaslanýar, çünki bu kitap mesihiniň kimdigine, ýagny, esasyna uly üns berýär. Bu hatda biz " Hudaýyň saýlanan halky", Onuň üçin gymmatly we Mesihde biri-birimiz bilen baglanan halkdygymyz barada aýdylýar.

Adamlaryň durmuşyna düşünmek – bu kursyň üstünligidir. Bu Size mugallym hökmünde – yslamdan gelip Mesihiň yzyna eýerenleriň nähili kynçylyklar bilen ýüzleşýändigini bilmegiňize, olaryň şatlygyna we gynanjyna düşünmegiňize kömek eder. Şeýle hem, bu size okadýan okuwçylaryňyzyň durmuşy we kursyň materiýalynyň arasyndaky baglylygy görmäge kömek eder. Bilelikde naharlanmak, sapakdan öň ýa-da soň bile çaý içmek siz we okuwçylaryň arasynda dostlukly aragatnaşyklar gurmaga kömek eder, we olar size özleri barada aýdyp bermäge utanmazlar.

We iň wajyp bolany – bu olar barada alada etmek. Söýgi adama uly täsir edýär. Söýgi – medeniýet bilen bagly köp kemçilikleriň üstüni örtýär! Söýgi diýmek – bu dostuňa kömek gerek wagty hemişe oňa kömek etmäge taýýar bolmagy aňladýar. Bu diýmek – ol öz öýüni küýsän wagty, oňa myhmansöýerlik görkezmek, onuň bilen diňe sapaklarda duşuşman, telefonda hem onuň bilen habarlaşmakdyr. Bir yslamdan gelen imanly adam şeýle diýdi : " *men Mesihiň yzyna eýermek üçin maşgalamy taşladym. Munuň ýerine men näme aldym? Diňe sapaklar!"*

Wagtyň geçmegi bilen, yslamdan gelen imanlylara kömek etmek we olary okatmak üçin Okuw kitaplar köpeler diýip umyt edýäris. Bu kitaplary başga günbatar ýurtlarynda ulanyp bileris. Bu barada has giň öwrenmek üçin bu adrese ýüz tutuň: comefollowmecourse@gmail.com .

## Siziň üçin peýdaly bolup biljek beýleki kurslar:

**"Friendship First" ( ÄHLI ZAT DOSTLUKDAN BAŞLANÝAR) –** alty sapakdan ybarat DVD diskde berilen kurs. Bu kursyň içinde müsülmanlar bilen nähili dostlaşyp, olara Mesih barada şaýatlyk etmäge kömek edýän pikir alyşmak üçin soraglary bar. Bu kurs yslam bilen nätanyş adama başlangyç bilimleri berýär we müsülmanlary düşünip olara jogap berip bilmegi öwreder. " Meniň yzyma düş" kursuny alyp barýanlar üçin hem bu kurs peýdaly bolar. friendshipfirst.org seret.

**Joining the family** ("Maşgala agzasy bolmak") – alty sapakdan ybarat DVD diskde berilen kurs. Mesihilere yslamdan gelen imanlylara goldaw bermek we olardan öwrenmäge kömek etjek pikir alyşma soraglary öz içine alýan kurs. Yslamdan gelen imanlylar we tejribeli mugallymlar bilen geçirilen 25 interwýudan ybarat bolan kurs. Kurs - wideointerwýuleri görmek we kiçi toparlarda mugallymyň ýolbaşçylygynda pikir alyşmak bilen öwrenilýär. Her sapak indiki hepdä çenli ýerine ýetirilmeli praktiki ýumuş bilen tamamlanýar. joiningthefamily.org seret.

# Müsülman medeniýetiniň terminleri we aýratynlyklary

### Müsülman terminleriniň çäkli ulanmalary

Okuwçylar täze düşünjeleri endik etmekleri üçin, olary okuwçylaryň alyşan taglymatlary bilen baglanyşdyrmak peýdaly bolýar. Bu olara öňki we täze düşünjeleri deňeşdirmäge mümkinçilik berer, şeýle hem okuwçylar Hoş Habary müsülman dostlaryna nätanyş we geň bir taglymat däl-de, esasy düşünikli bolar ýaly edip ýetirip bilerler.

Şonuň üçin bu kursda çäkli möçberde müsülman terminleri ulanylýar. Olar öz gezeginde müsülmanlara tanyş bolan pikirleri okuwçylar üçin täze bolan Mesihilik taglymatyny düşünmäge eltýän köpri bolup hyzmat edýär. Meselem, biz Mesihiň *şeriýaty* (kanuny) barada geplesek, bu okuwçylara yslam *şeriýaty* bilen deňeşdirme geçirmäge kömek eder. Isa Mesihe Hudaý hökmünde tabyn bolmak - öňki *şeriýatdan* tapawutlanýandygyny görkezer.

### Terminler sözlügi

Bu kursda aşakdaky arap terminleri esasy manysynda ulanylýar. Olaryň has aýdyň we has takyk ýazylyşyny we manysyny ýörite kitaplarda tapyp bilersiňiz. Mesihilik nukdaýnazaryndan yslama bolan garaýyş Stiw Beliň "Ilki bilen dostluk" kitabynda we Kolin Çapmeniň "Haç we ýarymaý" kitabynda gowy görkezilen.

| | |
|---|---|
| Dua (5 sapak) | şahsy doga |
| Haj (20 sapak) | zyýarat |
| Halal (15 sapak) | dini taýdan tämiz |
| Injil (1 sapak) | Hoş Habar, Hoş Habarlar |
| Jyn (18 sapak) | ruh(lar) |
| Kapyr (2sapak) | müsülman däl |
| Kelime (1 sapak) | söz |
| Murtad (2sapak) | dininden dänen |
| Jennet (1,9,20 sapakler) | gökler (yslamdaky düşünje) |
| Kybla(20 sapak) | Mekgäniň geografik ýerleşen ugry |
| Namaz (5 sapak) | günde bäş gezek edilýän ritual doga |
| Oraza (17 sapak) | yslamda ramazan aýynda agyz bekleme süresi |
| Şaada (13,20 sapaklar) | yslam şaýatlygy: “alladan başga hudaý ýokdur, Muhammet onuň pygamberidir” |
| Şeriýat (17 sapak) | dini kanun we ýaşaýyş usuly |
| Şyrk (3 sapak) | butparazlyk, kimdir birini Hudaýa deňeşdirmek |
| Sunna (17 sapak) | durmuşda görelde almak üçin biri (müsülmanlar üçin bu Muhammediň dumuşy) |
| Töwrat (4 sapak) | Musanyň 5 kitaby |
| Umma (7, 14 sapaklar) | müsülmanlaryň bütindünýä jemagatyny aňladýan arap termini |
| Zebur (6 sapak) | Mezmurlar kitaby |
| Zekat (17 sapak) | hökman berilýän sadaka puly |

20-nji sapakda aýdylýan “5 sütün” – bu yslamda ýerine ýetirilýän 5 praktiki esaslar: şaat, namaz, oraza, zekat, haj.

### Müsülman medeniýetiniň aýratynlyklary

Bu kursyň sapaklarynyň uly bölegi müsülman medeniýetiniň belli nukdaýnazaryndan düzülen. Olara degişli açyklamalary her sapakda “mugallym üçin gollanma”da tapyp bilersiňiz. Emma unutmaň, yslamdan gelen okuwçylaryňyzyň ählisi deňderejede olaryň

täsiri astynda däldir, şonuň üçin sapagyň materiýallaryny okuwçylaryňyza göra uýgunlaşdyryň.

# Köp soralýan soraglar

**Kurs haýsy dillere terjime edilen?**

Bu kursy iňlisçe, germança, arapça, dari, parsça, bengali we rusça dillerde tapyp bilersiňiz. Häzirki wagtda bu kurs urdu, paşdu, amhar dillerine terjime edilýär. Bu dillerde kursy we ähli täzelikleri come-follow-me.org sahypasynda görüp bilersiňiz.

**Bu kursy dürli ýurtlarda nähili tapyp bolýar?**

come-follow-me.org sahypasyndan, neşirýatçydan, ýüzlenmäňiz boýunça çap edilip, islendik döwlete iberiler. Käbir neşirýatçylar kursy ýerinde çap etdiler. Ähli täzelikleri internet sahypada görüp bilersiňiz.

**Bu Okuw kitabyny internetde tapyp ulanyp bolarmy?**

Okuw kitaby kompýuter ekranyndan okamaga niýetlenen däl. Bu çalyşma depderi, okuwçy muny jogaplap sapaga getirýär, we mugallym bilen bilelikde öwrenenlerini tejribede nähili ulanmalydygy barada pikir alyşýar. Materialyň bu şekilde öwrenilmegi ony diňe okandan has gowy. Şonuň üçin bizde bu Okuw kitabyny onlaýn ýerleşdirme niýetimiz ýok. Belki, geljekde planşetde ulanmak üçin ýörite wersiýasyny taýýarlamak barada oýlanarys. “Mugallym üçin gollanma”ny biziň internet sahypamyzda tapyp we ýükläp bilersiňiz.

**Dilden öwrenmek isleýänler üçin bu kurs dogry gelermi?**

Belli bir manyda, bu kursda, eýýäm, dilden jogap berme bölümi bar, sebäbi onuň esasynda pikir alyşmak bölümi bar. Mundan başga-da, okamagy bilmeýän okuwçylar Mukaddes Kitabyň aýatlaryny ýat tutup bilerler, praktiki ýumuşlary ýerine ýetirip bilerler, Okuw kitabyndaky suratlary alyp pikir alyşyp bilerler.

Emma , materiýaly öýde öwrenmek üçin okuwçy hem okap, hem ýazyp bilmeli. Eger toparda haýsydyr bir okuwçy okamagy bilmese ýa-da erbet okasa aşakdaky maslahatlara eýeriň:

- Şeýle talyplaryň her biri üçin bir kömekçi tapyň. Okap bilmeýän okuwçy sapagyň esasy nukdaýnazaryna düşünmegi üçin, olar öňünden sapak bilen tanyşmaly. Toparly sapakda olar bile oturmaly, kömekçi – özüniň gözegçiligi astyndaky dostuna gerekli soragy tapmaga kömek etmeli. Ol okuwçynyň kömekçisi – onuň ýakyny ýa-da başga biri bolup biler.
- Unutmaň, okamagy bilmeýän okuwçylar hem, edil beýleki okuwçylar ýaly durmuşda baý tejribä eýe. Olaryň pikirleri hem beýlekileriňki ýaly wajyp hem

gymmatly. Beýleki okuwçylar hem olardan peýdaly zatlar öwreneri ýaly Olaryň sapaga aktiw gatnaşmaklaryna gözegçilik ediň.

**Kursda yslama göni ýüzlenme barmy?**
“Okuw kitaby”nda yslama göni ýüzlenme ýok. Bu howpsyzlyk düşünjesi bilen edildi, sebäbi bu kurs ýapyk müsülman döwletlerinde ýaşaýan imanlylar üçin ýazylan. Ol döwletlerde yslama garşy ýazylyp çap edilen materiýal eýesi yzarlanmalara sezewar bolýar. Mundan başga-da, kursuň esasy ISA MESIH we ONUŇ TAGLYMATY, yslam däl. Emma, bu kursa yslamdan gelen imanlylar üçin wajyp bolan temalar girizilen. Okuwçylar üçin täze bolan mesihi terminleri düşünmekleri üçin bu ýerde müsülman terminleri çäkli möçberde ulanylýar.
“Mugallym üçin gollanma”da yslama gönükdirilen salgylanmalar bar. Bu yslam bilen nätanyş mugallymlara temany düşünmekleri üçin berilýär. Mundan başga-da, bu siziň janyňyzy howp astyna atar diýip düşünmeýäris. Eger gerek bolsa, biz yslam agzalmaýan görnüşini çap etmek mümkinçiligi barada pikirlenip bileris. Eger beýle gollanmany gerek diýseňiz, bu barada maňa habar beriň.

## Bize ýazmak

Bize kurs barada öz pikirlerini ýollanlara minnetdarys. Bize aýdylan islegleri göz öňünde tutup, degişli bolan özgertmeleri ikinji çapa girizdik. Bu gollanmany kämilleşdirmek üçin sizden indiki islegleriňize we teklipleriňize garaşýarys. Aşakdaky islendik soraglary jogaplap, bize elektron hat şeklinde iweriň.

-pikir alyşmak üçin soraglaryň haýsysyny gowyrak etse bolar we nähili?

-medeniýete degişli açyklamalaryň haýsysyny gowylaşdyryp ýa-da dolduryp bolar?

-bu Okuw kitabyna girizilmeli başga bir temalar ýa-da görkezmeler barmy?

-sapaklara nähili wideoklipleri ýa-da öwrediji ýumuşlary hödürläp bilersiňiz?

-müsülman medeniýetinden nähili mysallary ýa-da yslamdan gelen imanlylaryň nähili durmuş wakalaryny munuň ýaly kurslar üçin hödürläp bilersiňiz?

**Öz pikirleriňizi biziň elektron adresimize ibermegiňizi ündeýäris: comefollowmecourse@gmail.com . kömegiňiz üçin sag boluň!**

**Tim Grin**

**comefollowmecourse@gmail.com**

**www.come-follow-me.org**

## Medeniýete degişli açyklamalar

*Her sapaga taýýarlananyňyzda, ondaky medeniýete degişli açyklamalary okaň. Bu açyklamalar yslam medeniýetini gowy bilmeýänler üçin ýazylýar, we sapagyň medeni kontekstini düşünmekde wajyp rol oýnaýar.*

### 1-nji sapak

### Yslamdan gelen imanlylar bilen sapagy nähili başlamaly?

Bu sapak müsülman bilen mesihiniň arasyndaky söhbet bilen başlaýar. Bu müsülmanyň pikirlenişi adaty, emma hemme müsülmanlar bir däl.

“Meniň yzyma düş” kursy Mesihiň okuwçylary üçindir, emma “1-nji sapak”da nädip Onuň okuwçysy bolup biljekdigimiz barada ýazylan, sebäbi:

- Okuwçylaryň ruhy prinsipler düşünjesiniň näderejededigini size, mugallyma, öwrenmegiňize kömek eder.

- Şeýle hem bu ýagdaý Mesihi kabul etmek üçin toba dogasyny heniz etmedik okuwça bu dogany ýerine ýetirmäge itergi berer.
- Şol bir sanda okuwçylara yslam dininden närazy müsülmana nädip Mesihiň okuwçysy bolmagy sada ýol bilen düşündirmegi öwreder

Mesihiň jemagatyna goşulmak – iň soňky ädimden başga, bu sapakda standart bolan ädimler berilen. Günbatar ýurtlardaky imanlylar, köplenç, Hoş Habar aýdýarka bu wajyp ädimi äsgermeýärler. Yslamdan gelen imanlylara ruhy aragatnaşyksyz ýaşamak gaty kyn bolýar. Olar üçin Mesihiň jemagaty - ýygnak, ýa-da edil özleri ýaly yslamdan gelen imanlylar, ýa-da beýleki mesihiler bilen gizli duşuşyklar - bolup biler. Onuň ýaly mesihilere ruhy gatnaşyklaryň ähli görnüşleri zerurdyr. Bu barada biz “7-nji sapakda” has giň gürrüň ederis.

### Täze iman edenler we Mesihiň yzyna eýermegiň muzdy

Häzirki ýagdaýa görä yslamdan gelen imanlylara Mesihiň yzyna eýermek gaty gymmata düşjekdigini ýatlap geçsek dogry bolar. Emma köp sanly yslamdan gelen imanlylar - bu agzalanan ýagdaýa gaty uly üns berilse, bu köp adamy Mesihden ürküzjekdigini aýdýarlar. 13-nji bolümde Mesihiň yzyna eýermegiň muzdynyň ulydygy barada gürrüň edilse hem, 14-nji bolümde Mesih üçin şunuň ýaly töleg tölemesine degjekdigi aýdylýar. Bu hakykatlary okuwçylara olaryň ýagdaýyna görä dogry şekilde düşündirip we deňagramlylygy saklap bilmek üçin Hudaýdan akyldarlyk soraň.

## 2-nji sapak

## Jyhad

Günbatar ýurtlarynda ýaşaýan adamlar “jyhad” sözüni eşidenlerinde, olar habarlarda görýän yslam ekstremistleri göz öňüne gelýär. Emma arap sözi “ jyhad” – “söweş” diýmegi aňladýar, şol bir hatarda “kiçi jyhad” hem “ýaragly söweş” şol manyny berýär. ”Beýik jyhad” bolsa bu Alla tarapyndan berilen kanunlara görä ýaşamak üçin müsülmanyň öz-özi bilen söweşip ýaşamagyny aňladýar. Bu mesihileriň alyp barýan ruhy söweşine meňzeýär. Belki, müsülmanlara tanyş bolan söz bu düşünjäni gowy aňlamaga kömek eder. Emma ýene hem siz, okuwçylaryňyzyň aýratynlyklaryny nazara, alyp dykgatly bolmagyňyz gerek. Eger “jyhad” sözi olarda dini ekstremizm bilen bagly bolsa, onda siz bu sözi mesihileriň ruhy söweşi bilen baglamaň.

### Doga edende adamyň bedeniniň ýagdaýy

20-nji bölümdäki suratda doga etmek üçin ýokary galdyrylan eller şekillendirilen. Näme üçin mesihiler doga edende elleriniň aýasyny birikdirip, başyny egip, gözlerini ýumýarlar – siz bu barada hiç oýlandyňyzmy? Bärde bir ýaman zat ýok, emma Mukaddes Ýazgylaryň hiç bir ýerinde bu şekilde doga etmeli diýilip ýazylmaýar.

Aslynda, Mukaddes kitapda doga edende bedeniň ýagdaýynyň dürli görnüşleri barada aýdylýar. Müsülmanlar, köplenç elleriniň aýasyny ýokary galdyryp dileg edýärler we bu şekil okuwçylara tanyşdyr. Bu siz üçin- biziň Hudaýyň öňüne boş ellerimiz bilen gelip, Ondan rehim isleýändigimizi okuwçylara düşündirmegi aňsatlaşdyrar. Okuwçylardan olaryň öň nädip doga edendiklerini soraň we indi Mesihiň okuwçylary bolansoň olar şeýle dowam etjeklermikä?

## 3-nji sapak

### Hudaýa Ata diýmek bolarmy?

Müsülmanlar Allany ähli ýaratykdan beýik hasaplaýarlar, şonuň üçin hiç kim oňa kybapdaş bolup bilmejegine ynanýarlar. Arapça “şirk” sözi ýaradylany Hudaýa deňeşdirmegi aňladýar. Müsülmanlar üçin atalyk- bu jynsy gatnaşygyň netijesinde emele gelýän ynsanlyk düşünjesidir. Şonuň üçin Hudaýa “ata” diýmek bu şirk. Mesihiler bolsa Hudaýa “ata” diýmek bilen Ony özüne ýakyndygyny beýan edýärler, şeýle hem Hudaýyň Mesihde adamlar bilen gurmak isleýän ýakynlygyny görkezýärler. Emma bu Hudaýyň edil biz ýaly adamdygyny aňlatmaýar. Bu barada “3-nji sapak”da has giňişleýin ýazylýar.

### Hudaý bilen ýakyn aragatnaşyklar

Müsülmanlar üçin Alla uzak we elýeterli ýerde däldir. Olaryň sözlerine görä “Alla adamyň bedenindäki damarlardan hem ýakyn”dyr. Emma bu ikitaraplaýyn ýakynlygy aňlatmaýar. Köp müsülmanlar üçin Hudaý bilen ýakyn aragatnaşykda bolmak bu – adatdan daşary ýagdaý bolsa hem , yslamyň suffiý ugry muňa tarap ymtylýar. Mesihileriň Hudaý baradaky düşünjesi yslamdaky düşünjeden gaty tapawutlanýar. Biz, Hudaýyň bizi tapandygyny we halas edendigini bilýäris. OL biziň Oňa “Ata “ diýip ýüzlenmegimizi isleýär .

## 4-nji sapak

### Hudaýyň üçbirliginiň baş ýörelgesi

Müsülmanlar, Isa Mesihiň Hudaýlyk tebigatyna, Ata – Hudaý we Mukaddes Ruh bilen baglylygyna düşünmän, Oňa iman edip bilerler. Emma soňra olar Hudaýyň üçbirlik tebigatyny öwrenmek islärler. Şonuň üçin “4-nji sapak”da bu tema üstden geçilýär, sebäbi bu kurs giriş kursydyr. Hudaýa soňuna çenli düşünip bilmesek hem, bu ýerde esasy ünsi Ata –Hudaýyň, Ogul – Hudaýyň, we Mukaddes Ruh – Hudaýyň hereketlerini öz durmuşymyzda nähili duýýandygymyza berilýär.

Käbir müsülmanlar imanly bolansoň, Isanyň yzyna eýermegi bes etmekleriniň sebäbi- Hudaýyň Üçbirligi barada kanagatlanarly açyklamalar alyp bilmedikleridir, şonuň üçin bu wajyp temadyr. Mundan başga hem, okuwçylar Hudaýyň üçbirligini ret edýän müsülmanlara muny sada we dogry tärde düşündirip bilmekleri möhümdir. Emma bu baş ýörelgäni akyl derejesinde düşündirip bolmaýar, käte günäni aklamak üçin edilişi ýaly.

Siz, mugallym hökmünde, okuwçylaryňyz bilen häzirki wagtda bu temany nädereje çuňňur öwrenmelidigiňizi çözmegiňiz gerek.

Mukaddes Ruh bize Hudaýyň hakykatdygyny düşündirýär, Gökdäki Atamyza ýol açýar we ädim-ädim Isa Mesihe meňzemegimize kömek edýär. Bu sapak diňe Mukaddes Ruhuň güýji bilen biz Hudaýyň isleýişi ýaly ýaşap biljekdigimizi aýratyn belleýär. Yslamda bolsa adamyň öz tagallasy bilen dogry ýaşajakdygy nygtalýar. Bu nukdaýnazar yslamdan gelen imanlylar üçin gaty wajypdyr. Bu sapak bize her gün Hudaýdan bizi Öz Ruhy bilen doldurmagyny we biziň durmuşymyzda baştutanlyk etmegini soramagymyzy ündeýär. Bu sapakda biz ellinji gün mesihileriniň doktrinasynyň çekeleşikli soraglaryna degmän geçjek bolduk.

## Gurbanlyk we äht

Gurhan we hadyslar gurbanlygyň günäni ýuwýandygyny öwretmese hem, resmi däl yslamda gurbanlyk belli bir derejede günäni adamdan uzaklaşdyrýandygyna ynanylýar. Bu taglymat müsülmanlaryň Gurban baýramynda görkezilýär. Müsülmanlar Ybraýymyň öz ogluny gurbanlyk getimäge taýýar bolanyny ýatlaýarlar (Gçk.22 deňeşdir). Käbir müsülmanlaryň gurbanlygyň günäden uzaklaşdyrýandygyna ynanýandyklaryna garamazdan, olar muny Hudaýyň gurbanlyk getirýän adamy bilen baglaýan ähti hasaplamaýarlar.

Müsürden çykyş kitabynyň 24 babynda bolsa, biz, gurbanlyk guzysynyň diňe bir günäden saplaman, eýsem, Hudaýyň halkynyň Hudaý bilen aýratyn baglydygyny görkezýän äht we nyşandygyny görüp bileris. Täze äht kitaplarynda biz Isa Mesihiň Täze Ähti Öz Gany bilen baglandygyny okaýarys. Okuwçylaryňyzyň Isa Mesihiň Gany olary öňki günälerinden ýuwýandygyna düşünmekleri zerurdyr, emma bu indi olar isläniçe günä edip ýaşap biljekdigini aňlatmaýar. Sebäbi biz Onuň bilen äht baglaşdyk ahyryn! Bu tema “15-nji sapag”yň 17-22 bölümlerinde has açyk öwredilýär.

## Sufizm nukdaýnazaryndan okuwçylyk

Sufizm tejribesi köp müsülman döwletlerinde giňden ýaýrandyr (hemmesinde däl). Sufizme eýerýänler özlerine ruhy ýolbaşçy tapýarlar, arapça “murşid”. Bu adam öz “okuwçylarynyň” üstünden hökümdarlyk edýär, olar bolsa ähli zatda oňa tabyn boljakdyklary barada ant içýärler.

Eger siziň okuwçylaryňyz sufizm bilen tanyş bolsalar, onda bu deňeşdirme olara Mesihiň yzyna eýermek baradaky alan kararynyň nädereje çynlygyna düşünmäge kömek eder.

## Müsülmanlar, Mukaddes Ruh we Jebraýyl perişde

8-nji bölümde jogaplaryň arasynda Jebraýyl perişde ýatlanyp geçilýär, sebäbi köp müsülmanlar Mukaddes Ruhy Jebraýyl perişdäniň ady diýip hasaplaýarlar.

## 5-nji sapak

### Doga

3-nji sapakda biz mesihileriň Hudaýa “Ata” diýip, Ony şahsy we ýakyndan tanamak düşünjesiniň müsülmanlar üçin kesekidigini öwrendik. Bu şeýle hem doga etmekde görünýär. Mesihiler dogany Hudaý bilen çuňňur we şahsy aragatnaşykda bolmak diýip kabul edýärler, müsülmanlar bolsa  dogany mejbury dini dessur hasaplaýarlar we Allany günde 5 gezek ýatlap, onuň öňünde ýagşy görünmek isleýärler. Müsülmanlarda dilegler hem bar, we olaryň käbirleri mistiki meditasiýa bilen hem meşgullanýarlar. Emma Mesihe iman edenler uly şatlyk bilen Hudaý bilen täze gatnaşyklary gurýarlar. Siz okuwçylara olaryň Mesihden öňki we Mesihdäki doga durmuşy barada aýdyp bermeklerini haýyş edip bilersiňiz.

- **Sufizmde meditasiýa tejribesi**

Sufizm mistisizminiň tarapdarlary yslamyň käbir däplerine uly täsir ýetirdiler. Sufizm poeziýasy – adamyň söýgüsini göçme manyda aýdanda: ynsanyň jany Hudaýa tarap ymtylýandygyny görkezýär , öz söýgülisini agtarýan aşyk bolsa – bu Hudaýy agtarýan adamdyr (mesihilikde bolsa hemme zat tersine). Sufizmdäki meditasiýa (“dhikr” ýa-da “zikr”) ritmli aýdym aýtmaga meňzeýär, we onuň maksady özüňi trans ýagdaýyna getirmek we Hudaýyň barlygyny duýmakdyr.

### Müsülmanlar, doga we täret

Müsülmanlar hemişe namaz etmezden öň täret edýärler. Bu däp dogadan öň tämizlenme ýoly hasap edilýär. Belki siziň okuwçylaryňyza toba etmegi – ruhy “täret” diýip düşündirmek aňsat bolar, emma, elbetde, bizi Hudaý tämizleýär, toba etme hereketimiz däl. Bu deňeşdirme okuwçylara uzak bolsa, onda ony ulanmaň.

### Doga mätäçlikler listini düzmek

Sapakda hödürlenen doga mätäçlikler listi anna gününden başlaýar, sebäbi käbir müsülman ülkelerinde bu dynç alma güni. Beýleki ülkelerde dynç alyş güni ýekşenbedir. Okuwçylar listlerine öz ýakyn müsülman garyndaşlarynyň atlaryny ýazmasalar gowudyr, sebäbi olar bile ýaşaýan bolsalar bu listi görüp bilerler. Siz okuwçylaryňyza telefonlaryna gollanma ýüklemelerini teklip edip bilersiňiz, şeýdip olara doga mätäçlikleri ýazmak we ony her gün gözden geçirmek aňsat bolar.

## 6-njy sapak

### Müsülmanlar we Mukaddes Ýazgylaryň Hudaýyň ylhamy bilen ýazylyşy

Müsülmanlar Mukaddes Ýazgylary mesihiler ýaly kabul etmeýärler. Olar üçin Gurhan – bu göklerde ýazylan Allanyň sözi bolup, Jebraýyl perişdäniň üsti bilen Muhammede açylan. Muhammet Jebraýyl perişdäniň özüne aýdanlaryny arap dilinde ýazyp aldy. Mesihilerde bolsa Hudaý Öz Mukaddes Ýazgylaryny ýazdyrmak üçin saýlap alan adamlarynyň içine Öz ylhamyny üfläp berenine ynanylýar. Hudaý adamlaryň ýazma ukybyny Öz maksatlary üçin ulandy we hemme zadyň ýalňyşsyz ýazylmagyna gözegçilik etdi. Müsülmanlar Gurhanyň diňe arapça ýazylanyny Allanyň sözi diýip kabul edýärler, beýleki dillere edilen terjimeleri bolsa Allanyň sözi däl. Mesihiler bolsa Mukaddes kitabyny ähli dillerde hem Hudaýyň Sözidigini kabul edýärler.

Köp müsülmanlar Mukaddes kitabyň üýtgedilendigine ynanýarlar. Belki siziň okuwçylaryňyz Mukaddes kitabyň hakykatdygyna ynanýandyrlar, emma olara muny öz müsülman dostlaryna düşündirip bilmekleri üçin kömek gerek. Mundan başga-da, dürli terjimelerde şol bir manynyň dürli sözler bilen beýan edilmegi we Hudaýyň Sözünde adamlaryň durmuşy barada köp ýazylandygy olary alada goýýar.

### Taryhy wakalaryň yzygiderligi we Hudaýyň Özi barada beýan etmegi

Mukaddes kitabynyň "Gelip çykyş" kitabyndan "Aýanlyk" kitabyna çenli, dünýäniň ýaradylyşyndan täze ýer we täze gökleriň ýaradylyşyna çenli yzygiderli taryhy wakalary öz içine alýar. Bu taryhy wakalaryň merkezinde – Hudaýyň adam keşbinde ýere gelmegidir. Gurhanda Allanyň häsiýetleri barada aýdylýar we onuň talaplaryna görä ýaşamak barada buýruklar berilýär; şeýle hem onda gysga hekaýalar bar, emma olar yzygiderli däl we bir tema bilen birleşen däl. Yslamda Alla adamlara kitap iwerip açylýar, mesihilikde bolsa Hudaý adamlara açylmak üçin Özi ýere geldi, we hut şu waka Mukaddes kitabyň merkezidir.

## 7-nji sapak

### Iki esasy daş

Millionlarça müsülmanlar Mekgedäki gara daş bar bolan Käbä, özleriniň sejde edýän merkezi ýerine zyýarata gidýärler. Biziň üçin bolsa Isa Mesih – biziň "ruhy öýümiziň" esasy burç daşy, biziň sejde edýän has gymmatly daşymyzdyr.

### Adamyň durmuşda öz ornuny tapma meselesiniň çözgüdi

Pakistanly erkek bilen Britaniýaly aýalyň maşgalasynda dogulan gyz özüniň britaniýalymy ýa-da müsülmandygyny çözüp bilmän gezdi. Emma ol Mesihe iman edip, täze ýaradylyş bolandygyny aýdýar, we bu onuň üçin "tolgundyryjy" bolandygyny paýlaşýar. Ol muny biziň häzir öwrenen 1Pet.2:9-10 aýatlary okap has gowy düşünen.

### Umma

Müsülmanlar özleriniň bütindünýä jemagatyna “umma” degişlidiklerini çuňňur duýýarlar. Olar üçin kämil umma – bu Allanyň şeriýatyna görä ýaşaýan jemagat we jemgaty dolandyrýan yslam baştutanlary “halyflar”. Bu bütindünýä jemagatyny her ýyl bolup geçýän Mekgedäki zyýaratda görüp bolar. Müsülmanlar dünýäniň ähli künjeginden bir hili geýinip şol ýerde toplanýarlar. Şeýle-de bolsa, müsülman ummasynda milletparazlyk we bölünişikler bar, bu bolsa onuň kämillikden gaty uzakdadygyny aňladýar.

Mesihiler hemişe kämillige deň gelmeseler-de, bu, haýsydyr bir derejede Ýygnagyň kämil bir jemagaty göz öňüne getimesidir. Mukaddes kitabyň arap diline edilen käbir terjimelerinde “Hudaýyň halky” – “umma” diýip terjime edilen. Meselem: 1Pet. 2:9 da “Hudaýyň halky” üçin “umma” ulanylýar. Müsülmanlaryň we mesihileriň “umma” baradaky düşünjeleriniň tapawudy we meňzeşligi barada okuwçylar bilen pikir alyşmak gowy bolar.

## Töwekgellik etjek ähli faktorlary göz öňüne almak

Käbir müsülman ülkelerinde mesihiler bir ýere toplanmak bilen özlerine töwekgellik edýärler. Käte, mesihiler toparyna özüni imanly edip tanyşdyrýan informatorlar girýärler. Olar imanlylar bilen tanyşyp, olaryň telefonlaryny, adreslerini öwrenip, olaryň suratlaryny alyp polisiýa şugulçylyk edýärler. Bu bolsa imanlylara gaty uly zyýan getirýär. Beýle ýagdaýda mesihiler nätanyş adamlar bilen seresap bolmalydyrlar, we olara özleri barada aýdyp bermäge howlukmaly däldirler. Mukaddes Ruh olara kime ynanmaly, kimden bolsa uzak durmalydygyny görkezer. Olar özleriniň topardaky dostlarynyň suratlaryny we wideolaryny saklamazlar. Emma bärde başga howuply ýagdaý bolup biler.

Eger her kim Naser ýaly hiç kime ynanmasa, onda imanlylar jemagaty köpelmezdi. Şeýle hem aragatnaşyksyz galan mesihileriň imany wagtyň geçmegi bilen sönýär, we kyn ýagdaýda olara hiç kim kömek edip bilmeýär. Hem-de olaryň çagalary mesihiler jemagatyna goşulmasalar, onda olar öňki dinine dolanyp gelerler. Eger imanlylar öz çagalaryna gowy gelejek isleýän bolsalar, onda olar Mesihiň jemagatynda öz ýerini tapmalydyrlar. Elbetde, beýleki imanlylar bilen bile toplanmak howplydyr, emma toplanmazlyk has erbetdir.

Günbatar ýurtlaryndaky yslamdan gelen imanlylara ýygnaga gidýändikleri üçin fiziki tarapdan howp abanmaýar. Şonda hem olaryň belli bir ýagdaýlarda olar özleriniň imany barada hiç zat aýtmazlygy makul bilýärler, meselem, maşgalasynda abraýyny bozmazlyk üçin. Olar özleri kime we haçan aýtmalydyklaryny çözmelidirler. Mesihiler olar barada müsülmanlara aýdyp gezmeli däldirler.

# 8-nji sapak

## Öňki müsülmanlar we müsülmanlar jemagaty

Mesihiň yzyna eýerip başlan müsülmanlar özlerini öňki müsülman we häzirki mesihi jemagatlarynyň arasynda ikä bölünýän ýaly duýýarlar. Müsülman medeniýetinde maşgala we jemagat baglanyşyklary gaty güýçlidir. Şonuň üçin Mesihiň yzyna eýerenler, köplenç, iň ýakyn adamlary tarapyndan red edilýärler. Wagtyň geçmegi bilen olar nädip bu aragatnaşyklary dikeldip bilerler? Olar mesihiler jemagatynda özlerine öňküsi ýaly ýakyn maşgala tapyp biljeklermi? Bu soraglar yslamdan gelen imanlylaryň köpüsi üçin kyn we wajypdyr. "8-nji sapak" mesihileriň iki birleşige degişlidigini öwredýär: özüniň öňki töweregi we täze jemagaty. Olar elinden geldigiçe iki birleşigiň öňünde hem öz borçlaryny ýerine ýetirmelidirler ( eger adam öz neslinde birinji iman eden bolsa, bu ähli milletlere degişli; emma yslamdan gelen imanlylar üçin bu ýagdaý has ýiti we agyr bolup durýar).

## 9-njy sapak

## Yzarlanmalara sezewar bolýan imanlylara näme maslahat bermeli?

Günbatar ülkelerinde ýaşaýan mesihiler, käte, yzarlanmalar barada ýalňyş düşünjä eýe bolýarlar. Olar yzarlanmalaryň mesihileriň durmuşyna etjek täsirlerini hiç saýýarlar ýa-da olary ulaldýarlar. Yslamdan gelen mesihiler yzarlanmalara sezewar bolanlarynda, olara akyldarlyk bilen hem psihologiki taýdan, hem tejribeden maslahat berilmelidir. Tejribede olar öz maşgalasynda we ýakynlarynyň içinde galyp, yzarlanmalar gutarýança sabyr bilen garşylyklara çydasalar gowy bolar. Emma eger imanlynyň jany howp astynda bolsa, onda ol başga bir ýere göçmelidir, we mümkin bolanda öz maşgalasy bilen aragatnaşyklary dikeltmelidir. Günbatar ülkelerinde ýaşaýan müsülmanlaryň janyna, köplenç, hiç hili howp abanmaýar.

Yslamdan gelen mesihilere maşgalasynyň olardan ýüz öwürmegi nädereje agyr gelýändigini, we olar öz maşgalalaryny gaty özleýändiklerini psihologiki taýdan düşünmegimiz gerek.  Yzarlanmalary bähbide öwürmegiň açary – bu olara Hudaýyň nukdaýnazaryndan seretmekdir, we bu hem sapagyň esasy maksadydyr.

## 10-njy sapak

## Ar almak we bagyşlamak

Bu kurs -  bir wagtlar "ar alma halkasy" bir nesliň bütinleý ýok bolmagyna getiren bir ýurt üçin niýetlenip ýazylandy. Ähli müsülmanlar ar almagyň tarapdarlary bolmasalar-da, müsülman döwletleriniň köpüsiniň medeniýetinde ar almak bar. Ähli milletlerde bar bolan "günäli tebigat" we jemgyýetde uly orny eýeleýän "güýçli görünmek" we "namysy goramak" ýaly hyjuwlar ar almaklygy adaty bir ýagdaý ýaly edip görkezýär we köp müsülmanlar muňa eýerýärler. Şonuň üçin Mesihiň "duşmanlaryňy söýmek" parzy olar üçin düýbünden täze taglymatdyr, we onuň netijesinde olaryň köpüsi Mesihe iman etdiler.

Köp yslamdan gelen imanlylar özlerini yzarlan ýa-da iman sebäpli olardan ýüz öwüren adamlara garşy içinde öýke-kine saklaýarlar. Olar Mesihde ösüp bilmekleri üçin bu

zatlardan azat bolmaly, we biz olara munda kömek etmeli. Hut şu sebäpden bu sapakda bu tema aýratyn üns berilýär, we birnäçe mysallar getirilýär. Bu tema boýunça pikir alyşmak okuwçylarda täsirli duýgylary oýaryp biler, goý, bu olaryň şypa almasyna getirsin.

5-nji bölümde Isanyň ölýän mahaly öz zalymlaryny bagyşlaýyşy bilen ölmezden ozal öz duşmanlaryny näletleýän liderler deňeşdirilýär. Bu ýerde şiit-müsülmanlarynyň häli bu gün ýatlaýan imamy Huseýine yşarat edilýär (680-nji ýylda Karbala söweşinde ölen bu imamyň ölümi Mesihiň ölüminiň gapma-garşysy bolupdy). Okuwçylaryňyzyň şiit ugruna bolan gatnaşygyna görä bu wakany ýatlap ýa-da ýatlaman geçip bilersiňiz.

## 11-nji sapak

### Yslamda nika

Her halkda bolşy ýaly, yslamda hem bagtly we bagtsyz maşgalalar bar, şonuň üçin bu ýerde umumylaşdyrmak kyn. Müsülman maşgalasynyň durmuşy - daşdan seredende özüne çekiji bolup biler. Emma ýüz tarapy abadançylykly bolup görünse-de, maşgalanyň içinde adamsy tarapyndan urulma, kemsidilme we göwün agyrysy ýaly zatlary bolup biler.

Yslam mugallymlarynyň Gurhanda nika barada aýdylýan taglymat babatda pikirleri üýtgeýär. Patriarhat höküm sürýän döwletlerde bolsa aýallara Gurhanda ýazylandan hem beter garaýarlar. Bu sapakda müsülmançylykda giň ýaýran düşünjelere seredip geçeris, meselem, adamsy aýalyna el galdyryp bilýär, aňsatlyk bilen aýrylyşyp bilýär, 4 sany aýala öýlenip bilýär, başga aýala öýlenmeginiň sebäbi aýalynyň ogul dogmaýany bolup bilýär. Yslam kanunyna görä aýalyň hem hak hukugy bar, emma erkegiňki ýaly däl. Yslamda nika äht däl-de şertnama bolup durýar.

Bu sapagyň maksady : talyplaryň nika barada çagalykdan öwrenen düşünjelerine göz aýlap, olary Mukaddes kitabyňkyna görä özgertmek we Mukaddes kitap esasynda maşgala gurmagy öwrenmekdir. Sapakda yslamyň nika baradaky umumy kabul edilen düşünjeleri bilen, Mukaddes kitabyň nika baradaky taglymaty garşylaşdyrylýar. 10-njy bölümde bolsa garşylaşdyrma aýratyn üns bermek üçin Gurhandaky "seniň aýallaryň – seniň meýdanlaryň" diýen aýaty ulanylýar (sura 2:223). Mukaddes kitapda aýdylýan: bir aýal hemişelik bir erkek üçindir, äriniň aýalyna bolan wepaly söýgisi barada aýdylan prinsipler wajypdyr. 11-nji sapakda biz bu uly temany öwrenmäge başlarys we okuwçylaryňyzyň arasynda nikada bolan ýa-da indi nika etjek ýaşlar bar bolsa, bu temany has giňişleýin beýan edip bilersiňiz. Edil şonuň ýaly, çagalary terbiýelemek barada talyplar pikir alyşmak isleseler muny hem giňişleýin geçip bilersiňiz.

### Yslamda enäniň orny

Yslam dünýägaraýşyna görä – ene uly hormata eýe. Yslamda ogullar öz enelerine uly hormat we wepalylyk görkezmelidirler, we, köplenç, ogullar atalaryna däl-de, enelerine

bagly bolýarlar. Müsülman medeniýetinde aýal durmuşa çykyp, öz äriniň öýüne göçüp gelýär, emma “erkek öz ata-enesini taşlap aýaly bilen birigýär” düşünjesi erkeklere degişli bolmaýar. Şonuň üçin, erkekler aýalyna däl-de, enesine has wepaly bolýarlar we eneler muny, köplenç, gelinine garşy ulanýarlar. Bu sapakda aýdylan problemalaryň ählisine seredilýär. Emma bu umulaşdyrylyp aýdylan tema we köp konserwatiw bolmadyk jemagatda maşgala düzgüni beýle talapgär däl.

## 12-nji sapak

### Dawalaryň çözülmegi

Her milletde we her jemagatda bolşy ýaly adamlaryň arasynda dawa bolup bilýär, we bu müsülmanlara hem degişli. 7-10-njy bölümlerde şekillendirilen dawa çözmegiň ýalňyş üç ýoly müsülman jemagatynda köp duş gelýär. Muňa medeniýet aýratynlyklarynyň häsiýetleri sebäp bolýar, meselem : gan üçin ar alma dessury, duşmanyň bilen bütinleý aragatnaşyklary üzmek, we güýçlä tabyn bolmak. Şeýle hem dawaly ýagdaýy gybatlar artdyrýar. Elbetde, munuň ýaly problemalar başga ýurtlarda hem ýüze çykýar.

Yslam medeniýetiniň ar-namys baradaky düşünjesi müsülmanlara köp täsir edýär, meselem, nämäniň dogry ýa-da nämäniň ýalňyşdygy adamlaryň jemagatdaky eýeleýän orny bilen bagly bolýar. Eger bir maşgala jemagatyň öňünde masgara edilen bolsa, onda olar abraýyny dikeltmek üçin ar almagy ýerlikli we dogry hasap edýärler. Isanyň döwründe hem gündogar medeniýetinde şunuň ýaly pikirler bardy. Günbatar ülkelerinde ýaşaýan mesihiler üçin Isanyň bagyşlamak baradaky aýdan parzy, adatda,  şahsy aragatnaşyk derejesine degişli bolýar.

Isanyň bagyşlamak baradaky aýdan parzy - medeniýetinde abraý/masgaraçylyk düşünjeleri güýçli bolan adamlar üçin bütin jemagata degişli bolýar, sebäbi ar almaklyk olarda nesilden nesle geçip bilýär.

Yslamdan gelen imanlylar Mesihiň jemagatyna goşulandyklary üçin şatlanma zamany geçenden soň, dawaly ýagdaýlar bilen ýüzleşende lapykeçlige uçraýarlar. Şonuň üçin yslamdan gelen imanlylara öwüt bereniňizde, olaryň dawalara dogry garap we olary dogry çözüp bilmeklerini öwretmek wajypdyr,  şeýle hem agzalalyklary - ulaldýan hereketler bilen däl-de, aýyrýan hereketler bilen geçip bilmegi öwretmelidir. “12-nji sapak”da bu taglymaty praktikada ýerine ýetirmek üçin ýumuşlar bar.

### Hudaýda duýgylar barmy?

Yslam taglymatyna görä -  Ýaradan öz ýaratyklaryndan aýrydyr we olara meňzeş däldir. Müsülmanlar adamlaryň hereketleriniň Hudaýy ýa gynandyryp, ýa şatlandyryp biljekdigine ynanmaýarlar. Şeýle hem, Hudaý biziň gynanjymyza düşünip biljekdigine ynanmaýarlar, sebäbi, Ol biziň ýaly däl, we adam derejesine düşüp bilmez. Mesihiler üçin bolsa Hudaýyň adam keşbine girmegi – bu Onuň biziň derejämize “düşüp” biljegini we biziň gynançlarymyza düşünmäge taýýarlygyny aňladýar. Güýçli duýgylary (rehim,

şepagat, gaýgy, hasrat, şatlyk) başdan geçiren Isa Mesih – bize Hudaýyň nähilidigini görkezýär. Yslamdan gelen adam Hudaýy şu şekilde tanasa, onuň Hudaý baradaky düşünjesi üýtgeýär we ol Hudaýyň ony düşünýändigini öwrenýär (11, 12, 18 sapaklara seret)

## 13-nji sapak

### Müsülmanlar we şahada şaýatlygy

Müsülmanlar üçin ynanç şaýatlygy bu yslamyň esasy symboly bolan şahadany aýtmakdyr – "Alladan başga Hudaý ýokdur, Muhammet onuň pygamberidir". Şahada – yslam sütünleriniň biridir, we müsülmanyň kimligini görkezýän esasy nyşandyr. Bu sözleri täze dogulan çaganyň gulagyna aýdýarlar we her gün 5 gezek namaza çagyryş hökmünde ulanýarlar.

Mesihiler üçin iň birinji şaýatlyk bu – Isa Mesihiň ölümden direlmegi we Onuň hakyky Hudaýdygydyr (Rim 10:9). Bu şaýatlyk – mesihileriň kimligini görkezýän esasy nyşandyr, şonuň üçin "şahada" sözüni Hoş Habar paýlaşmak üçin ulanmak gowy bolar. eger okuwçylar yslam terminologiýasyny ulanmak islemeseler, olaryň isleglerine gulak goýuň.

Täze ähtde grekçe "şaýatlyk" sözi "jebir çekme" manysyny hem berýär. Beýle baglanyşyk arap dilinde hem bar. Şaýatlyk (şahada) edýän şaýat (şahit) jebir çekip biler (şehit). Bu göni manyda yslamdan gelen mesihilere degişli. Edil Mehdi Dibaž ýaly öz imany üçin ölýän imanlylar barada bu sapakda aýdylýar. Onuň we beýleki eýranly imanlylaryň Isa üçin ölümleriniň mysaly köp eýranly imanlylary ruhlandyrýar. "13-nji sapak"da bu baglylyk aýratyn bellenilýär.

Yslamdan gelen imanlylar öz müsülman ýakynlaryndan haýsysyna we nähili ýagdaýda öz imany barada aýdyp bermelidigini bilmeýändikleri üçin kynçylykda ýaşaýarlar. Olar Mesih barada şaýatlyk etmäge gorkup we aýtmaýandyklary üçin özlerini günäkär saýyp bilerler. Okuwçylar bu ýagdaýda görýän kynçylyklary barada gaty tolgunly paýlaşyp bilerler, olara içini dökmäge mümkinçilik beriň.

### Batyrgaýlykmy ýa-da seresaplylyk?

Mesih barada şaýatlyk etmek gorkusy yslamdan gelen imanlylaryň köpüsine ruhda ösmäge päsgel berýär. Emma batyrgaýlyk bilen derrew öz imany barada paýlaşyp başlanlary hem bar, we bu hem howply bolup biler, sebäbi, garaşylmadyk ýerde dawa çykaryp biler. Şonuň üçin bütin ömür Mesihiň gizli okuwçysy bolup galmazlyk üçin, tejribeli mugallymlar okuwçylara öz müsülman garyndaşlaryna imany barada aýtmak üçin ýuwaş- ýuwaşdan "topragy taýýarlamagy" maslahat berýärler. Mesihe iman edeniň barada haçan aýdyp bermelidigi ýagdaýa bagly: ýakynlaryňyň muňa garaýyşy, ýurtda din saýlamak erkinligi, Ýewangeliýe üçin açyk ülkemi ýa-da ýok, we ş.m. . Şeýle hem, bu iki çägiň arasynda orta çözgüt bardygyny unutmaň. Yslamdan gelen imanlylaryň köpüsi öz

ynamdar ýakynlaryna derrew Mesih barada aýdyp berýärler, emma beýlekilerden gizleýärler. Ynam ýuwaş-ýuwaşdan gurulýar. Käte, yslamdan gelen imanlylaryň müsülman garyndaşlary olaryň imany barada tötänden bilip bilerler, şonuň üçin imanlylar beýle ýagdaýa taýýar bolmalydyr, we nähili jogap bermegi bilmelidirler.

Bu tema bütinleý yslamdan gelen imanlylaryň şaýatlyk etmekleriniň örän wajypdygy baradadyr. “13-nji sapag”yň maksady – bu problemalara dogry çözgüt tapmakdyr, öwrenen zatlaryny bolsa okuwçylar her haýsy dürli şekilde praktikada ulanarlar. Şonuň üçin her okuwça aýratyn maslahat berip bilmek üçin  size akyldarlyk we güýçli doga etmek gerek bolar.

## “Hudaýa nädip gelmeli?” diagrammasy

“2-nji gollanma”daky diagramma – belli bolan, emma, müsülman medeniýetiniň aşakdaky nukdaýnazarlaryna uýgunlaşdyrylan  “Hudaý bilen adamy birleşdirýän köpri” diagrammasyna meňzeýär:

- Ol ýerde Hudaý şekli ýok;
- Ol ýerde Hudaý biz bilen deň derejede däl-de, bizden ýokarda ýerleşdirilen;
- Ol ýerde Hudaýa gönükdirilen ýol bar, köpri däl.

Şol bir hatarda kese diagrammany hem ulanyp bolar, edil adaty diagramma ýaly, ol ýerde müsülmana Hudaýa gelmek üçin köpri şekillendirilen. Beýle ýagdaýda müsülmanlaryň jennede inje köprüden geçmek taglymatyny esas edip alsa bolar. Bu taglymata görä ol köpri “adam saçynyň taryndan hem inje”, we köp müsülmanlar şol köprüden geçip bilmän ýykyljaklary barada alada edýärler.

Biz olara Isa Mesihiň bizi şol köprüden geçirip biljek ýeke-täk biridigini düşündirip bileris. Aýdylyşyna görä bir Blondin atly adam Niagar şarlawugynyň üstünden çekilen ýüpden ýöräp geçen we soňra isleýänleri öz arkasynda şol ýüpüň üstünden geçirmegi teklip eden. Diňe bir adam öz durmuşyny oňa ynanyp, şarlawugyň üstünden onuň arkasynda geçmäge razy boldy. Blondin ony sag-salamat şarlawugyň üstünden geçirdi. Isa Mesih bize howpsyz ýol bilen jennede girmegi teklip edýär, biz diňe Oňa ynanmaly. Bu sapakda siz okuwçylara Blondin barada gysga wideo hödürläp bilersiňiz.

Bize ýazmak: okuwçylara iki diagrammany hem görkezip, olardan haýsysy müsülmanlara has düşünikli boljakdygy barada sorap, bize olaryň pikirlerini iwermegiňizi haýyş edýäris: comefollowmecourse@gmail.com

# 14-nji sapak

## Yslamdan gelen imanlylar we suwa çümdürilmek

Suwa çümdürilmek – yslamdan gelen imanlylar üçin wajyp ädimdir. Bu ädim olaryň indi Mesihe we Onuň jemagatyna degişlidiklerini aňladýar. Emma olaryň ýakynlary bu ädimi dönüklik diýip hasap edýärler. Olaryň pikrine görä beýle adam öz maşgalasyndan ýüz

öwürýär we olary masgara edýär. Beýle ädim jemagatyň we maşgalanyň gazabyny oýarýar, käbir müsülman ülkelerde iman edeni öldürip hem bilýärler. Günbatar ýurtlarynda ýaşaýan imanlylar üçin beýle howp bolman biler, emma olary hem yzarlap ýa-da olardan hem ýüz öwürip bilerler. Ýagdaýyň möhümdigine düşünmeli we eliňden geldikçe maşgalanyň başdan geçirjek kynçylyklaryny ýumşatmaga çalyşmaly.

Yslamdan gelen imanlyny suwa çümdürmäge taýýarlanyňyzda, diňe onuň ruhy tarapyny düşünmän, bu ädimiň onuň jemagatdaky ornuna etjek täsiri barada hem oýlanmaly. Onuň bilen aşakdaky soraglar barada gepleşiň:

- Ol haçan suwa çümdürilmeli? (Hudaý Öz Ruhy bilen adama amatly pursady açyp berýär, şonuň üçin ony gyssamaň. Emma amatly pursat gelende uzaga çekmäň)
- Suwa çümdürilende kimleri çagyryp bilersiňiz? (iň azyndan ynamly bolan birnäçe dostlary. Beýleki imanlylar ýa-da müsülman garyndaşlar näme? Bu soraglary suwa çümdürilýän bilen gepleşiň, sebäbi dürli ýagdaýlar bar)
- Imanly özüniň suwa çümdüriljekdigi barada öz ýakynlaryna öňünden aýdarmy?
- Suwa çümdürilişi surata almak we suratlary paýlaşmak bolarmy? ( bu wajyp sorag, suwa çümdürilişde düşürilen suratlary internetde we köpçülik üçin elýeterli bolan ýerlerde paýlaşmak – imanla we onuň maşgalasyna köp problemalar getirip biler. Esasan hem, eger erkek pastor imanly aýaly suwa çümdürýän bolsa, onda bu onuň janyny howp astyna goýar. Munuň ýaly suratlary paýlaşmak gadagan. Umumy suratlary bolsa paýlaşyp bolar)
- Imanly aýallar barada, suwdan çykanda olaryň agrasly görünmekleri üçin näme etmeli? (inje mata suwda bedeniňe ýapyşýar, şonuň üçin olar galyň matadan tikilen egin-eşik taýýarlasynlar we suwdan çykyp derrew çolanarlary ýaly polotense getirsinler)
- Suwa çümdürilendigi barada şahadatnama berse bolýarmy? ( günbatar ülkelerinde bu bilen problemalar bolmaýar, emma konserwatiw müsülman ülkelerinde beýle ýagdaý hem suwa çümdürýän, hem suwa çümdürilýän üçin howply bolup biler. Emma şol bir hatarda suwa çümdürilendigi barada tassyklama bolmagy wajypdyr).

## Yslamda täret

Yslamda “täret” mejbury dessur bolup, her gün 5 gezek ýerine ýetirilýär. Bütin bedeniňi ýuwmak bolsa (gusl) käbir ýagdaýlarda ýerine ýetirilýär we uly günälerden saplaýar diýilip hasap edilýär. Yslam dinine täze gelenlere olaryň öňki günäleriniň hemmesiniň ýuwulandygy barada aýdylýar, we munuň nyşany hökmünde olar bu “gusly” ýerine ýetirýärler. Emma Mesihde suwa çümdürilmek – bu täze durmuş üçin direlmekdir, günäleri ýuwmak däl!

# 15-nji sapak

## Yslamda şeriýat we kanuny berjaý etmek

15-17-nji sapaklarda yslamdan gelen imanlylar üçin wajyp tema geçilýär. Yslamda “kanun” esasy ýerde durýar. Aslynda “şeriýat” sözi diňe ýönekeý kanuny aňlatmaýar, ol umumy ýaşaýyş täri manysyny berýär. Müsülman teology Badru Kateregga şeýle ýazypdy: “şariýat – bu özüňi alyp barmagyň ädim-ädim kadalary, we her bir müsülman olary berjaý etmelidir.” Ol adama “nähili iýmitlenmegi, myhmanlara nähili gatnaşmaly, satyn almak we satmakda, haýwanlary nähili öldürmeli, nähili ýuwunmaly, nähili uklamaly, nädip hajathana girmeli, nädip ýurdy dolandyrmaly, nähili doga etmeli”digini öwredýär (Kateregga we Şenk: “yslam we mesihilik”. Uzima Press, Keniýa 1980, 67 sahypa). Şeýlelikde, hakyky müsülmanlar şariýatyň olaryň diňe şahsy durmuşyny däl, eýsem, bütin jemagatyň durmuşyny we medeniýetini kesgitlemegini isleýärler. Alla şu tärde çokunmak - bu durmuşda onuň bereketini getirjekdigine we ölümden soňky durmuşda sylag beriljekdigine ynanylýar.

Şeýle kadalardan azat bolan imanlylar, belki şatlanyp bilerler, emma bu olarda köp soraglary emele getirýär. Kanun mesihiniň durmuşynda haýsy orny eýeleýär we kanun özi barmyka? Eger kanun ýok bolsa, biz öz islänimizi edip bilýärismi? Eger kanun bar bolsa, ol nähili tebigata eýe we onuň düýbi nämede?

Näme üçin “söýgi kanuny”na eýermek gerek: sylag almak üçinmi ýa-da minnetdarlyk duýgysyndanmy? Käbir hereketlerimiziň anygyny nädip kesgitlemeli, meselem: haçan agyz beklemeli ýa-da näçe pul Hudaýa bermeli we ş.m.

Yslam şeriýaty bilen deňeşdirilende, mesihilikde şeýle az kadalar bar, we biz Mesihe Hudaý kimin tabyn bolanymyzy nähili prinsiplere görä kesgitläp bileris?

Şeýlelikde, “15-17-nji sapak”laryň teologik esasy günbatar dünýägaraýyşynyňkyndan üýtgeşik. Haýsydyr bir manyda ol Mukaddes kitabynyň esasyna ýakyn (Musanyň kanunynyň we yslam şeriýatynyň arasynda tapawut bar, elbetde). Yslamdan gelen imanlylar üçin – Köne Ähtdäki Hudaýyň kanunynyň maksady we ony fariseýleriň ýalňyş ulanyşy, şeýle hem Mesihiň öwreden “söýgi kanuny” – bularyň bary wajypdyr. Eger bu sapaklaryň materiýallary siziň üçin täzelik bolsa, onda yslamdan gelen imanly dostlaryňyz öz nukdaýnazaryndan bu barada pikrini paýlaşmaklaryny sorap bilersiňiz. Käbir yslamdan gelen imanlylara - Mesihde biziň täze şeriýat boýunça ýaşaýandygymyz düşünjesi kömek eder. Emma, käbirlerine “şariýat” sözi geçmişi ýatladýandygy üçin göwnünden turman biler. Biziň indi täze Hojaýyna gulluk edýändigimizi we islän zadymyzy edip bilmejekdigimizi okuwçylara düşündiriň.

## Müsülmanlar we dogry ýol

Müsülmanlar her gün “bizi dogry ýola sal” diýip doga edýärler. Olara müňlerçe pygamberleriň bize dogry ýoly öwretmek üçin gelendikleri barada öwredilýär. Olaryň diňe käbirleri Gurhanda ýazylan, we haýran galdyrýan ýeri, bu – pygamberler Mukaddes kitapdaky adamlardyr: Adam, Nuh, Ybraýym, Musa, Dawut, Isa, we başgalar. Müsülmanlar bu pygamberleriň Hudaýyň şeriýaty bolan “dogry ýoly” görkezmek üçin

gelendiklerine we bu şeriýata boýun bolmak bilen, olar, Biribardan sylag we bereketler alyp biljekdiklerine ynanýarlar. Şeýle-de bolsa, eger biz şol “dogry ýoly” bilýän hem bolsak we ondan ýöremek islesek, biz şol ýoldan özbaşdak ýöräp bilerismi? Näme üçin? Teologik planyň “15-nji sapak” başlangyç nokady.

### “uly” we “kiçi” günäler

Müsülmanlarda agyr we ýeňil günäleriň bardygyna ynanylýar. Hudaý ýalan sözlemek ýaly “kiçi” günälere üns bermän biler, emma “uly” günäler jezalandyrylmalydyr. Eger adamyň ýüreginde ýamanlyk etmek niýeti bolup, emma ol ýamanlyk etmese, onda bu günä hasaplanmaýar. Mesihiň öwredýän adamyň ýüregindäki günä – hakyky günä saýylýandygy baradaky taglymaty bu düşünjä garşy bolýar (13-nji bölüme seret).

Bu sapakda Mesihiň mukaddes kanuny adam üçin gaty ýokary standart goýýandygyny öwreneris. Ahlak taýdan olary berjaý etmek, yslam şeriýatyndäki dessurlary ýerine ýetirmekden has kyndyr.

## 16-njy sapak

### Müsülmanlaryň boýun bolmagynyň sebäbi

16-njy sapakda biz 15-nji sapagy dowam edýäris. Bu sapagyň başlangyç nokady – Hudaýyň kanunlaryna boýun bolmagyň sebäbini garşylaşdyrmakdyr: bir tarapda – sylag almak umydy ýa-da gulak asmazlygyň jezasyndan gorky, beýleki tarapdan bolsa Hudaýa, Onuň biz üçin eden işlerine minnetdarlyk duýgysyndan boýun bolmaklyk. Müsülman adam Mesihe iman edende, onuň Hudaýa tabyn bolmagynyň sebäpleri düýbünden üýtgeýär.

Biz Hudaýy söýýäris, çünki Ol bizi ilki söýdi, we Onuň söýgüsiniň subutnamasy – bu Isa Mesihiň haçdaky ölümi. Şonuň üçin biz öz gezegimizde Onuň “söýgi kanuny”ny berjaý etmek isleýäris. Bu kanun : Hudaýy bütin ýüregimizden söýmekden we ýakynymyzy özümizi söýşimiz ýaly söýmekden ybaratdyr.

### Müsülmanlar, öňki müsülmanlar we myhmansöýerlik

Myhmansöýerligi beýik bolan ýurtlarda ösen imanlylardan Günbatardaky mesihiler köp zatlary öwrenip bilerler. Eger siziň öýüňize, öňünden habar bermän, yslamdan gelen imanly doganyňyz myhmançylyga gelse, siz ony göwnühoşlyk bilen kabul edersiňizmi? Eger siziň ýygnak agzalaryňyz yslamdan gelen imanly doganyňyza “sen biziň maşgala agzamyzsyň” diýseler, we bu imanlyny maşgalasy öýünden kowsa, olar ony öýüne ýaşamaga alyp bilermi?

## 17-nji sapak

### Öňki müsülmanlar we şariýatyň aýdyň görkezmeleri

Bu sapak 15-16-njy sapaklarda Hudaýyň kanunlary barada öwrenen zatlary gaýtalamak bilen başlaýar. Soňra praktika geçilýär: Mesihiň yzyna eýerijiler yslamdaky ýaly aýdyň kadalar bolmadyk kanunlary nädip ýerine ýetirmeli?

Esasan, biz müsülmanlara aýdyň görkezme berilen iki sany wajyp "sütünlere" serederis: Oraza aýynda müsülmanlar Gün ýaşmagyndan tä gün batýança agyz beklemeleri, we zekat bermekleri. Mesihiler bu babatda näme etmeli? Bu sapakda biz Mukaddes kitabynyň prinsiplerini beýan ederis, emma dürli ýygnaklar olary dürli şekilde ulanýarlar. Şonuň üçin siz mugallym hökmünde öz ýygnagyňyzda näme edýän bolsaňyz şony hem öwredersiňiz. Unutmaň: iň esasy zat bu okuwçylar prinsiplere dogry düşünmelidirler. Deňagramlylyk saklamaga çalyşyň, okuwçynyň islegi boýunça oňa belli bir görkezmeler bilen kömek edýän bolsaňyz, onuň bütin durmuşyny kontrol astyna almaň. Oňa Mesihe – Hudaý hökmünde tabyn bolmagyna kömek ediň we öňürti Hudaýyň ýörelgesine eýermekligi öwrediň.

## Yslamdan gelen imanlylar we oraza

Köp müsülman ülkelerinde Oraza – bu maşgala bilen aýratyn birleşme wagty. Unutmaň, oraza wagtynda yslamdan gelen imanlylar has köp öz maşgalasynyň ýanynda bolmak isleýärler (şeýle hem, "doguluş" baýramynda olar özlerini ýalňyz duýup bilerler, sebäbi mesihileriň hemmesi öz maşgalalary bilen birlikde bolup, olara wagt aýyryp bilmeýärler. Olar bolsa bu baýramy ýekelikde gutlamaly bolýarlar).

Bu ýerde Aidanyň berýän soragy gaty ýerlikli: müsülman maşgalasy bilen bile ýaşaýan mesihiler olar bilen bile roza tutmalymy? Köp mesihiler oraza aýynda maşgalaň bilen bile roza tutmak - bu olara wepalylygyňy görkezmek mümkinçiligi diýip hasaplaýarlar; olar muny müsülmanlyk borjy däl-de, Mesih üçin edýärler.

Mundan başga-da, bu ädim ony gereksiz yzarlanmalardan halas eder. Beýleki mesihiler bolsa öz imany barada aç-açan aýtmalydygyny we özünde bolup geçen özgerişler barada şaýatlyk etmeli diýip hasap edýärler, we müsülman maşgalaň bilen oraza aýynda agyz beklemegi ýalňyş diýýärler. Emma agyz beklemekden ýüz öwürmek – "mesihiler diňe agyz beklemekden gaçýarlar", diýip hasaplaýan müsülmanlar üçin gowy şaýatlyk bolup bilermi? Bu iki garaýyş barada okuwçylar bilen pikir alyşyň. Köplenç, munuň ýaly soraglar belli bir maşgala ýagdaýyna bagly bolýandygyny unutmaň. Eger olar oraza aýynda agyz beklemeseler, we Hudaý olardan başga wagty agyz beklemelerini islese, olar muny ederlermi?

## Müsülmanlar we zekat

Zekatyň (mejbury haýyr-sahabat üçin berilýän) möçberi – bu müsülmanyň ýyllyk baýlygynyň (girdejisiniň däl!) 2,5 % tutýar. Şeriýatda muny her ýyl nädip hasabyny çykarmalydygynyň giňiş düşündirilişi bar. Müsülmanyň özi zekatyny kime we näme üçin berjekdigini çözýär, meselem, garyplara kömekmi ýa-da yslamyň ýaýramagy üçinmi.

Mundan başga-da müsülmanlar ýylyň dowamynda metjidiň mätäçliklerine we ş.m. sadaka pul berýärler.

## 18-nji sapak

### Müsülmanlar we jadygöýlük

Müsülmanlar üçin “ykbal” we “jadygöýlük” düşünjeleri wajypdygyny bilmek günbatar ülkelerinde ýaşaýan adamlar üçin haýran galdyryjy bolup biler. Sebäbi, munuň ýaly ynançlar köp halklaryň medeniýetinde bardy, we ol halklar müsülmançylyga öwrülenden soň dinler garyşygy bolup geçdi. Netijede yslamyň “halk” şekli döredi. Yslamyň özünde Alla adamlardan uzakdaky bir hudaý bolup şekillendirilen. Eger ol ähli zady öňünden çözýän bolsa, we adamlar boljak zatlary hiç hili üýtgedip bilmeýän bolsa, bu adam durmuşyny “ykbalyň” çözýändigi baradaky pikiri tassyklaýar. Şeýle hem, Alla adamlardan uzakda bolany üçin müsülmanlar öz dogalaryny Allanyň eşidip ýa eşitmeýändigini bilmeýärler, we olaryň ýagdaýy Allany aladalandyrýandygyny hem bilenoklar. Şonuň üçin adamlar has ýakyn bolan beýleki ruhy güýçlere ýüz tutýarlar. Bularyň ählisi häzirki döwüriň müsülmanlaryna täsir edýär.

Ruhy güýç, dileglerine jogap, gizli bilimler - käbir müsülmanlary okkultizm bilen meşgullanmaga getirýär. Mesihe iman edenden soň, olara belki ruhy gulçylykdan azat bolmaklary üçin kömek gerek bolar. Beýleki müsülmanlar daşky hereketler bilen çäklenýärler, meselem: “gorag” üçin ellerine ýa-da maşynyna gözmonjuk dakýarlar. Emma bu boş ynançlara ynanmaýanlar hem bar.

“18-nji sapak”da Mukaddes Kitabyň bu tema baradaky taglymaty öwredilýär. Adama diňe onuň ýalňyşlaryny görkezmek uly netijä getirmeýär, şonuň üçin adamyň bu hereketleriniň sebäbini öwrenmek has gowy bolýar. Eger yslamdan gelen imanly hakykatdan Mesihe iman edýän bolsa, onda ol kyn ýagdaýa düşende - adam keşbinde ýere gelip, ähli ruhy güýçleri ýeňip, olardan üstün bolan Mesihden kömek sorar, beýleki ruhy güýçlerden däl. Şeýle hem, haçdaky ölümi bilen Isa Mesih tümlügiň ähli ruhy güýçlerini ýeňdi we bize olardan azat bolmak ygtyýaryny berdi.

### Müsülmanlar we ruhy güýçler

Köp müsülmanlar ruhy güýçlere ynanýarlar, meselem:

- Perişdeler, şol sanda Mukaddes kitapdaky Jebraýyl perişdesi we her kime eden işlerini ýazmak üçin berilýän perişdeler;
- “göz degme”- göripligiň görünmez güýji, ol adama zyýan getirip biler, meselem: kiçi çagany görmegeýligi üçin öwseler;
- “ykbal”- ol eýýäm her kim üçin çözülen we hiç kim ony özgerdip bilmeýär;

- Jynlar – ruhy ýaradylyşlar, olar köplenç erbet bolýarlar we adama agyr keselçilikler getirýärler, ýa-da aklyndan azaşdyrýarlar;
- Ýaman ruhlar, edil Mukaddes kitapda ýazylyşy ýaly.

Okuwçylar size müsülmanlaryň erbet ruhlardan goranmak üçin ulanýan dürli ýollary barada aýdyp bererler, meselem, adamlar we maşynlar üçin gözmonjuklar, ýa-da şoňa meňzeş tumarlar.

Mundan başga-da, göze görünmeýän "berekede" ynanýarlar. Bereket – mukaddes adamlarda, mukaddes ýerlerde, mukaddesleriň mazarlarynda hem bolýar. Şol ýerlere, şol zatlara ýakynlaşmak bilen, adamlar bereket aljagyna ynanýarlar. Käte, adamlar eden dilegleri ýa-da beren wadalary hatyrasyna şol ýerlerdäki agaçlara matalar daňyp gidýärler.

Köp adamlar öz ruhy ýolbaşçylaryna wepaly galjakdyklary barada ant içýärler ( dürli müsülman ülkelerinde olary dürli atlandyrýarlar: "pir", "murşid", "marabut") . Olar öz ruhy ýolbaşçylaryna hemme zatda gulak asýarlar, sebäbi olar Allanyň öňündäki töwellaçylarydyr. Köp müsülmanlar sadaka hökmünde pul ýa-da gara mal berýärler, olar muny öz dogalaryna tiz we hökman jogap almak üçin edýärler. Ýöne bu sadaka her ýyl berilýän gurbanlyk sadakasyndan tapawutly.

## Gynanç bildirmek

Köp müsülman ülkelerinde biriniň ölendigi barada habar gelse, olar derrew şol adamyň öýüne baryp, ýakynlaryna öz gynanjyny bildirmeli, olar bilen bile oturyp, olara goldaw bolmaly. Bu öz gynanjyňy bildirmegiň wajyp görnüşi, we Mukaddes kitapda ýazylan dessurlara meňzeýär (meselem Ýoh. 11), häzirki günbatar ülkeleriniň medeniýetine hiç meňzemeýär.

Müsülmanlar, köplenç, şeýle gynanç bildirýärler: "bu Allanyň yradasy, biz ykbalymyza boýun bolmaly, nesibämizdäkini görýäris." 6-njy bölümde biz Mesihe iman eden adamyň şeýle ýagdaýlarda başga hili göwünlik berme mümkinçiligi barada gepleşýäris. Bu hem başga bir Hudaý barada, bize ýakyn bolan, biziň gynanjymyza düşünýän bir Hudaý barada.

## 19-njy sapak

## Müsülman medeniýetinde aýaklary ýuwmak

Edil Mesihiň döwründäki ýaly, köp müsülman ülkelerinde adamyň aýagynyň asty bedeniň iň kirli ýeri hasaplanylýar. Adama "aýagyňy galdyrmak", ýa-da oňa köwşüňi

atmak – bu ony bütinleý masgaralamak diýmekdir. Şonuň üçin biriniň aýagyny ýuwmak – bu kiçigöwünligiň we pespälligiň nyşanydyr, edil Isanyň edişi ýaly.

## Yslamdan gelen imanlylar toparlarynda ýolbaşçylyk problemalary

Yslamdan gelen imanlylar toparlarynda, gynansakda, häsiýetlerinde birlik ýokdur. Müsülman adama Mesihiň yzyna eýermek aňsat däl, yzyna eýerenlere bolsa bir topara birigip, toparda birlik saklamak has kyn ( Şol toparda imanda ösen adam ýolbaşçylyk edýän hem bolsa ). Yslamdan gelen mesihiler toparynda gowy ýolbaşçylyk – aňrybaşy wajyp bir temadyr.

“Meniň yzyma düş” – kursy täze iman edenler üçin niýetlenen, şonuň üçin bu kitapda liderlik temasy hiç ýok diýsek hem bolýar. Bu barada gysgaça diňe şu sapagymyzda aýdylýar, emma siz bu temany geljekde, okuwçylaryňyzyň muňa taýýar wagtynda olar bilen dowam edip bilersiňiz.

## 20-nji sapak

## Müsülmanlar, zyýarat we jennet

“ Mekgä” zyýarata gitmek – bu her bir müsülmanyň dini borjy. Her bir müsülman ömründe iň azyndan 1 gezek zyýarata gitmelidir. Emma muny her kim edip bilmeýär. Şonuň üçin “mekgä zyýarat” – “aýratyn hukuklylyk” hasaplanylýar. Bu kursda yslamyň sütünleri barada aýdylýar, emma biz olary ýüzlän geçeris, sebäbi, yslamdan gelen imanlylaryň köpüsi yslam düşünjelerini düýbünden unutmak isleýärler.

Bu sapakda biz mesihiniň durmuşyny Göklere tarap bolan zyýarat ýoly bilen deňeşdirýäris, “Piligrimiň syýahaty” atly kitapdaky ýaly. Yslam taglymatyna görä, gökler – bu jennet, we ol ýerde müsülmanlara köp sanly keýpi sapalar garaşýar. 20-nji sapakda göklerde boljak esasy şatlyk – bu biziň Hudaýyň ýanynda boljakdygymyz we Onuň huzurynda ebedi şatlanyp ýaşajakdygymyz barada aýdylýar. Müsülmanlar jennede köprüden ýöräp geçip boljakdygyna, emma ol köpri saç tary ýaly inje bolany üçin ol ýerden ýykyljakdyklaryna ynanýarlar.

## Ýerusalim we sionizm

Müsülmanlar bu tema gaty güýçli duýgylar bilen gaýtargy görkezýärler. Bu tema seredilende yslamdan gelen imanlylar garşylykly ýagdaýlar bilen ýüzleşýärler. Bir tarapda olara ýewreýleri ýigrenmegi we sionizme garşy bolmaklygy öwretdiler. Beýleki tarapdan Mesihe iman edensoň, olar Hudaýyň Ysraýyl bilen äht baglaşandygy bilen ylalaşmaly bolýarlar, şeýle hem Mukaddes Ýazgylaryň köp ýerlerinde Sionyň şöhratlanýandygyny kabul etmeli bolýarlar. Mundan başga-da, olar ýewreýler baradaky pygamberlikleriň dürli açyklamalaryny eşidýärler. Häzirki Ysraýyl döwletiniň ähli edýän işini goldaýan mesihiler bilen garşylaşýarlar, olar bolsa araplary duşman hasaplaýarlar. Bularyň hemmesi yslamdan gelen imanlynyň düşünjelerini garyşdyryp, olara köp kynçylyklar getirip biler. Onda olar nädip hakykata düşünip, ony kabul etmeli? Bu sapak

ol temany ýüzeý geçýär,we siz bu soraga çuňňur jogap bermäge çalyşmaň, diňe bu temanyň örän gowşakdygyna düşüniň.

“20-nji sapak”da, okuwçylar, zyýarat baradaky temada Ýerusalimiň statusy barada soraglar berip bilerler. Häzirki wagtda araplar hem, ýewreýler hem Ýerusalimi öz kontroly astyna almak isleýärler.

Mesihiň okuwçylary haýsy tarapda bolmaly? Bu soragda mesihileriň pikirleri gabat gelmeýär. Ine, birnäçe esasy ýagdaýlar:

- Mesihiň şagirtleri hemişe adalatyň tarapdary bolmaly, we bu esasda araplaryň we ýewreýleriň hereketlerine baha bermeli;
- Isa biziň dogalarymyzyň ugryny özgertdi (kybla), şonuň üçin Ýerusalim biziň imanymyzyň ugrynyň merkezi däl.
- Käbir araplar we ýewreýler hem Mesihiň okuwçylarydyrlar. Hudaýyň halky dürli milletlerden ybarat, we olaryň her biri biziň ruhy doganymyz.

# B BÖLÜM:

# Sapaklara görkezme

# Giriş sapagy

| **Sapagyň maksady:** | **taýýarlyk :** |
|---|---|
| a. Kurs bilen tanyşlyk we sapagy öýde ýerine ýetirmäge karar almak;<br>b. Her sapagy nädip öýde ýerine ýetirmegi düşünmek;<br>c. Okuw kitabyny almak; | Her bir okuwçy üçin okuw kitabyny getirmeli. |

## Sapagyň başlangyjy

**Tanyşlyk:** eger bu täze topar bolsa, onda her okuwçy özüni tanyşdyrsyn. Olar öz durmuşy, işi we maşgalasy barada gysgaça aýdyp bilerler. Käbir okuwçylar topardakylara ynanyp ýa-da ynanmajaklaryny bilmänsoň, paýlaşmak islemezler, bu adaty ýagdaý.

**Sapaga doga etmek bilen başlaň:** bu kursy bilelikde öwrenmek - siziň ähliňiz üçin peýdaly bolmagyny soraň.

## “Meniň yzyma düş” kursy barada aýdyp beriň

### Bu kurs näme hakda? – kursuň mazmuny

Okuw kitaby: her okuwça kitap ýetsin.

Her okuwçy kitap üçin belli bir pul tölese gowy bolar, sebäbi şonda bu okuw kitaby olar üçin gadyrly bolar. Emma olardan pul almalymy ýa-da dälmi, bu siziň kararyňyz bolar. Eger toparda okamagy bilmeýän, ýa-da gowy başarmaýan okuwçylar bar bolsa, berilen gollanmaňyzyň “A bolümi”ndäki “Köp soralýan soraglar” parçasyna ýüz tutuň. Ol ýerde dilden öwrenmek isleýänler soragynyň jogabyna serediň.

### Kitabyň mazmuny ýazylan sahypany açyň.

- Sapaklaryň temalaryny bir okuwçy sesli okasyn;
- Okuwçylar iki-ikiden toparlara bölünip, haýsy tema olar üçin has gyzykly we näme üçin diýen soraga jogap bermeklerini soraň. Soňra olar öz pikirlerini toparyň öňünde paýlaşsynlar.

### “Näme üçin” – kursyň maksatlary

- Bu kursuň maksady – bize Mesihiň okuwçylary hökmünde ösmäge kömek etmek;
- Biziň hemmämiz bile öwrenýäris: men hem siziň ýaly öwrenýärin. Biziň her birimiz Hudaýa ýakyn bolmak, Ony ýakyndan tanamak, Oňa ynanmagy

öwrenmek, Oňa gulak asmak isleýäris we Mesihiň jemagatynda her birimiz öz funksiýamyzy ýerine ýetirmek isleýäris.

- Okuwçylara : bu kursy öwrenen afgan topary şeýle diýdi: "bu kitabyň gowy tarapy şudur – her bir okuwçy, öz ýaşyna garamazdan, öz pikirlerini aýdyp, sorag berip, durmuş problemalary barada paýlaşyp bilýär. Edil şu zat okuwçylarda bu kursy öwrenmäge gyzyklanma döredýär, olar açylyp we doga edip bilýärler." – diýip aýdyp beriň.
- Okuwçylardan :"siz hem, edil şol topar ýaly bile okamak isleýäňizmi?" diýip soraň.

## "Nähili?" – okuw okatma usuly

**Kitabyň 4-nji sahypasyny açyň** we algoritme serediň:

- Düşündiriň: bu kursda üç düzümli okatma usuly ulanylýar:

1. **Kitaby öýde öwrenmek** bize öwrenenlerimizi ýatda saklamaga kömek edýär.
2. **Pikir alyşmak** bize öz düşünjelerimizi paýlaşmaga we beýleki okuwçylardan öwrenmäge kömek edýär.
3. **Tejribe ýumuşy** bize öwrenenlerimizi durmuşda ulanmaga kömek edýär.

- Ýokardaky berilen Her bir düzümiň maksady näme? *Bu sorag okuwçylara okatma usulyna düşünmäge kömek etmek üçin berilen.*

**Kitabyň 4-nji sahypasyny açyň:** "okuwçy üçin gollanma"

- Her okuwçy bir sözlemden okasyn;
- Okuwçylaryň hemme zada düşünýändigine göz ýetiriň.

## "1-nji sapag"a seredeliň

"1-nji sapag"y açyň: "Nädip Mesihiň okuwçysy bolmaly?" (6-njy sahypa)

- " Biziň durmuşymyzyň manysy" atly bölümiň iki abzasyny okaň. Soňra mugallymyň sözlerini okaň.
- " Siziň durmuşyňyzyň manysy näme?" diýip soraň. *Pikir alyşyň. Okuwçylar bu babatda öz pikirlerini aýtsynlar, siz hem mugallym hökmünde öz pikiriňizi aýdyň.*
- Bir okuwçy 2-nji bölümdäki soragy okap oňa jogap bersin. Her sapagyň soraglaryna jogaplary nädip barlamalydygyny okuwçylara düşündiriň.

**Öz jogaplaryňy nädip barlamaly?**

- Siziň mugallymyňyz – bu kitapdyr. Şonuň üçin her sapagyň soňunda öz jogaplaryňyzy barlamagyňyz üçin dogry jogaplar berilen. Emma bu siziň jogaplary kitapdan göçürip biljekdigiňizi aňlatmaýar! Ilkibaşda öz jogaplaryňyzy ýazyň soňra olary barlaň.

- Eger sizden özüňiziň jogap bermegiňizi isleseler, ýa-da sorag pikir alyşmak üçin niýetlenen bolsa, beýle ýagdaýlarda dogry jogap ýokdur, sebäbi her okuwçynyň öz pikri we tejribesi bar.

**Pikir alyşmak üçin soraglar:**

- 1-nji sapagyň 5 we 13-nji bölümlerinde sizden nähili jogaba garaşylýar?

*Okuwçynyň jogaby*

- Diýmek, jogap üçin aýyrylan setirlerde hiç zat ýazmasa bolarmy?

*Beýle däl! Her okuwçy öz jogabyny ýazmaly we pikir alyşma wagty öz jogabyny aýdyp ony açyklamaga taýýar bolmaly. Biz şeýle etmegi ündeýäris, sebäbi okuwçylar köplenç şeýle soraglara jogap ýazman geçýärler.*

- Näme üçin şonuň ýaly soraglara öz jogabyňy ýazmak we boş ýer galdyrmazlyk wajyp?

*Biz ýazsak, bu bize näme ýazýandygymyz barada çuňňur pikirlenmek we ýazanlarymyzy gowy ýatda saklamak üçin itergi berýär. Mundan başga-da, biz pikir alyşma wagtynda öz düşünjelerimizi beýlekiler bilen paýlaşmaga taýýar bolarys.*

## Öýde öwrenmek

**Sapaklary her hepde ýerine ýetirmek:**

- Özüňize aňsat wagty “1-nji sapag”y biziň indiki duşuşygymyza çenli ýerine ýetiriň.
- Sapagyň soňunda sapaga göz aýlaň. Sapagy gaýtalamak üçin berilen soraglar – siziň eýýäm sapakda jogap beren soraglaryňyzdyr, we olar ähli temalardan netije çykarmaga kömek eder. Şonuň üçin olara kitapda jogap berilmeýär. Eger siz haýsydyr bir soraga jogap berip bilmeseňiz, onda sapagy ýene bir gezek gaýtalaň.

| **Giriş sapagynyň bitişi:** | **Bilelikde doga etmek:** |
|---|---|
| -okuwçylardan soraglary barmy ýa-da ýokdygyny soraň;<br>-indiki sapagyň boljak güni we ýerini aýdyň;<br>-okuwçylara “1-nji sapag”y indiki duşuşyga çenli ýerine ýetirmelidiklerini ýatladyň; | Hudaýdan bu hepde biziň hemmämiz bu täze kursa başlanymyzda her birimize geplemegini soraň. |

# 1-nji sapak: nädip Mesihiň okuwçysy bolmaly?

| Sapagyň maksady: | Medeniýete degişli açyklamalar: |
|---|---|
| - “Mesihiň okuwçysymy ýa-da ýok?” bu barada pikirlenip karar almak;<br>- eger “ýok” bolsa, nädip Mesihiň okuwçysy bolmalydygyny öwrenmek;<br>- Matta 11:28 ýat tutmak. | -yslamdan gelen imanlylar bilen nädip sapaga başlamaly?<br>-täze iman edenler we Mesihiň yzyna eýermegiň muzdy.<br>**Taýýarlyk:** 15-18-nji bölümleri şekillendirýän wideo islege görä. |

## Sapagyň başlanyşy

**Bu günki sapak üçin dileg ediň.**

**Jogaplary barlamak (1-nji sapak):**

**1-nji sorag:** ýat tutmak üçin berilen aýady hemmäňiz bile gaýtalaň(Mat.11:28). Bu aýaty okanyňyzda siz nähili duýgylary başdan geçirýäňiz?

**2-nji sorag:** okuwçylaryň nähili jogap berendiklerini soraň.

*Olar bir-birden jogap berip bilerler, ýa-da biri-biriniň kitaplaryny alyp jogaplary barlap bilerler.*

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** bu gün biz Isa Mesihiň nädip Petrusy Öz okuwçysy bolmaga çagyranyny we biz hem nädip Onuň okuwçylary bolup biljekdimiz barada öwreneris.

*Sapakda her sorag boýunça pikir alyşmaga wagt ýetmeýändigini okuwçylara düşündiriň. Emma siziň ätläp geçen soragyňyzy düşünmedik bolsalar, şeýle-de, pikir alyşma wagty öz soraglary bar bolsa, onda olary hökman bermeklerine öjükdiriň.*

## Pikir alyşmak

### Giriş we 1-2-nji bölümler

**Giriş.**

Iki okuwçy iki adamyň durmuş manysy barada aýdan geplerini okasynlar. Mugallymyň çarçuwadaky soragyny okuwçylardan soraň :



- Siziň durmuşyňyzyň manysy näme?

*Okuwçylar jogap berip bolandan soň öz pikriňizi aýdyň.*

## Nädip Mesihiň okuwçysy bolmaly? (3-4 bölümler)

3-nji bölüm: bilelikde çarçuwadaky teksti okaň.

Soraň :

- Bir okuwçy öz sözleri bilen bu teksti aýdyp bersin.

*Beýleki okuwçylar onuň aýdanlaryna goşulyp bilerler.*

- Göz öňüne getiriň- siz Simun. Isanyň bu eden mugjyzasy sizde nähili duýgylary oýarýar?

*Bolup biljek duýgylar: Onuň güýjüne haýran galmak, Onuň huzurynda nädereje günälidigiňi bilmek, Hudaý seni çagyrmak bilen saňa hormatyny görkezýändigini aňlamak.*

- Isanyň okuwçylary bolmak üçin biz Simun Petrusyň mysalynda haýsy 4 ädimi ätmeli?

*1-günäden ýüz öwürmek; 2- bahasyny bilmek; 3- Mesihe ynanmak; 4- Mesihiň jemagatyna goşulmak.*

## Birinji ädim: günäden ýüz öwürmek (5-11 bölümler)

**8-10 bölümler:** 8-nji bölümiň birinji abzasyny okaň we “2-nji gollanma” serediň (144sah).

*Eger wagt bar bolsa, okuwçylar biri-birine “2-nji gollanmany” düşündirsinler.*

- Iki okuwçy Timur bilen Alynyň sözlerini okasyn. Isa olaryň haýsysyny aklar? Näme üçin?

*Alyny, sebäbi ol Isanyň oňa gerekdigini bilýär.*

- Goý, her kim özüni olaryň ýerine goýup pikirlensin. Siz Alyýa meňzeýäňizmi ýa Timura?

*Okuwçylaryň jogaplary.*

- Eden işleriňe pyşman bolmak hakyky toba etmekden nähili tapawutlanýar?

*9-njy bölüme seret. Toba etmek – bu täze ugurda ýöremek, bu durmuşuň özgerşi.*

- Aly hakyktdan toba etdimi, nädip bilse bolar?

*Onuň durmuşy özgerer.*

## Ikinji ädim: bahasyny bilmek.

**12-nji bölüm:**

- Nähili pikir edýäňiz: Isanyň yzyna eýermegiň bahasy barada oýlananda Simun nähili duýgylary başdan geçirdi?

- Siz öz durmuşyňyzda şunuň ýaly saýlaw bilen garşylaşdyňyzmy? Siz eýýäm karar berdiňizmi?
  *Eger okuwçylar biri-birine ynanýan bolsalar, olar alan karalary barada paýlaşyp bilerler.*

**13-14- nji bölümler:** çarçuwadaky Isanyň sözlerini okaň.

- Bu tymsalyň manysy nämede, öz pikriňizi paýlaşyň?

*Mesihiň yzyna eýermek adama gaty gymmata düşüp biler, emma Mesih oňa laýykdyr. Isa dünýädäki iň gymmatly merjenden hem gymmatlydyr!*

- Mesihiň yzyna eýermek üçin şeýle gymmatly bahany tölemäge degermi?

*Onuň yzyna eýermäge deger! Ol biz üçin mundan hem gymmat baha töledi.*

- 14-nji bölümdäki soraga siz nähili jogap berdiňiz?

## Üçünji ädim: Mesihe ynanmak

**Ynanmak barada oýun oýnaň**. *Bu oýun her kim üçin we her ýaşdaky adamlar üçin dogry gelmeýär. Şonuň üçin siz karar beriň, okuwçylara bu oýuny hödürlemelimi ýa-da ýok. Eger "ýok" bolsa, onda siz Çarlz Blondin barada wideo görüp bilersiňiz we soraglary oňa görä üýtgedip bilersiňiz.*

-okuwçylary boýuna, jynsyna we agramyna görä iki-ikiden toparlara aýyryň. Bir okuwçy arkan ýykylar, beýlekisi ony tutar. Ýykylýan adam aýaklary bile, dogry we dostyna arkan durmaly. Tutýan adam bolsa bir aýagyny öňe goýup, ellerini dostyny tutup bilmek üçin taýýarlykda tutmaly.

- ýykylýan adam öz dostundan tutmaga taýýardygyny bilenden soň arkan ýykylmaly, beýlekisi bolsa ony tutup ýetişmeli.

-soňra okuwçylar ýerlerini çalyşarlar.

**Dostuňa ynanmak:**

-dostuňyza bütinleý ynananda siz nähili duýgyny başdan geçirdiňiz?

-Isa Mesihe ynanmak hem, haýsydyr bir manyda öz dostuňyza ynanyp arkan ýykylyşyňyza meňzeýär. Başda belki gorkunç bolup biler. Emma her gezek OL bizi tutýandygyny bilsek, biz Oňa has köp ynanmaga başlaýarys.

**16-njy bölüm:** getirilen üç mysaly okaň: ýadaw çaga, hassa we ýolagçy.

- Näme üçin bu üç adam başga adama ynanýar? *Sebäbi olar beýleki adamy ynamdar biri saýýarlar.*
- Biz Isa Mesihe edil şunuň ýaly ynanyp bilerismi? *Hawwa, Ol adamlardan has köp ynanmaga laýyk biri.*
- Biz Oňa nämelerde ynanýarys? *Meselem: OL biziň günälerimizi bagyşlanlygynda, biziň durmuşymyza gelip bize ýagşylyk etmäge güýç berendiginde, bizi gorap dogry ýola gönükdirýändiginde, bizi Göklere sag-salamat alyp gitjekdiginde berk ynanyp durýarys.*
- Özüňiziň oýunda "ýykylýan" mahalyňyz başdan geçiren duýgylaryňyzy ýada salyň. Şu şekilde siz Isa Mesihe durmuşyň ähli bölgelerinde ynanyp bilersiňizmi? *Jogaplar*

## Dördünji ädim: Mesihiň jemagatyna goşulmak (19-20- nji bölümler)

**20-nji bölüm:** mugallymyň sözlerini okaň.

- Mugallym adamlaryň haýsy üç tipi barada aýdýar?

*Mesihiň okuwçylary bolanlar, Onuň yzyna eýermäge taýýarlar, bu barada häli oýlanýanlar.*

- Siz haýsy tipe degişli?

*Okuwçylar bu soraga hemmeleriň öňünde jogap bermelimi ýa-da her kim diňe özüne jogap bersinmi, muny siz çözüň.*

## Sapagyň bitişi

| | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:** Bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder? **Tejribe ýumuşyny bilelikde okaň.**<br>-Bu sapagy bilelikde ýerine ýetireriňiz ýaly dostuňyz barmy?<br>-2-nji sapagy indiki duşuşyga çenli ýerine ýetiriň. | **Bilelikde doga etmek:**<br>Isa Mesihde biz Hudaýy şahsan özümiziň tanap bilýändigimiz üçin Hudaýa minnetdarlyk bildireliň. |

# 2-nji sapak: Mesihdäki täze ýaşaýyş

| | |
|---|---|
| **Sapagyň maksady:**<br>-Mesihdäki täze ýaşaýyşymyz üçin şatlanmak;<br>-2 Kor. 5:17 ýat tutmak;<br>-Biziň täze degişlilige, täze dogulyşa we täze tebigata eýe bolýandygymyza göz ýetirmek;<br>-Köne tebigat bilen ruhy söweşmäge karar almak. | **Medeniýete degişli açyklama:**<br>-jyhad;<br>-doga edende bedeniň ýagdaýy.<br>-------------------------------------<br>**Taýýarlamak:** 19-njy bölüm üçin wideo |

**Sapagyň başlangyjy**

**Bu günki sapak üçin dileg ediň. Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:**

- Bir okuwçy 1-nji sapagyň tejribe ýumşyny okasyn.
- Bu sorag barada gowy pikirlendiňizmi? Biz bu soraga pikir alyşma wagty dolanyp geleris.

**Jogaplary barlamak (2-nji sapak) :**

**1-nji sorag**: a) täze, b) saýlanan halk

**2-nji sorag:** köne, täze;

**3-nji sorag:** okuwçylaryň jogaplary *(her okuwçy bu soraga jogap bermeli)*

**4-nji sorag:** Mesihde, täze, köne, täze.

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** bu gün biz Isa Mesihiň bize berýän täze durmuşy barada öwreneris. Ol Özünde biziň täze degişliligimizi, täze dogulyşymyzy, täze tebigatymyzy jemleýär. Bu neneň ajaýyp!

**Pikir alyşmak**

**Giriş we 1-4-nji bölümler**

**1-4-nji bölümler:** 1.Pet. 1:1-2 aýatlary okaň. *Eger okuwçylarda Mukaddes kitap bolmasa, olar üçin bu aýatlary çap ediň.*

- Bu haty Hudaýyň ylhamy bilen kim ýazdy*? Resul Petrus, biziň 1-nji sapakda öwrenen Simun Petrus.*
- Petrus öz haty üsti bilen ýüzlenýän adamlaryna kimler diýýär? *"Hudaýyň saýlanlary", şeýle hem bu dünýäde "dagynyk we gelmişek" bolup ýaşaýanlar diýýär.*
- Öz öýünden uzakda, başga ýurtlarda ýaşaýan adam nähili duýgylary başdan geçirýär? *Okuwçylaryň jogaby (3-nji soraga seret)*

## Biziň täze degişliligimiz

**5-nji bölüm:** bütin bölümi okaň

- Size haçan hem bolsa "kapyr" diýip atlandyrdylarmy ýa-da "imandan dänen, dönük" diýdilermi? Siz nähili duýgylary başdan geçirdiňiz?

*Yslamdan gelen mesihiler, köplenç, şeýle gepleri eşidýärler.*

- Emma Hudaý bize kimler diýýär?
- "Hudaýyň saýlan halkyna" degişlidigiňiz barada pikirlenende nähili duýgylary başdan geçirýäňiz?

*Bu ajaýypdyr, ylaýta-da, eger jemagat bizden ýüz öwüren bolsa hem, bu has begendiriji gelýär.*

## Biziň täzeden dogulyşymyz (8-13-nji bölümler)

**8-nji bölüm:** kelebek we kelebek gurçugynyň suratyna seret.





- Haçanda kelebek gurçugy kelebege öwrülende ol mör-möjek bolup galýarmy, ýa-da täze ýaratyga öwrülýärmi?

*Bir tarapdan bu şol bir mör-möjekdir, beýleki tarapdan ol "täze dogulyşy" başdan geçirdi. Indi ol gaty üýtgedi we göklere uçup bilýär.*

- Bu mysal biziň Mesihdäki "täze dogulyşymyzy" nädip şekillendirýär?

*Bir tarapdan biz öňküsi ýaly galýarys, emma bizde bolup geçen ruhy özgerişler, edil, gurçygyň kelebege öwrülişi ýaly ulydyr. Biziň durmuşymyzda bu tapawut görüner we biz Hudaýyň Ruhy bilen ýaşarys.*

**11-nji bölüm:** çarçuwadaky aýaty okaň (1. Pet.1:3)

- Mesihiň yzyna eýerýänlere täze ýaşaýyşy kim berýär?

*Biziň Taňrymyz Isa Mesihiň Atasy Hudaý berýär.*

- Ol näme üçin beýle edýär?

*Beýik söýgä baý bolany üçin.*

- Bu “täze dogulyş” bize näme berýär?

*Diri umyt berýär. Ölümden soň hem dowam etjek Mesihdäki durmuşymyza berk ynamly bolup bileris.*

**12-nji bölüm:** lukmanyň öz hassalaryna aýdýan zatlaryny okaň we üç okuwçy üç hassanyň jogaplaryny okasynlar.



- Isany – ruhy hassa adamlara täzelden dogulmagy teklip edýän lukman diýip göz öňüne getiriň.
- A hassasy nähili tip adamlary şekillendirýär?
- B hassasy nähili tip adamlary şekillendirýär?
- Ç hassa nähili tip adamlary şekillendiýär?
- Şeýlelikde, biz nädip ruhy dogulyşa eýe bolýärys?

*A – Mesihe iman edýän, emma Onuň yzyna eýermäge gorkýan adamlary;*

*B – Mesihe hiç ynanmaýan adamlary;*

*Ç – Mesihiň sözlerine ynanyp, Ony öz durmuşyna kabul edýänleri.*

*“Ç” hassa kimin Isanyň sözlerine ynanyp, biz Oňa “ meniň durmuşyma gir” diýýäris (13-nji bölüme seret).*

**13-nji bölüm:** mugallymyň sözlerini okaň. *Bu ädimi häli ätmedikleri özüňiz bilen şahsy gepleşmäge çagyryň.*

## Biziň täze tebigatymyz ( 14-16-njy bölümler)

**14-15-nji bölümler:** okuwçylaryň her biri çarçuwanyň içindäki tekstlerden birini okap bilerler.

- Biz näme? Mesihiň okuwçylary bolanymyzdan soň, biziň duýgylarymyz ýa-da häsiýetimiz üýtgedimi? 15-nji bölümdäki soraga siz nähili jogap berdiňiz?

*Sapakda aýdyp bilerleri ýaly, okuwçylar öýde öz jogaplaryny ýazyp gelmelidiklerini ýatladyň. Mesihe häli iman etmedikler bu soraga jogap berip bilmezler; emma olar imanlylaryň durmuşyndaky özgerişleri aýdyp bilerler.*

- Sapagyň soňunda ýa-da pikir alyşmadan soňra durmuşymyzdaky özgerişler üçin Hudaýa minnetdarlyk bildiriň.

## Biziň ruhy söweşimiz (17-20-nji bölümler)

**17-18-nji bölümler:** 18-nji bölümdäki surata serediň.

- Bu adamlaryň haýsysy täze tebigatyny görkezýär, haýsysy bolsa köne?
- Köne tebigatyňyzyň haýsy häsiýeti bilen söweşýärsiňiz?
- 17-nji bölümdäki çarçuwanyň içinde berilen aýaty okaň. Köne tebigaty ýeňmek üçin biz näme etmeli?

*Köne tebigaty çykaryp täze tebigata beslenmeli, edil geýimleriňi çalşyran ýaly.*

**19-njy bölüm:** çopan tymsalyny okaň.

- Geçiler nämäni alamatlandyrýar?
- Siz nädip "gara geçini iýmetlendirýärsiňiz"?
- "Ak geçiniň " güýçli bolary ýaly siz näme edip bilersiňiz?

*Islege görä: geçileriň urşynyň wideosyny görkeziň ýa-da http://www.youtube.com/watch?v=HG24G-dGzrQ giriň.*

*Siz hem, mugallym hökmünde, öz ruhy söweşleriňiz barada paýlaşmaly. Okuwçylara bu söweşi hemişe alyp barmalydygyny düşündiriň. Hudaý bizde Öz Ruhy bilen ýaşaýar we bize ýeňmäge güýç berýär. (filp. 4:13)*

**Geliň, aýaty ýat tutmagyň üstünde işläliň.**

" şoňa görä-de, kim Isa Mesihe degişli bolsa, ol täze ýaradylyşdyr. Könesi geçip gitdi, indi täzesi geldi" (2 Kor. 5:17).

| Sapagyň bitişi | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:** tejribe ýumşyny bilelikde okaň.<br><br>-bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder?<br><br>-öý işini ýerine ýetirmegi dowam ediň. Her sapaga taýýarlykly gelmek, öwrenenleri paýlaşmak wajypdyr. | **Bilelikde doga etmek:** bizdäki özgerişler üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirmek we her gün ruhy söweşi alyp barmaga güýç soramak. |

# 3-nji sapak: Ata - Hudaý

| Sapagyň maksady: | Medeniýete degişli açyklama: |
|---|---|
| -Hudaý bilen edil atań ýaly gürleşip bilýändigiňe şatlanmak.<br>-sada sözler bilen Mesihiň okuwçylary näme üçin Isa – Hudaýyň Ogly diýýändiklerini düşündirmek.<br>-1Ýoh. 3:1 ýat tutmak<br>-Ata –Hudaýyň çäksiz söýgüsine akyl ýetirip, öz çagalaryňa hem aýnysyny görkezmek. | -Hudaýa "ata" diýip bolarmy?<br>-Hudaý bilen ýakyn aragatnaşyklar.<br>**Taýýarlyk:**<br>"Atanyň söýgi haty" wideosy ýa-da bir nagma sapagyň soňy üçin. |

## Sapagyň başlanyşy

**Bu günki sapak üçin dileg ediň. Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** köne tebigatyňyza mahsus bolan gylyklaryňyz bilen söweşdiňizmi? Özüňizi nähili duýdyňyz? Bu hakyky söweş boldumy? Söweşde ýeňip bildiňizmi?

**Jogaplary barlamak (3-nji sapak):**

**1-nji sorag:** a)Ata; b)Ata;

**2-nji sorag:** a) dogry; b) dogry; ç) dogry;

**3-nji sorag:** söýgi, çagalar;

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** müsülmanlar Hudaýa "Ata" diýmek – bu Oňa dil ýetirmek diýip hasaplaýarlar (medeniýete degişli açyklamalara seret). Ruhy taýdan bu mümkindir. Hudaý bize, Mesihiň okuwçylaryna bu hukugy berdi.

## Pikir alyşmak

### Isa Hudaýa ATA diýýärdi (3-9-njy bölümler)

**4-nji bölüm:** çarçuwadaky Mukaddes kitapdan aýaty okaň.

- "Ata" we "Ogul" sözlerini näçe gezek bellediňiz?

*"Ata" – 3 gezek, "Ogul" – 4 gezek;*

- Näme üçin müsülman dostlarymyz "Ata" we "Ogul" sözlerini Hudaýa garşy ulanmaýarlar?

*Olaryň pikirleri boýunça, mesihiler – Hudaýyň bir aýal bilen jynsy aragatnaşyga girip ogul doguranyny öwredýärler. Emma bu düşünje mesihiler üçin töhmetdir.*

**6-njy bölüm:** biz siz bilen Köne ähtde "Ogul" sözüniň Hudaýa aýratyn şekilde ýakyn bolan adamlar üçin ulanylandygyny öwrendik. Hudaýyň häsiýetlerinden birine eýe bolan, ýa-da Onuň wekili kimin dolandyranlara garşy hem ulanylýar.

- Bu parçadaky haýsy sözler Mesihiň Öz Atasy Hudaýa ýakynlygyny görkezýär?

*"Ata Ogluny söýýär, we ähli edýän işlerini Ogluna görkezýär".*

- Haýsy sözler Isa Mesihiň edil Ata- Hudaýyňky ýaly häsiýete eýedigini görkezýär?

*" Ata näme etse Ogul hem şony eder", " Ata Öz Özünde ýaşaýyşy bar bolşy ýaly, Ogluna hem Öz Özünde ýaşaýyşy bolmagyna erk berdi".*

- Haýsy sözler Isa Mesihiň edil Ata- Hudaýyňky ýaly erk-ygtyýarynyň barlygyny görkezýär?

*"Ogla hormat goýmaýan adam Ony iberen Ata-da hormat goýýan däldir", "Ata ähli kazylygy Ogla tabşyrandyr".*

**7-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Öz medeniýetiňizden, mysal hökmünde, adam özüne garyndaşlyk ýakynlygy bolmadyk birine "oglum" diýip ýüzlenýändigi barada aýdyp bilersiňizmi?

**8-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Isa Mesihiň haýsy sözi Onuň Hudaýyň tebigatyna eýedigini aýdýar?

*" Meni gören Atany hem görendir".*

8-nji bölümi soňuna çenli okaň. *Iki ikiden toparlara bölüniň. Bir adam Mesihiň okuwçysynyň beýlekisi bolsa imansyzyň roluny oýnaýar. "Okuwçy" üç minudyň dowamynda "imansyza" mesihileriň näme üçin Isa Mesihe – Hudaýyň Ogly diýýändiklerini düşündirmeli. Soňra rollaryny çalyşyp aýnysyny etmeli.*

## Biz hem Hudaýa "Ata" diýip bileris

**11-nji bölüm:** 1.Ýoh. 3:1 okaň, soňra 11-nji bölümiň birinji abzasyny okaň.

-Biz Isa Mesihe Hudaýyň Ogly diýip bileris. Biziň Hudaýa batyrgaýlyk bilen "Ata" diýip ýüzlenýändigimiz barada pikir alyşyň.

-Näme üçin biz Hudaýa ruhy manyda öz Atamyz ýaly  ýüz tutup bilýäris?

*Sebäbi Isa Mesihde Hudaý bizi Öz ruhy çagalary etdi.*

**Hereketiň üsti bilen 1Ýoh.3:1 aýatda näme aýdylýanyny öwreniň.**

-Her sözi bir kagyza ýazyp, kagyzlary garyşdyryň;

-Okuwçylardan sözleri dogry yzygiderlikde goýup aýaty okamaklygy haýyş ediň;

-Soňra 2 ýa-da 3 kagyzy aýyryp, aýaty ýene doly şekilde aýtmaklaryny soraň;

-Şu şekilde okuwçylar bütin aýaty ýat tutýança kagyzlary birin-birin aýyrmaga dowam ediň.

**12-nji bölüm: bütin bölümi okaň.**

- Ýerdäki atanyň söýgisi Gökdäki Atanyň söýgisinden nähili tapawutlanýar?

*Ýerdäki atanyň söýgisi şertli bolup bilýär, emma Gökdäki Ata bizi hemişe nähilidigimize garamazdan hemişe söýýär.*

- Hudaý bizi hemişe söýýärmi ýa-da diňe özümizi gowy alyp baranymyzda söýýärmi?

*Hemişe*

- Biz öz çagalarymyzy hemişe söýmelimi ýa-da diňe olar özlerini gowy alyp baranlaryndamy?

*Hemişe.*

**13-nji A bölüm:** hiç kimiň ýerdäki atasy bilen kämil aragatnaşyklary ýok.

- Siz çagakaňyz ataňyz özüni nähili alyp bardy?

*Okuwçylar öz durmuşyndan paýlaşsalar gowy, emma käbirleri erbet hatyralar sebäpli ýa-da atasyny masgara etmezlik üçin paýlaşmak islemeseler, bu olaryň erki.*

**13-nji B bölüm:** 13-nji bölümiň 2-3-nji abzaslaryny okaň.

- Atanyň öz oglunyň ýere ýykylmasyna ýol berişi ýaly, biz Hudaýdan beýle ädime garaşýarysmy?

*Okuwçylara öz gorkulary barada aç-açan gürrüň bermeklerine rugsat ediň. Soňra Hudaýyň bizi hiç haçan aldamajakdygyna ynandyryň. Ol bize "Men sizi hiç wagt ýeke taşlamaryn, terk etmerin" diýdi. (Ýew.13:5)*

**14-15-nji bölümler:** 15-nji bölümde çarçuwadaky aýatlary okaň (Luk.15:20-24).

- Isanyň aýdyp beren tymsalyndaky atanyň haýsy häsiýeti haýran galdyrýar?

*Ol özüne hormatsyzlyk eden ogluny gülen ýüz bilen garşylady.*

- Nähili pikir edýäňiz, Isa Mesih bu tymsalyň üsti bilen bize Hudaý barada näme diýýär?

*Hudaý bu giň göwünli ata meňzeýär. Biz Oňa näçe hormatsyzlyk eden bolsak-da, Ol bizi bagyşlaýar we gülen ýüz bilen garşylaýar*

**16-njy bölüm:** çarçuwadaky Naziryň hekaýasyny okaň.

- Aramyzda şunuň ýaly ýagdaýy ýaşanlar barmy?

*Belki okuwçylar häli beýle ýagdaýda bolup görmediler, ýöne bu ýagdaý olara öňde garaşýan bolup biler. Ýakynlary olaryň mesihidigini bilse, olar ýüz öwürip bilerler.*

- Naziryň atasynyň gatnaşygy Gökdäki Atanyň gatnaşygyndan nähili tapawutlanýar?

*Biziň Gökdäki Atamyz bizden hiç haçan ýüz öwürmez.*

**18-nji bölüm:** bütin bölümi okaň. Zeburlar kitabyndan şu aýaty bilelikde okaň: "hatda ata-enem terk edäýse-de, Reb men barada alada eder".

**Sapagyň bitişi**

| | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:**<br>Bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder? Tejribe ýumşy bilelikde okaň.<br>-bu ýumuşy bilelikde ýerine ýetirip biljek dostuňyz barmy?<br>-sapaklary öýde ýerine ýetirmäge dowam ediň. | **Görüň:** "Atanyň söýgi haty" wideosyny dürli dillerde youtube dan tapyp bilersiňiz. **Ýa-da nagma aýdyň:** Atanyň söýgisi barada.<br>**Bilelikde doga etmek:** Hudaýa ýerdäki atamyza görä has köp bil baglap bilýändigimiz üçin, şeýle-de, ene-atamyz bizden ýüz öwürse-de, Ol bizi terk etmeýändigi üçin minnetdarlyk bildireliň. |

# 4-nji sapak: Mukaddes Ruhuň güýji bilen Mesihi diňlemek.

| | |
|---|---|
| **Sapagyň maksady:**<br>-Hudaýa öz pikriňde, sözüňde, içiňde gulak asmak barada karar almak;<br>-1Pet.1:15 aýaty ýat tutmak;<br>-Hudaýyň üçbirligi barada mysal getirmek;<br>-Mukaddes Ruhdan günsaýyn dolmak islegi. | **Medeniýete degişli açyklama:**<br>-"Hudaýyň üçbirligi" baş ýörelgesi;<br>-gurbanlyk we äht;<br>-Sufizm nukdaýnazaryndan şägirtlik;<br>-müsülmanlar, Mukaddes Ruh we Jebraýyl perişde.<br>**Taýýarlyk:** stakan, käse, kirli daşlar, suw |

**Sapagyň başlanyşy**

Aýdyň mysal bilen başlaň*: kirli daşlar bilen doly stakana suw guýuň.*

*-kim bu suwy içmek isleýär? Näme üçin isläňizok? Biz soňrak muňa geleris.*

*Kirli stakany gyra goýuň.*

*Täze arassa stakana suw guýuň.*

**Bu günki sapak üçin dileg ediň. Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** öz çagalaryňyza şertsiz söýgini haýsy şekilde görkezmäge karar berdiňiz? Tejribede bu nähili boldy?

**Jogaplary barlamak (4-nji sapak):**

**1-nji sorag:** a, b, ç, d, hemmesi dogry

**2-nji sorag:** b

**3-nji sorag:** "özüňizi çagyran Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly, siz hem ähli edýän işleriňizde mukaddes boluň" (1Pet. 1:15)

**4-nji sorag:** b;

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** bu gün biz Hudaý Isa Mesih we Onuň Ruhunyň biziň durmuşymyzda işleýişi barada öwreneris. Şeýle-de biz Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň biri-biri bilen nähili baglydygyny we nädip bir Hudaý bolup bilýändigi barada öwreneris.

## Pikir alyşmak

### Isa Mesih biziň üçin näme etdi (2-6-njy bölümler):

**4-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- "Äht" sözi nämäni aňladýar?

*Äht – bu borçnama, ýa-da ikitaraplaýyn baglanyşyk we ony bozup bolmaýar.*

- Hudaý näme arkaly biz bilen äht baglaşdy?

*Haçda biziň üçin dökülen Mesihiň gany arkaly*

- Biz üçin Hudaýyň halkydygymyz üçin Oňa baglylygymyz näme aňladýar?

*Hudaý Öz tarapyndan bu ähti bozmaz, biz hem bozmaly däl. Biz Onuň saýlan halky.*

" bu äht ..." diýip başlaýan Ikinji abzasy okaň.

- Bu sözlem biziň üçin nämäni aňladýar?

*Biziň Mesihe bolan wepalylygymyz ýönekeý şägirdiň halypasyna bolýan wepalylykdan has beýik bolmaly, sebäbi Mesih biziň üçin halypalaryň edýäninden has beýik iş etdi.*

**5-nji bölüm:** bu üç surata serediň.

- Nähili pikir edýäňiz, bulardan haýsysy wajyp: Isa Mesihe nämede boýun bolmaly- öz işleriňdemi, sözleriňdemi ýa-da pikirleriňdemi?

*Üçüsi hem örän wajyp we biz hiç birine äsgermezlik etmeli däl.*

- Isa Mesih size nädip Oňa pikriňizde, işiňizde, sözüňizde gulak asmaga kömek edýär?

**Mukaddes Ruhuň biziň durmuşymyzdaky hereketi (7-12-nji bölümler):**

**8-nji bölüm:** ikinji abzasy okaň.

- Mukaddes Kitabyň taglymatyna görä Mukaddes Ruh kim?

*Bu dünýäde, aýratynam, Mesihiň şägirtlerinde aktiw hereket edýän Hudaýyň şahsy huzury.*

- Isa Mesihiň yzyna eýereniňiz bäri, Hudaýyň huzury siziň durmuşyňyzda has çynlakaý bolup başladymy? Nämeleri başdan geçirdiňiz?

**11-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Sapagyň A parçasyna nähili jogap berdiňiz? Näme üçin?

*a) Ylym nukdaýnazaryndan – eger güneş bize yşygyny we ýylylygyny bermese, biz ony görüp ýa-da duýup bizmezdik.*

- Sapagyň B parçasyna nähili jogap berdiňiz? Näme üçin?

*b)Eger Hudaý Öz Ogluny ýere iwermedik bolsa, onda biz Onuň nähilidigini bilip bilmezdik. Eger Ol bize Mukaddes Ruhuny bermedik bolsa, onda biz Onuň huzuryny durmuşymyzda duýup bilmezdik.*

- Bu sapakda berilen mysallar size Hudaýyň üçbirligini düşünmäge nähili kömek edýär?

**Hudaýyň üçbirligini nähili duýmaly:** 1.Pet. 1:2-9 okaň.

*Bu aýatlar bize Hudaýyň üçbirligine, soňuna çenli düşünmesek hem, nädip duýup biljekdigimizi aýdýar.*

- 2 we 3-nji aýatlara görä Hudaý- Ata, Hudaý- Ogul we Hudaý – Mukaddes Ruh biziň üçin näme etdi?

*Ata – bizi öňden saýlady we täze dogulyş berdi. Isanyň gany bizi tämizledi. Mukaddes Ruh bizi Ogula tabyn bolmagyň üsti bilen mukaddes edýär.*

- 5-nji aýata görä, biz ýerdekäk bizi näme goraýar?

*Hudaýyň güýji*

- 6-njy aýata görä, biz synaglara duçar bolanymyzda näme etmeli?

*Şatlanmaly.*

- Biz Hudaýy görmesek-de, Onuň üçbirlik şahsyýetine soňuna çenli düşünmesek-de, biz nähili duýgylary başdan geçirýäris?

*Biz Ony söýýäris, Oňa iman edýäris, biz beýik şatlyk bilen dolup daşýarys we janymyzyň halas bolmagyny gazanýärys.*

**12-nji bölüm:** birinji abzasy we Mukaddes Ruhuň bize berýän peşgeşlerini hem okaň.

- Bu peşgeşlerden haýsysyny size Mukaddes Ruh berdi?
- Şeýlelikde, Mukaddes Ruh biziň durmuşymyzda hereket etmelimi ýa-da bu hökman dälmi?

## Mukaddes Ruh bizi mukaddes edýär (13-16-njy bölümler)

֍ aýdyň mysalymyza dowam ediň!

Daşly stakanlary alyň we şeýle diýiň:

-*bu kirli suwy hiç kim içmek islemeýär! Eger biziň durmuşymyz bu stakan ýaly kirli we agyr günälerden doly bolsa, biz tämizlenmäge mätäç.*

-bu stakany tämizlemek üçin näme etmeli? *Daşlaryny aýyryp, tämiz suw bilen ýuwmaly. Daşlary aýyryň we stakany tämiz suw bilen dolduryp görkeziň.*

**14-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Siziň pikriňizçe, mukaddes bolmak näme? Mysallar getiriň.

*Bütinleý mukaddes bolmak – bu Hudaý ýaly bolmakdyr! Meselem: biziň pikirlerimiz tämiz, biz başgalara kämilleşmäge kömek edýäris, biz ýalňyş hereket etmeýäris we ş.m.*

**15-nji bölüm:**

- Biziň üçin kim görelde?

*Biziň göreldämiz – bu Hudaý. Biz mukaddes bolmaly, sebäbi Hudaý mukaddesdir.*

- Adamlar Hudaý ýaly mukaddes bolup bilermi?

*Biz muny öz güýjimiz bilen edip bilmeris. Köp dinlerde öz güýji bilen mukaddes bolmaga çalyşan adamlar mukaddeslige ýetip bilmän lapykeçlige uçraýarlar.*

- Biziň ýokarda okanymyza görä, bizi kim mukaddes edýär?

*Hudaýyň Ruhy mukaddesdir we Ol bizi mukaddes edýär(2 aýat). Arassa suwuň kirli stakany tämizleýişi ýaly, biz Hudaýyň Ruhy bilen tämizlenýäris.*

**16-njy bölüm:** çarçuwadaky 1Pet.1:15 aýaty ýat tutuň. Elleriňizi ýokary galdyryp, Hudaýdan sizi ýene-de Mukaddes Ruhdan doldurmagyny soraň.

### Mukaddes Ruh biziň durmuşymyzy doldurýar (17-20-nji bölümler)

**20-nji bölüm:** bütin bölümi okaň. *Bu bölümi stakan we suwuň üsti bilen aýdyň mysal edip görkeziň. Biz küýze suw alyň we birnäçe stakany bir gaba goýuň. Ol gaba artykmaç suwlar aksyn.*

Eger biz Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolsak, Ol bizi Mukaddes Ruhy bilen doldurýar. Kämahal Hudaý bizi bir salymda Mukaddes Ruhdan doldurýar. Käte bu ýuwaş-ýuwaşdan bolýar. Hudaý bize Onuň Ruhundan her gün dolmaga dowam etmegimizi buýurýar. Günden güne biz Hudaýyň Ruhundan has köp dolmaly.

### Sapagyň bitişi

| Öwrenenleri ulanma: | Bilelikde doga etmek: |
|---|---|
| -bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder?<br>-tejribe ýumşuny bilelikde okaň;<br>-eger sizde Mukaddes Kitap ýa-da Injil bar bolsa indiki sapaga getiriň;<br>Eger *sizde mümkinçilik bar bolsa, talyplaryň hersine Mukaddes Kitap ýa-da Injil almaklaryna kömek ediň.* | Häzir bizde şeýle pursat bar: biz Hudaýa içimizdäki “kirli daşlar” barada aýdyp bileris. (okuwçylar içinden toba ederi ýaly, biraz sessizlik ýaradyň. Eliňizdäki daşlary aýdyň mysal edip ulanyp bilersiňiz) Hudaýdan Öz Mukaddes Ruhy bilen bizi tämizlemegini, mukaddes etmegini we her gün Öz Ruhy bilen doldurmagyny soraň. |

# 5-nji sapak: Hudaý bilen gepleşik

| Sapagyň maksady: | Medeniýete degişli açyklama: |
|---|---|
| -Hudaý bilen günüň dowamynda gepleşmegi öwrenmek;<br>-Doga – bu ýöne bir dessur däl, bu Hudaý bilen gepleşik; | -doga teologiýasy;<br>-sufizmde meditasiýa;<br>-müsülmanlar, doga we täret;<br>-doga mätäçlikleriň spisogy; |

| | |
|---|---|
| -Doga öz içine toba etmegi, minnetdarlyk bildirmegi we dileg etmegi öz içine alýandygyny öwrenmek;<br>-“Göklerdäki Atamyz” – dogasyny ýat tutmak. | **Taýýarlamak:** doganyň üç görnüşiniň atlary (14bölüm), kagyz ýa-da kartoçkalar,galamlar, gaýçylar, konselýar dügme. |

## sapagyň başlangyjy

**Bu günki sapak üçin dileg ediň. Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** Hudaý sizi Mukaddes Ruhdan doldursyn diýip her gün dileg etdiňizmi? Siziň durmuşyňyzda Mukaddes Ruh her gün nähili işledi?

**Geçen sapakda ýat tutan aýadyňyzy gaýtalaň (1Pet. 1:15):** her okuwçy ýatdan aýtsyn.

**Jogaplary barlamak (5-nji sapak):**

**1-nji sorag:** a)

**2-nji sorag:** günäleriňi boýun alamak, minnetdarlyk bildirmek, dileg etmek. Islendik yzygiderlikde.

**3-nji sorag:** “hemişe doga ediň”

**4-nji sorag:** Hudaýyň dogasy, 14-nji bölümdäki ýaly.

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** 1-nji bölümdäki surata serediň. Hudaý edil beýik patyşa ýaly. Ol näme üçin bizi diňleýär? Sebäbi Ol biziň Göklerdäki Atamyz we Ol bizi, ýagny Öz çagalaryny, diňlemegi söýýär.

### Pikir alyşmak

**Hudaý bilen Ataň ýaly gepleşmek (2-5-nji bölümler)**

**3-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Näme üçin bize Hudaýa ýakynlaşmak üçin “mukaddes adamlaryň” töwellaçylygy gerek däl?

*Biz – Hudaýyň ruhy çagalary, şonuň üçin biziň özümizde Hudaýa ýakynlaşmaga erkimiz bar.*

**4-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

Bu jogaplardan haýsysyny bellediňiz?

- Siziň üçin Hudaý bilen näme barada gepleşmek kyn? Näme üçin?

*Biz Hudaý bilen ähli zat barada gepleşip bileris!*

## Dini we şahsy doga (6-10-njy bölümler)

### 9-njy bölüm:

- Näme üçin adamlar dini dogalary okaýarlar? Näme üçin olar resmi däl dogalar edýärler?

*Meselem, adamlar köplenç dini dogalary Hudaýyň öňünde ödül gazanmak üçin edýärler, we şahsy dileglerini Hudaýdan kyn ýagdaýlarda kömek soramak üçin edýärler.*

- Doganyň esasy maksady näme bolmaly?

*Hudaýa ýakynlaşmak we Onuň bilen ýakyn aragatnaşykda ýaşamak üçin bolmaly.*

**10-njy bölüm:** birinji abzasy we çarçuwadaky aýaty okaň (1Pet. 1:8)

- Siz şeýle "söz bilen taryplap bolmajak beýik şatlyk"dan dolup daşdyňyzmy? Öz duýgylaryňyzy paýlaşyň.
- Käbir adamlar Hudaýa mantra okamak bilen ýakynlaşmak isleýärler. Ýöne biz Hudaýyň huzuryna nädip gelip bilýäris?

*Isa Mesihiň üsti bilen. Ol Hudaýa eltýän ýeke-täk ýoldur.*

## Dyngysyz dileg ediň (11-13-nji bölümler):

### 12-13-nji bölümler:

- 1Sal. 5:17 bize nähili buýruk berilen?

*Biz dyngysyz doga etmeli.*

- Gündelik durmuşda muny nähili ýerine ýetirip bolýar?

*Meselem, Hudaýyň Ruhunyň üsti bilen, biz Hudaý bilen günuzyn gepleşikde bolup bileris. (13-nji bölümdäki sitata seret) ýa-da okuwçylar öz mysallaryny getirsin.*

- 13-nji bölümde sanalan jogaplardan haýsysyny bellediňiz?

*Muny hemişelik endik edinmek gowy bolardy.*

- Soňky jogapda "nahardan ozal" diýilýär. Sizde bu endik boldumy? Her gezek nahardan öň doga edýäňizmi?

*Müsülmanlar bilen ýaşaýan okuwçylarda muny etmäge mümkinçilik bolman biler. Emma okuwçylar muny şaýatlyk hökmünde edip bilýärler.*

- 13-nji bölümiň soňundaky mugallymyň sözlerini okaň.

## Hudaýa dileg (14-15-nji bölümler)

" Gökdäki Atamyz" dogasyny ýat tutýarys: bir gezek şägirtleri Isadan : "bize doga etmegi öwret", diýip soradylar. Ol hem "Gökdäki Atamyz" dogasyny öwretdi. Okuwçylaryň biri Mat. 6:9-13 aýatalary okasyn. Her okuwçy bu doganyň sözlemlerinden birini saýlap, sözlemi kagyza ýazsyn. Siz bu kagyzlary garyşdyryň we okuwçylardan olary dogry yzygiderlikde ýerleşdirmeklerini soraň.

*Eger talyplaryň arasynda politiki gizlenme üçin ýüz tutanlar bar bolsa, söhbetdeşlekde BMG işgärleri bu dogany ýatdan aýtmaklaryny sorap bilerler. Şonuň üçin bu dogany ýat tutmak wajypdyr.*

- Biz "Gökdäki Atamyz" dogasyny okasak, bu bize hyzmat saýylarmy? Eger biz ony 10 gezek gaýtalap aýtsak, bu bize artykmaç hukuk berermi?

*Ýok! Isa – Hudaý şeýle diýdi: "doga-dileg edeniňizde butparazlar ýaly boş sözleri gaýtalap durmaň. Olar köp sözlemek bilen eşidileris öýdýärler." (Mat. 6:7)*

- Siziň pikriňizçe, haýsy dilde doga etmeli: rusça, iňlizje, arapça ýa-da öz diliňdemi?

*Käbir adamlar "iň gowusy arapça" diýýäler. Ýöne biz Hudaýa öz dilimizde minnetdarlyk bildirip, mätäçliklerimizi Onuň öňünde açyp Oňa has ýakyn bolup bileris.*

## Günäleri boýun almak, minnetdarlyk bildirmek, dilemek (16-22-nji bölümler)

**15-nji bölüm:** Hudaýyň dogasy üç hili dogadan ybarat: günäleri boýun almak, minnetdarlyk bildirmek we dilemek. Okuwçylara Taňrynyň dogasyny bu üç hili doga aýyrmaklaryny soraň. Bu doganynyň üç hiliniň atlaryny diwarda asyp bilersiňiz.

**17-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Eger biz günälerimizi boýun alsak, toba etsek, Hudaýyň bizi bagyşlap tämizlejekdigine nädip ynanyp bileris?

*Sebäbi Hudaý şeýle etjekdigine söz berdi. 1Ýoh. 1:9: "Emma günälerimizi boýun alsak, sadyk hem adalatly Hudaý günälerimizi bagyşlar we bizi her hili ýamanlykdan tämizlär."*

**20-nji bölüm:** bilelikde Mat. 7:7-11 okaň.

*Okuwçylara bu aýaty tapmak kyn bolup biler. 6-njy sapakda Mukaddes Kitapda aýatlary nädip tapmalydygy düşündirilýär.*

- Isa Mesih nähili buýruk berýär? (7-nji aýata seret)

*Diläň, gözläň, gapyny kakyň.*

- Isa Mesih bu ýerde näme wada berýär? (7-nji aýat)

*Dileýäne beriler, agtaran tapar, gapyny kakýana açylar. Bu wadalar 8-nji aýatda hem gaýtalanýar.*

- Isa haýsy esasy pikiri aýdýar? (9-11-nji aýatlar)

*Biziň Gökdäki Atamyz ýagşydyr. Ol Öz çagalaryna ýagşy eşretleri bermegi söýýär.*

- Hudaý siziň dogaňyza beren jogabyny mysal getiriň.
- Näme üçin biz dilän zatlarymyzy hemişe alyp bilmeýäris?

*Käte biz özümize bähbit getirmejek zatlary soraýarys. Şonuň üçin ogul ýylan sorasa atasy oňa ýylan berermi? Ýok! Hiç haçan! Eger biz islän zadymyzy alyp bilmedik bolsak hem, biz Hudaýa bil baglap ýaşamaly. Ol bize islänimizi bermän, bizi jezalandyrmaýar. Ol biziň mätäçliklerimizi bilýär.*

**22-nji bölüm:** kimiň mätäçlikleri üçin biz doga edip bileris? 22-nji bölümde siz haýsy jogaplary bellediňiz?

| Sapagyň bitişi | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:**<br>Bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder? Öz dogalaryňyza nähili üýtgeşikler girizersiňiz?<br>**Gaýtalama: tejribe ýumşuny gözden geçiriň.** Doga mätäçlikler spisogyny nähili edip düzmeli, pikirleriňizi teklip ediň. Kim üçin doga etmeli bolsa, atlaryny ýazmagy hödürläň. Siz olara doga etmek üçin spisok uýgulamasyny ulanyp biljekdikleri barada aýdyň. | **Ruhlandyrma:** sapaklary öýde ýerine ýetirmäge dowam ediň! Indiki sapaga öz Injiliňizi ýa-da Mukaddes Kitabyňyzy getiriň.<br>**Doga etmek:** Hudaýyň dogasyny öz dogaňyzyň esasy hökmünde ulanyň. Hudaýdan Oňa ýakyn bolup ýaşamaga we her gün "dyngysyz" doga etmäge kömek soraň. |

# 6-njy sapak: Hudaýyň sözüniň biziň durmuşymyzdaky orny

| **Sapagyň maksatlary:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -Hudaý bilen her gün wagt geçirmegi endik edinmek;<br>-Hudaý bilen wagt geçirende üç ädimi ýat tutup ulanmak;<br>-Mukaddes Kitapdan aýatlary tapmagy öwrenmek.<br>-Mukaddes Kitaby okamak islegini oýarmak. | -müsülmanlar we Mukaddes Kitabyň Hudaýyň ylhamy bilen ýazylyşy;<br>-beýan etmeniň yzygiderligi;<br>-Hudaýyň Özi baradaky aýanlygy. |

**Taýýarlamak:** Hudaýyň okuwçylara aýdanlaryny ýazyp bilmekleri üçin depderler. Mümkin bolsa öz depderiňizi okuwçylara mysal hökmünde getirip görkeziň. Eger okuwçylarda häli Mukaddes Kitap ýok bolsa, onda olar nireden we nädip alyp biljekdiklerini öwreniň.

## Sapagyň başlanyşy

**Bu günki sapak üçin doga ediň. Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** geçen hepde siz Hudaýyň dogasy bilen dileg etdiňizmi? *Häzir bilelikde bu dogany ediň. Geçen sapakda ulanan kagyzlaryňyzy alyp, häzir her okuwçy bir sözlemden okamagyny sorap bilersiňiz.*

**Jogaplary barlamak (6-njy sapak):**

**1-nji sorag**: a) Amir, b) olar güýçlerini ýitirýärler we ölýärler**.**

**2-nji sorag**: b) ýeke-täk dogry jogap. A) jogaby ýalňyş, sebäbi ol ýerde “diňe” sözi bar

**3-nji sorag:** köne, täze

**4-nji sorag:** taýýarlyk, okuw, doga.

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** eger siz kimdir birini söýýän bolsaňyz, öz söýgiňizi ol adama nädip görkezýäňiz? *Meselem, onuň bilen wagt geçirýäňiz, gepleşýärsiňiz, ony diňleýärsiňiz.*

Geçen hepde biz Hudaý bilen gepleşmegi öwrendik, bu gün bolsa Hudaý bize Öz Sözüniň üsti bilen gepleýändigini öwreneris. Okuwçylardan biri mezmurlar 18:10-11 okasyn.

## Pikir alyşmak

### Hudaýyň Sözüne bolan teşne (1-5-nji bölümler)

**1-2-nji bölümler:** birinji bölümdäki suratlara serediň. Soňra çarçuwadaky aýaty okaň.

- Hakykatdanam, biz edil bäbegiň süýt isleýişi ýaly, Hudaýyň Sözüni isleýärismi?

## Mukaddes Kitap – bu Hudaýyň Sözi (6-10-njy bölümler)

**8-nji bölüm:** bütin bölümi okaň. Käbir mesihiler Mukaddes Kitaby adaty bir kitap hasaplaýarlar. Ony adamlar ýazdy we ol adamzadyň taryhy barada aýdýar.

- Biz nädip adamlara Mukaddes Kitap – Hudaýyň Sözüdigini düşündirip bileris?

*Mukaddes Kitaby ýazanlar Hudaýyň Ruhyndan ylhamlanyp ýazdylar.*

- Kitabyň tekstleriniň üýtgedilmändigini biz nirden bilýäris?

*Dünýä muzeýlerinde müňlerçe gadymy golýazmalar terjimeçilere elýeterli şekilde saklanýar. Bu bize Mukaddes Kitabyň birinji tekstiniň manysynyň saklanandygyna ynam berýär.*

**10-njy bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Mukaddes Kitap ilkibaşda haýsy dilde ýazyldy?

*Ýewreýçe we grekçe*

- Siziň diliňize Mukaddes Kitaby kim terjime etdi, bilýäňizmi? Siziň öz diliňizde Mukaddes Kitabyňyz barmy?

*Mukaddes Kitabyň dürli dillerdäki terjimelerini* bible translations by language *tapyp bilersiňiz.*

Mukaddes Kitaby beýleki dillere terjime etmek – onuň asyl nusgasynyň özgerdilmesini aňlatmaýar. Ol bize Hudaýy öz dilimizde eşitmäge rugsat berýär.

*Mukaddes Kitabyň her hili dillere terjimesini öz ýurduňyzyň Bibliýa jemagatynda satyn alyp bilersiňiz. Käbir telefon uýgulamalarynda hem Mukaddes Kitaby tapyp bilersiňiz, meselem, "mybible", "andbible", "bible.is"*

## Mukaddes Kitabyň gurulyşy (11-15-nji bölümler)

**12-14-nji bölümler:** öz Mukaddes Kitabyňyzyň her parçasyny okuwçylara görkeziň.

- Töwrat we Zebur kitaplaryny öz içine alýan parça nähili atlandyrylýar?

*Köne äht.*

- Injil atly parçada haýsy kitaplar jemlenen?

*Injil – Täze äht. Köplenç bütin täze ähti Injil diýýärler, ýöne her Hoş Habar – bu Injildir.*

- Täze äht kitaby Köne ähti galdyrýarmy? Näme üçin?

*Ýok, bize iki parça hem gerek. Olar bilelikde Hudaýyň gymmatly sözleri bolup, müňlerçe ýyllaryň dowamynda Hudaýyň adamlar bilen bolan aragatnaşygyny beýan edýär.*

**15-nji bölüm:** Mukaddes Kitabyň mazmunyny açyň. Okuwçylara 1Pet. 1:3 tapmaga kömek ediň. Bu aýaty okadyň.

*Her okuwçy bu aýaty öz kitabynda tapmalydyr.*

- Eger biz her gün Hudaý bilen gepleşmäge wagt aýyrsak, sapagyň başyndaky B resimdäki çaga ýaly güýçli we agdyn bolup ýetişeris.

*Eger okuwçylarda Mukaddes Kitabyň dürli terjimeleri bar bolsa, onda grekçe – asyl nusgadaky sözüň manysyny dürli tarapdan görüp biljekdigimizi aýdyp bilersiňiz.*

## Hudaý bilen her gün aragatnaşykda bolmak (16-22-nji bölümler)

**18-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- a) we b) soraglaryna nähili jogap berdiňiz?

*Her okuwçy jogap bersin. Eger kimdir biri jogap ýazmadyk bolsa, olara boş ýerleri öz jogaplary bilen doldurmaklygyň şertdigini ýatladyň.*

- Hudaý bilen her gün aragatnaşyk saklamak üçin biz oňaýly wagty we ýeri saýlamalydyrys. Size muny endik edinmäge näme kömek edip biler?

*Haçan-da biz muny ýerine ýetirsek, biz bu barada oýlanýarys we köpräk zatlary bilip bilýäris.*

**22-nji bölüm:** ikinji abzasy okaň. Her okuwçy öz pikrini aýtsyn.

## Uýgulama 1: Meniň HUDAÝ bilen gündelik aragatnaşygym

**1-nji ädim: taýýarlyk.** Eger siz patyşa bilen duşuşmaly bolsadyňyz, siz muňa nähili taýýarlanardyňyz? *Iň gowy egin-eşikleriňizi geýerdiňiz, özüňizi gowy tertibe getirerdiňiz.*

- Biz Hudaý bilen duşuşyga nähili taýýarlanyp bileris? *Okuwçylardan birinji ädim barada öz pikirlerini paýlaşmaklaryny soraň.*

**Hemmäňiz bile taýýarlanyň:** meselem, her kim öz şahsy günälerini Hudaýyň öňünde boýun alyp toba etsin.

**2-nji ädim: okuw.** Hudaý bilen gündelik aragatnaşygynyň ikinji ädimini aýdyň.

- Biz näme etmeli?

*Okuwçylara Mukaddes Kitapdan aýatlary, dogalary depdere ýazyp, olary durmuşda nädip ulanjakdyklaryny bellemeklerini maslahat beriň. Siz olara depder sowgat berip kömek edip bilersiňiz. Öz mysalyňyzda muny nähili ýerine ýetirmelidigini görkeziň.*

**Ikinji ädimi bilelikde tejribede ýerine ýetiriň. 1Pet. 1:13-15.**

- 1Pet. 1:13- 15 okaň we okuwçylara ýene bir gezek içinden okamaklaryny soraň.

*Eger okuwçylaryňyzyň arasynda dürli milletden bolanlar bar bolsa, olar öz dilinde okap bilerler.*

- Haýsy söz size aýratyn täsir etdi?
- Siz bu wajyp pikiri ýatda saklamak üçin näme etjek?

*Meselem, ony depdere ýazyp almak, ýat tutmak we ş.m. depderleri paýlaň we* ***mysal-depderi*** *görkeziň.*

- Hudaýyň size bu gün aýdanlaryny ýerine ýetirmek üçin siz näme etjek?
- Hiç bir bäbek süýdi içip, soňra ony tüýkürip taşlamaýar. Eger biz Mukaddes Kitaby okap, ony ýerine ýetirmesek, biz hut şeýle eden bolýarys.

**3-nji ädim: doga.** Hudaý bilen gündelik aragatnaşyklarynyň üçünji ädimini aýdyň.

- Doga – bu biziň Gökdäki Atamyz bilen gepleşik. Biz Hudaý bilen näme barada gepleşip bileris? *Indi doga ediň.*
- Geçen hepde biz doga mätäçlikler spisogy barada gepleşdik. *Arañyzda şeýle spiosok düzenler barmy? Spisok boýunça doga etdiňizmi? Siz muny nähili ýerine ýetirdiňiz?*
- Hudaý bilen gündelik aragatnaşykda bolmak barada pikirleriňiz ýa-da soraglaryňyz barmy?

**Sapagyň bitişi**

| | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:** bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder? (hemmeler jogap bermeli, siz hem).<br><br>-tejribe ýumşuny bilelikde okaň. Bu ýumuş örän wajypdyr. Indiki hepde biz sizden öwrenen zatlaryňyzy paýlaşmagyňyzy sorarys.<br><br>-muny hemişe ýerine ýetirmek üçin siz her hepde kimdir biri bilen duşuşyp bilersiňizmi? | **Bilelikde doga etmek:** okuwçylaryň aýratyn mätäçlikleri bar bolsa, olar üçin dileg ediň. Hudaýa bizi söýýändigi üçin we biz bilen wagt geçirmek isleýändigi üçin minnetdarlyk bildireliň. Bize Onuň bilen her gün wagt geçirmek endigini berkitmäge kömek soraň. |

# 7-nji sapak: Mesihiň ybadathanasynyň agzalary.

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -ýerli mesihiler ýygnagyna goşulmaga karar almak;<br>-1Pet. 2-nji bapdan Hudaýyň ybadathanasynyň nämedigini öwrenmek;<br>-1Pet. 2:9 aýaty ýat tutmak;<br>-1Pet kitabyndaky aýatlary tapmagy öwrenmek. | -iki sany aýratyn daş;<br>-meňzeşlik meselesiniň çözgüdi;<br>-umma;<br>-özüňi howp astyna atmagyň ähli faktorlaryny ölçemek. |

**Taýýarlyk:** kubikler, burçdaşyny görkezmek üçin bir kerpiç.

## Sapagyň başlangyjy

**Bu günki sapak üçin dileg ediň. Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** Hudaý bilen her gün wagt geçirip bildiňizmi? Bu Gökdäki Atamyza has ýakyn bolmaga kömek etdimi? Eger kimdir biri Hudaý bilen her gün wagt geçirip bilmedik bolsa, oňa kim ýa-da näme päsgel berdi? Şunuň ýaly böwetleri bu hepde nädip ýeňip bolar?

**Jogaplary barlaň (7-nji sapak):**

**1-nji sorag:** a) öý; b) saýlanan; ç) doganlyk (maşgala);

**2-nji sorag:** Isa Mesih.

**3-nji sorag:** saýlanyp- seçilen halk, patyşanyň ryhanylary, mukaddes millet, Hudaýa degişli halk, garaňkylykdan ajaýyp nura çagyrylanlar (1Pet. 2:9).

֍ **bu günki sapagyň adyny aýdyň:** stoluň üstüne birnäçe dürli göwrümde we dürli reňkde kubikler goýuň.

- Bu öýde ýaşap bolarmy?

*Ýok! Kubiklerden öý ýasamak üçin olary özara birikdirmeli.*

Uly kerpiji goýup, onuň üstüne kubikleri ýerleşdirip öý guruň. Bu gün biz Mesihiň jemagatynyň ýa-da imanlylar jemagatynyň nämedigini öwreneris.

## Pikir alyşmak

### Giriş (1-2-nji bölümler):

**1-nji bölüm:** Naser baradaky hekaýany, onuň sözlerini we 1-nji bölümi okaň.

- Naser barada näme diýip pikir edýäňiz? 1-nji bölümdäki soraga nähili jogap berdiňiz?

  *Käbir ülkelerde yslamdan gelen imanlylar bilelikde arkaýyn toplanyşyp bilýärler. Emma käbir ýerlerde bu gaty howply bolup bilýär.*

- Ikinji bölümden soň ýazylan mugallymyň sözlerini okaň.

## Ruhy öý (3-10-njy bölümler):

**3-nji bölüm:** 1Pet. 2:4-8 açyň. Okuwçylardan biri bu aýatlary okasyn.

*Her bir okuwçy bu aýatlary tapyp bilmegine gözegçilik ediň.*

- 5-nji aýada laýyklykda, biz, “diri daşlar” nämä gurulýarys?

*Ruhy öýe*

- 6 we 7 aýatlarda “burç daşy” barada aýdylýar. Bu daş öý gurmakda nähili roly oýnaýar?

*Ol öýüň esasy bolup goýulýar we diwarlaryň ýönlerini kesgitleýär.*

- Bu aýatlardaky gymmatbaha BURÇ DAŞY kim?

*Isa Mesih, Hudaý tarapyndan seçilen (6), gymmatbaha (7), beýlekiler tarapyndan ret edilen (7), Özüni ret edenlere kazylyk etjek (8).*

*Eger siziň toparyňyzda edip bolsa, BURÇ DAŞYNY yslamdaky dogalaryň gönükdirilen Mekgedäki gara daş bilen garşylaşdyryp mysal getirip bilersiňiz.*

**6-njy bölüm:** soňky abzasy okaň.

- Dogry jogaby aýdyň. (*b*) .

*Käbir ülkelerde ýörite ýygnak jaýlary ýok, käbirlerinde bolsa köp. Emma köp bolmagyna garamazdan, yslamdan gelen imanlylar kimdir biriniň öýünde toplanmagy saýlaýarlar.*

**7-nji bölüm:** ikinji abzasy okaň, “ Reb Isa Öz şägirtlerine şeýle diýdi:..”. – diýip başlaýar.

Bu gün bu ýerde biz, Isa Mesihiň adyna toplananlar iň azyndan 2- 3 adamdyrys, öýle dälmi?

- Diýmek, Isa Mesih şu wagt şu ýerde biziň bilen bilemi?

*Howwa, biz Ony görmesek hem, Ol Ruhy bilen aramyzda.*

- Siz beýleki imanlylar bilen Hudaýy şöhratlamak üçin toplananyňyzda Onuň huzuryny duýduňyzmy? (9-njy bölüme seret).

## Saýlanan nesil (11-18-nji bölümler)

**1Pet. 2:9-10 aýatlary okaň:**

- 9-njy aýatda haýsy söz siziň göwnüňize ýaraýar? Näme üçin?
- 10-njy aýat sizde nähili duýgylary oýarýar?

*Yslamdan gelen imanlylar üçin bu aýat örän möhüm ähmiýete eýe, sebäbi bu aýat olaryň Mesihdäki we Onuň jemagatyndaky kimligi barada aýdýar.*

֍ Biz kim? 1Pet. 2:9 aýadyny ýat tutmak üçin oýun. Bir okuwçydan " biz kim?" diýip soraň. Ol "saýlanan halk" diýer. Soňra bu okuwçy beýlekisinden "biz kim?" diýip sorar. Ol hem "patyşanyň ruhanylary" diýip jogap berer we ş.m. Bu oýuny her okuwçy aýady ýat tutýança gaýtalaň.

**14-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Haýsy milletden/ ýurtdan gelen mesihi gördüňiz?
- Siziň olar bilen näme umumylygyňyz bar?

*Edil bu kubikler ýaly, biz hem dürli-dürlidiris we biziň her birimiz imanlylary berkidýän ajaýyp jemagaty gurmak üçin gereklidiris.*

- Siziň ýagdaýyňyzda haýsy gowy: diňe öz milletiňizden bolan imanlylar bilen duşuşmakmy ýa-da dürli milletden gelen mesihiler bilenmi?

*Iki ýagdaý hem üstünlikli bolup biler.*

**15-nji bölüm:** bölümiň birinji parçasyny okaň.

- Bu aýata görä Hudaý bizi nirä çagyrdy?

*Garaňkylykdan Öz Nuruna.*

- Hudaý bizi näme üçin çagyrdy?

*Onuň şan-şöhratyny yglan etmek üçin.*

- Diýmek, biz näme etmeli?

*Başgalara Hudaýyň beýik işleri we Onuň ýagşylygy barada aýtmaly.*

**16-njy bölüm:** şu surata serediň. Bu iki edermen aýallar Mesihiň olary yşyk bolmaga çagyranyny bilýärler. Sizde hem Hudaýyň ajaýyp işlerini paýlaşmaga mümkinçilik barmy?

## Doganlyk / maşgala (19-22-nji bölümler)

**22-nji bölüm:** bütin bölümi okaň. Goýy şriftler bilen ýazylan soraglar barada pikir alyşyň.

- Mugallymyň sözlerini okaň. Siz özüňizi kim diýip atlandyrardyňyz we müsülman garyndaşlaryňyza öz imanyňyz barada nädip aýdyp bererdiňiz?

*Eger biz Hudaýyň Sözüne tabyn bolsak, biri-birimizi Mesihde dogan ýaly kabul ederis. Biz özümiziň milletimizi ýa-da sosiýal ýagdaýdaky kimligimizi ýitirmeýäris; emma biziň Mesihdäki kimligimiz ähli zatdan üstündir.*

- Siz olara näme diýerdiňiz: “men hristiýan”, “ men Mesihiň şägirdi boldum” ýa-da başga zatmy?

*“Hristiýan” – sözi käbir ýagdaýlarda alkogol, doňuz eti, jynsy ahlaksyzlyk, müsülmançylyga garşy bir zat ýaly eşidilýär. Käbir ýerlerde hristiýanlaryň “kimdigini” has anyk bilýärler. Mukaddes Kitap imanlylary her hili atlandyrýar. Biz özümizi ýagdaýa görä atlandyryp bileris.*

## Mesihiň ýygnagy size gerekmikä? (23-25-nji bölümler)

**24-nji bölüm:** bütin bölümi okaň. Bu bölümdäki soraga nähili jogap berdiňiz?

- Naser barada näme oýlaýarsyňyz? Ol beýleki imanlylar bilen aragatnaşyk saklaman, Mesihiň ýanyp duran şägirdi bolup bilermi?
- 1-nji bölümde ýazan jogabyňyza serediň. Bu günki sapakdan soň siz Nasere näme maslahat bererdiňiz?

**25-nji bölüm:** Mesihiň güýçli jemagaty bolmak üçin, biz öý gurluşygyndaky ýaly biri-birimiz bilen güýçli bagly bolmalydyrys.

- Bu jemagaty gurulmasynyň dowam etmegi üçin biz bu ýerde näme edip bileris?
- Mesihiň beýleki şägirtleri bilen ýygnanyşmak üçin siz nähili mümkinçilik döredip bilersiňiz?

## Sapagyň bitişi

| | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:** bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder?<br><br>-tejribe ýumşuny bilelikde okaň.<br><br>-bu hepde duşuşar ýaly siziň imanly doganyňyz barmy?<br><br>Eger toparda duşyşmaga imanly dosty ýok bolan okuwçylar bar bolsa, onda olar bilen siz ýa-da topardaşlary duşyşyp bilersiňiz. | **Bilelikde doga:**<br><br>Biri-birimiz üçin Hudaýa minnetdarlyk bildireliň we aramyzda biri-birimize ynamymyz artsyn diýip dileg edeli. Hudaýdan bize güýçli jemagat bolmaga kömek etmesini soraň. |

# 8-nji sapak: iki toparyň/jemagatyň agzalary.

| **Sapagyň maksady:**<br>-Ýerdäki şeýle hem Mesihdäki jemagatyňa hyzmat etmek islegi;<br>-Hudaý üçin ýerdäki baştutanlaryňa boýun bolmak;<br>-1Pet. 2:17 aýaty ýat tutmak. | **Medeniýete degişli açyklamalar:**<br>-yslamdan gelen imanlylar we müsülmanlar jemagaty.<br>**Taýýarlyk:** kagyz, markerler. |
|---|---|

**Sapagyň başlangyjy**

**Bu günki sapak üçin dileg ediň. Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** iň azyndan bir mesihi bilen duşuşdyňyzmy? Bu size nähili kömek etdi? Bu duşuşyk bilen Ruhy Goldaw aldyňyzmy?

**Jogaplary barlaň (8-nji sapak):**

**1-nji sorag:** a) ruhy; b) ýerli;

**2-nji sorag:** gulak asmak;

**3-nji sorag:** hemmelere hormat goýmak, doganlary söýmek (1Pet. 2:17)

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** biz haýsy toparlaryň agzalary? (*Meselem: maşgala, iş ýeri, gurluşyk kooperatiwi, Mesihiň ýygnagy).* Her okuwçy özüniň degişli bolan toparlary barada paýlaşmagyny soraň. Ol toparlaryň atlaryny ýazyň, sapagyň soňunda olara dolanyp geleris.

Bu gün biz birbada iki topara degişli bolup, olaryň ikisine hem dogry hyzmat edip bilmek barada öwreneris.

**Pikir alyşmak**

**Iki toparyň agzalary (1-5-nji bölümler):**

**1Pet. 2:11-12 okaň:**

*Ähli okuwçylar bu aýatlary tapmaly.*

- Näme üçin biz “keseki we gelmişek” diýilip atlandyrylýarys? Başga terjimelerde “wagtlaýyn ýaşaýyjylar” hem diýilýäris?

*Sebäbi biziň hakyky watanymyz Isa Mesihiň ebedi ýaşaýan ýerindedir (1-nji bölüme seret)*

- Imansyzlar bütin dykgatyny biziň durmuşymyza gönükdirdiler. 12-nji aýata görä biz olaryň arasynda nähili ýaşamaly?

*Biz hiç bir müýnsiz ýaşamaly, imansyzlar bizi ýazgarýan bolsalar hem, olar muny görüp bilmelidirler.*

**2-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Hudaý bizi haýsy iki toparda Oňa hyzmat etmäge çagyrýar?

*Mesihiň ýygnagy bolan ruhy toparda we biziň ýaşaýan ýerimizde degişli bolan toparlarymyzda.*

- Eger kimdir biri " Indi bize ýerli toparymyza hyzmat etmek gerek däl! Biz diňe ruhy toparymyz bilen ýaşamaly " diýse, siz näme diýip jogap berersiňiz?

*Bu sorag boýunça pikir alyşyň. Petrusyň birinji hatynyň 2-nji babyna görä Hudaý bizi iki toparda hem hyzmat etmäge çagyrdy.*

**4-5-nji bölümler:** 4-nji bölümiň B parçasyny okaň.

- Bu soraga nähili jogap ýazdyňyz? Öz tejribäňiz bilen paýlaşyň.

*Paýlaşmak isleýän her bir okuwçy üçin gerek boldugyça wagt aýyryň.*

- 5-nji bölümdäki soraga beren jogabyňyza görä, "akylsyz nadanlaryň agzyny" nädip ýumdurmaly?

*Ýagşylyk edip.*

## Ýagşylyk edip (6-9-njy bölümler)

**7-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Bu bölümde haýsy jogaplary bellediňiz?
- Siz "ýagşylyk etmegiň" başga ýollaryny teklip edip bilersiňizmi?

**8-nji bölüm:** ikinji abzasy okaň.

- Bu soraga nähili jogap ýazdyňyz?
- 7 we 8 –nji bölümlerde aýdylan pikirleriň haýsysyny siz tejribede ulanyp bilerdiňiz?

Her okuwçy, öz ýagdaýyna görä, iň azyndan bir pikiri saýlap almalydyr, we ony ýerine ýetirmäge çalyşmalydyr.

## Häkimiýete tabyn bolmak (10-13-nji bölümler)

**1Pet. 2:13-17 aýatlary okaň.** Eger okuwçylaryňyz dürli milletden bolsalar, hersi öz dilinde sesli okasyn.

- 13-nji aýada görä, Hudaý bize näme etmegi buýurýar?

*Her bir ynsan häkimiýetine tabyn bolmagy.*

- Kim üçin tabyn bolmaly?

*Hudaýyň haky üçin.*

- 16-njy aýata laýyklykda, Mesihdäki azatlygymyz bize islän zadymyzy etmäge rugsat berýärmi?

*Ýok! Bizde ýamanlyk etmäge rugsat ýok. Biz "Hudaýyň gullary". Biz bu barada 15-nji sapakda köpräk öwreneris.*

**13-nji bölüm:** okaň.

- Bu soraga nähili jogap ýazdyňyz?

*Pikir alyşyň. Beýle ýagdaýda imanlylar haýsy meselede ylalaşyp bilerler, haýsysynda bolsa "adamlara däl, köpräk Hudaýa tabyn bolmalydygyny" çözmeli bolýarlar (res. 5:29)?*

- Eger siz dükanda işleýän bolsaňyz we siziň başlygyňyz sizden müşderileri aldamagy talap etse, siz näme ederdiňiz? Resul Petrusyň nesihatyna görä jogap beriň.

*Pikir alyşyň. Bu aňsat däl! Biz Hudaýa tabyn bolmak isleýäris we şol bir wagtda işimizden mahrum bolmak islemeýäris.*

## Başlyga boýun bolmaklyk (14-20-nji bölümler):

**1Pet. 2:28 okaň:**

- Bu aýat kime gönükdirilen?

*Hyzmatkärlere.*

- Siziň pikriňizçe, hyzmatkärleriň işiniň kynçylygy nämede?

*Meselem, olar köp işlese hem, hiç hili iş haky almaýar. Olarda azatlyk ýok.*

- 18-nji aýata görä, hyzmatkärler diňe " mähirli hem ýumuşak" hojaýynlara boýun bolmalymy, ýa-da "ýowuz" hojaýynlara hem hormat goýup tabyn bolmalymy?

*Ikisine hem.*

- Eger biziň başlygymyz adalatsyz bolsa, ýa-da adamlar biziň işimiziň gadryny bilmeseler, biz Petrusyň sözlerinden nähili teselli tapyp bileris (1Pet. 2)?

*Biz Hudaý üçin tabyn bolýarys (13 we 18-nji aýatlar). 20-nji aýat, eger biz nähak ýere ejir çekýän bolsak, Hudaý mundan razy bolýar.*

- Araňyzda başlygyna ýa-da islendik häkimiýete boýun bolmakda kynçylyk çekýän barmy? Bu barada paýlaşyň.

*Sapagyň soňunda olar barada dileg ediň.*

**19-njy bölüm:** iki işçä serediň.

- Siz haýsy ýoly saýlardyňyz: ogluňyzyň dogruçyl süpüriji bolmagynymy ýa-da ýalançy mugallym bolmagynymy?
- Hudaý haýsysyny islärdi?

**1Pet. 2:17 ýat tutmaly aýaty gaýtalaň.** “Hemmelere hormat goýuň. Imanly doganlaryňyzy söýüň, Hudaýdan gorkuň, patyşany sylaň”.

- Kim bu aýaty ýatdan aýdyp biler?
- Bu aýatda haýsy sözler bize ýerli toparymyzda hyzmat etmäge çagyrýar?
- Haýsy sözler bolsa Ruhy toparda hyzmat etmelidigimiz barada aýdýar?

**Sapagyň bitişi**

| | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:** bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder? Araňyzda öwrenýänlerimizi gündelik durmuşda ulanyp başlanlar barmy?<br><br>**Tejribe ýumşuny bile okaň.**<br><br>**Ruhlandyrma:** sapagyň başynda sanan toparlaryňyzyň spisogyna serediň, siz bu adamlara nädip hyzmat edip bilersiňiz? Öz ýerli toparyňyza 7-8-nji bölümdäki pikirleriň haýsysyny ýerine ýetirip bilersiňiz? Tejribe ýumşunda hödürlenen pikirlerden birini saýlap, öňümizdäki hepde ony ýerine ýetirmäge çalyşyň. | **Bilelikde doga etmek:**<br><br>Iki-ikiden ýa-da topar bolup dileg ediň.<br><br>Adalatsyz häkimiýete ýa-da ýowuz başlyga boýun bolup bilmeýän okuwçylar üçin dileg ediň.<br><br>Hudaýdan ýerli we ruhy toparlaryňyza nädip hyzmat edip biljekdigiňiz barada akyl bermegini soraň we häkimiýetlere Mesih üçin boýun bolup bilmegiňize güýç soraň. |

# 9-njy sapak: yzarlanmalaryň sebäbi

| | |
|---|---|
| **Sapagyň maksady:**<br><br>-Hudaýyň söýgüsinden bizi hiç zat aýyryp bilmejekdigi baradaky hakykaty özleşdirmek;<br><br>-Yzarlanmalaryň hökman boljakdygyna düşünmek, we Hudaýyň olary biziň bähbidimize öwürjekdigini bilmek;<br><br>-Biderek yzarlanmalardan gaça durmak üçin paýhasly kararlar almagy öwrenmek; | **Medeniýete degişli açyklamalar:**<br><br>-yzarlanmalara sezewar bolýan imanlylara nähili maslahat bermeli?<br><br>**Taýýarlamaly:** Rim. 8:35 aýaty kagyzlara ýazmak (12-nji bölüm üçin). |

| -1Pet. 2:21 aýaty ýat tutmak | |
|---|---|

## Sapagyň başlangyjy

**Sapak üçin dileg ediň. Geçen sapagyň tejribeli ýumşuny barlaň:** geçen hepdede mätäçlere, ýa-da töweregiňizdäkilere, ýa-da başlyklaryňyza nähili hyzmat edip bildiňiz? Olar nähili gaýtargy berdiler?

**Jogaplary barlamak (9-njy sapak):**

**1-nji sorag:** siziň üçin ejir çekdi, Öz yzyna eýermegiňiz üçin, Ol size görelde boldy. (1Pet. 2:21)

**2-nji sorag:** 1) dünýä ýigrenýär; 2) Hudaý yzarlanmalar;

**3)** ýalňyş hereket edýäris; 4) Mesihiň yzyndan;

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** bu günki sapagymyz yzarlanmalar barada we bu tema barada gepleşmek aňsat däl. Belki bu günki tema biziň gözlerimize ýaş aýlap biler, sebäbi, yzarlanmalar zerarly çeken ejirlerimizi ýatlamak gaty kyn bolýar. Ýöne Hudaý yzarlanmalary biziň bähbidimiz üçin ulanýar we biziň derdimize bu barada pikir alyşýarkak şypa berip biler.

## Pikir alyşmak

### Birinji sebäp: dünýä bizi ýigrenýär

**1-2-nji bölümler**: birinji bölümi we ikinji bölümiň birinji parçasyny okaň.

- Ikinji bölümde haýsy jogaby bellediňiz? Ýa-da siz başga yzarlanmalar bilen garşylaşýaňyzmy? Siz häli yzarlanýarsyňyzmy?

*Her okuwçy pikirlerini paýlaşyp bileri ýaly ýeterinje wagt beriň. olar nähili yzarlanmalar bilen garşylaşandyklaryny aýdyp bermeli. Ýatlamalar olary agladyp biler, emma bu tebigy ýagdaýdygyny düşündiriň.*

Häzir arakesme alyň. Bu günlere çenli yzarlanýan ýa-da geçmişdäki yzarlanmalar sebäpli häli dert çekýän okuwçylar üçin dileg ediň.

**5-nji bölüm:** Haýym baradaky hakyky bolan wakany okaň. Bu sizde nähili duýgylar oýarýar?

### Ikinji sebäp: Hudaý yzarlanmalara ýol berýär (7-13-nji bölümler)

**1Pet. 1:3-7 okaň.**

- Dördünji aýata görä, biziň mirasymyz nirede?

*Göklerde.*

- Biziň Gökdäki mirasymyz "çüýräp, solup ýa-da tegmiltlenip" bilýärmi?

*Ýok.*

- Bäşinji aýata görä bizi häzir näme goraýar?

*Hudaýyň güýji.*

- Altynjy aýata görä, synaglara duçar bolanymyzda biz näme etmeli?

*Ýürekden şatlanmaly.*

- Ýedinji aýatda biziň imanymyz nähili suratlandyrylýar?

*Altyndan has gymmatly.*

- Altyn näme üçin otda saplanýar?

*Ony arassalamak üçin we has gymmatly etmek üçin, meselem, 9 karat ölçegli altyny 24karat ölçegine öwürmek üçin.*

- Şeýlelikde, Hudaý biziň durmuşymyzda näme üçin yzarlanmalaryň bolmagyna ýol berýär?

*Biziň imanymyzy synamak üçin, bizi tämizläp, çydamly we güýçli etmek üçin. Onuň temizleýiji ody bizi 9 karat ölçegli imanymyzy gymmatly 24 karat ölçegli iman etmek üçin.*

**10-njy bölüm:** bütin bölümi okaň. Haýsy jogaplary bellediňiz? Bu sizde nähili duýgylary oýarýar?

*Diňe "a" jogaby dogry. Emma bu pikir alyşmanyň esasy maksady okuwçylar öz şübhelerini we kynçylyklaryny aç-açan paýlaşyp bilmekleridir. Bu olara Hudaýyň Sözüne açylyp, ol hakykaty kabul etmäge kömek eder. Hudaý olaryň düşünjelerini özgertmek üçin, Özüniň ýagşylygyny hatda kynçylyk döwründe hem görkezmek üçin ulanýar.*

**11-nji bölüm:** bütin bölümi okaň. "b" soraga nähili jogap ýazdyňyz? Siziň durmuşyňyzda munuň nähili bolandygyny paýlaşyň.

## Üçünji sebäp: kämahal biz akmaklyk edýäris (14-17-nji bölümler)

**14-nji bölüm:** Şakilyň hekaýasyndan soň berilen soragy okaň.

*Okuwçylara, eger olar sapaklary öýde ýerine ýetirýän bolsalar, onda derslere aktiw gatnaşyp biljekdiklerini ýatladyň.*

- Bu barada siz näme diýip pikir edýäňiz?

*Meselem:ol, maşgalasyny masgaralap, öýünden gaçyp, atasyna paýyş sözler aýdyp akmakça hereket etdi*

- Şakil nähili yzarlanmalara duçar boldy: gutulgysyzmy ýa-da gereksiz?

*Gereksiz*

- Biz gereksiz yzarlanmalardan nädip gaçadurup bileris?

*Meselem, ýaşulylara hormat edip, maşgalaňa goldaw berip, eliňden geldigiçe onuň abraýyny gorap.*

- Gutulgysyz yzarlanmalardan gaçmagyň manysy barmy?

*Biz Mesihden ýüz öwürmän başga şähere göçüp gitsek bolar (17-nji bölüme seret).*

**17-nji bölüm:** ikinji abzasy okaň.

- Siz bu barada näme pikir edýärsiňiz?

  *“dogry” ýa-da “nädogry” jogap ýagdaýa görä çözülýär. Eger adamyň janyna howp abanýan bolsa, onda ol wagtlaýyn başga ýere göçüp biler. Emma, beýle howp ýok bolsa, onda ol öz öýünde ýaşamaga dowam edip biler. Ol Mesihiň şägirdi bolsa hem, öz maşgalasyna wepalylygyny subut etmäge çalyşmaly.*

## Dördünji sebäp: biz Mesihiň yzyna eýerýäris (18-22-nji bölümler)

**1Pet. 2:19-21 aýatlary okaň.**

- 20-nji aýatda gereksiz yzarlanmalar nähili suratlandyrylýar?

*“eger eden nädogry işiňiz üçin ýenjilmelere döz gelseňiz, bu size näme hormat getirer?”*

- Bu aýatda gutulgysyz yzarlanmalar nähili suratlandyrylýar?

*“ emma ýagşylyk edibem, ejir çekseňiz we muňa çydasaňyz, Hudaý mundan has köp razy bolar”*

- 21-nji aýata laýyklykda, biz yzarlanmalara sezewar bolsak, kimiň yzyna eýerendigimizdir?

*Isa Mesih tikenli ýoldan ýöredi, bize hem Onuň yzyna eýermek galdy.*

**Ýat tutmak üçin berilen 1Pet. 2:21 aýat barada pikirleniň**: *biz bu aýatlary diňe bir ýat tutmaly däl, olar barada pikirlenmeli. Munuň üsti bilen Hudaý bize gepleýär we bizden nämä garaşýandygyny bildirýär. Siz muny sapakda aýdyň mysal hökmünde şeýle görkezip bilersiňiz:*

-okuwçylary Hudaýyň öňünde parahat bolmaga çagyryň. Hudaýdan Öz Sözi bilen biziň her birimize geplemegini soraň.

-okuwçylara ýat tutmaly aýatlary aýtmaklaryny soraň.

-her okuwçy bu aýaty ýuwaşdan köp gezek gaýtalamaly, Hudaýyň özüne näme diýýänini diňlemeli we aýatyň her parçasy boýunça oýlanmaly.

*Munuň üçin iň azyndan 5 minut aýyryň.*

-Hudaý sizden nämä garaşýandygyny açyklamasyny soraň.

-Hudaý bu aýatyň üsti bilen size näme diýenini paýlaşyň we siziň muňa nähili hereket etjekdigiňizi aýdyň.

**Sapagyň bitişi**

| **Öwrenenleri ulanmak:** | **Bilelikde doga:** |
|---|---|
| -bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder?<br>-tejribe ýumşuny bilelikde okaň;<br>Okuwçylar her gün bir aýat boýunça pikirlenip bilerler, edil bu günki ýaly. | Her okuwçy gysgaça Hudaýa yzarlanma wagty biziň bilen bolýandygy üçin minnetdarlyk bildirsin. Başga ýurtlarda yzarlanýan imanly doganlar üçin dileg ediň. |

# 10-njy sapak: yzarlanmalara biziň jogabymyz

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -hakykatdan bagyşlamaklyk ar almakdan has gowudygyny düşünmek;<br>-zerur bolan ädimleri ädip, adamy bagyşlamak;<br>-Matta 5:44 aýady ýat tutmak. | Ar almak we bagyşlamak;<br>**Taýýarlamaly:**<br>4-nji bölüm üçin Matta 5:44 aýaty kagyzlara ýazyp, olary aýry sözlere kesmek |

**Sapagyň başlangyjy**

**Sapak üçin dileg ediň. Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň**: siz her gün size hödürlenýän aýatlar boýunça pikirlendiňizmi? Bu size nähili täsir etdi? Mukaddes Kitabyň haýsy aýaty size güýçli täsir etdi?

**Jogaplary barlamak (10-nji sapak):**

**1-nji sorag:** bagyşlamak;

**2-nji sorag:** duşmanyňyzy söýüň, özüňizi yzarlaýanlar üçin doga-dileg ediň.

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** giriş bölümini okaň. Suratdaky iki adamyň sözlerini iki okuwçy okasyn. Siz hem şolardaky ýaly duýgylary başdan geçirdiňizmi? Okuwçylar öz duýgylaryny paýlaşsynlar, emma olaryň haýsysy dogry, haýsysy ýalňyşdygyna baha bermäge howlukmaň. Bu gün biz yzarlanma wagty Hudaýyň bizden nämä garaşýandygyny öwreneris we iň esasy bolan biziň göwnedegijimizi nädip bagyşlap biljegimizi öwreneris.

## Pikir alyşmak

### Ar alma halkasy (1-3-nji bölümler)

**2-nji bölüm:** surata serediň.

- Ar almagyň yzygiderligini suratlandyrmak üçin siz nähili mysal getirdiňiz?
- Bagyşlamak kyn, ar almak aňsat. Emma bularyň haýsysy ýagdaýy kynlaşdyrýar, agyryny köpeldýär, zyýan köp berýär?

### Ar almagyň ýerine bagyşlamak (4-16-njy bölümler)

**4-nji bölüm:**

-ar alma halkasyndan biz nähili gutulmaly, Isa nähili öwredýär?

*Ol bize duşmanymyzy bagyşlamagy we söýmegi buýurýar.*

*Matta 5:44 aýaty kagyza ýazyp, olary aýry sözjüklere kesiň. Her okuwçy bu sözleri dogry yzygiderlikde ýerleşdirmelidir.*

**5-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Isa Mesihi haça çüýlänlerinde, Ol näme diýip doga etdi?

*“ Atam, olary bagyşla!”*

- Isa Mesih nähili liderdi: güýçlimi ýa-da ejiz? Onuň güýji Oňa nähili ukyp berdi?

*Bagyşlamak ukybyny*

- Biz Onuň mysalynda näme öwrenip bileris?

*Bagyşlamak – bu ejizlik däl! Bu güýçlilik, edermenlik!*

- Bize duşmanlarymyzy bagyşlamak üçin kim güýç berýär?

*Isa Mesih Özüniň bizde ýaşaýan Mukaddes Ruhy bilen bizi güýçlendirýär.*

**1Pet. 2:21-25 okaň.**

- 22-nji aýata görä, Isa Mesih ejir çekmäge laýykmy?

*Ýok. “ Ol hiç hili günä etmedi, agzyndan bir ýalan söz çykmady.”*

- 23-nji aýaty okaň. Öz göwnedegijilerini näletlemegiň we ar almagyň ýerine Isa Mesih näme etdi?

*“ Ol sögülende sögmedi, ejir çekende hiç kime howp salmady. Muňa derek Özüni adyl höküm çykarýan Hudaýa tabşyrdy.”*

- 24-25-nji aýatlary okaň. Mesih biziň üçin näme etdi?

*Ol haçda biziň günälerimizi Öz üstüne ýükledi, Onuň ýaralary arkaly şypa tapdyk, azaşan goýunlary, ýagny bizi, Çopanymyza dolandyryp getirdi.*

- Bularyň baryny Isa Mesih siziň üçin edenini düşüneniňizde, siz nähili duýgylary başdan geçirýäňiz?
- Duşmanyňy söýmek, seni yzarlaýanlar üçin doga etmek – bulary ýerine ýetirmek gaty kyn. Biz näme üçin bulary etmeli?

*Mesih ilki bizi bagyşlady we azat etdi. Ol bize duşmanlarymyzy nähili bagyşlamalydygymyzy görkezdi. Ol bize şeýle etmegi buýurýar. Bagyşlamak – ar alma halkasyny üzýär, we bizi ajylardan halas edýär.*

֍Biz näme üçin bagyşlamaly? Wagt bar bolsa, onda bu temany jikme-jik öwreniň.

Okuwçylar toparlara bölünip Matta 18:21-35 aýatlary okasynlar. Okan parçasy boýunça pikir alyşsynlar we açylan zady paýlaşsynlar. Eger mümkin bolsa, olar bu tymsaly oýnap görkezsinler.

**9-njy bölüm:** Myradyň hekaýasynyň 1-nji parçasyny okaň.

- Eger Myrat öзüniň ar alma planyny ýerine ýetirse bu nämä getirerdi?

*Ol şeýtanyň synagyna duçar bolardy. Onuň işdeşi hem ondan ar almak islärdi we ar alma halkasy üzülmezdi.*

**10-njy bölüm:** Myradyň hekaýasynyň 2-nji parçasyny okaň.

- Myradyň öz göwnedegijisini bagyşlamak karary nämä getirdi?

*Onuň işdeşi Myratdan gaty täsirlendi we ol hem Mesihiň yzyna eýermäge başlady.*

**Yzyndan näme bolanyny okaň**: Myrat özür diläp hat ýazdy we öýüne gaýtdy. Emma onuň bir aýlyk gazanç pulundan mahrum bolany ony ynjalyk edýärdi. Ol şeýle diýdi: “şol gije men hiç ýatyp bilmedim, soňra gijäniň ýary men balkona dileg etmäge çykdym. Men öýe girjek mahalym kimdir biri balkona daş atdy. Daşa bir hat ýapyşdyrylandy, bu hat meniň tanyş mesihi doganymdandy. Men onuň bilen birnäçe aýdyr görüşmändim, sebäbi bu biz üçin howplydy. Hatyň içinde edil meniň aýlygymyň möçberinde pul bardy. Men Hudaýyň wepalylygyna haýran galdym. Onuň men babatda edýän aladasy uludy”.

( www.pneumafoundation.org/pi_7_2003.jsp )

- Eger siz Myradyň ornunda bolup, şol pully haty alan bolsadyňyz, siz nähili duýgylary başdan geçirerdiňiz? Bolup biljek duýgylar barada pikir alyşyň.

**12-nji bölüm:** Merýemiň hekaýasyny we soragy okaň.

- Nähili pikir edýäňiz, Hudaý näme üçin Myradyň zeperini doldurdy, Merýemiňkini bolsa doldurmady?

*Biz bilmeýäris. Biziň her birimiz üçin nämäniň gowudygyny Hudaý bilýär we ähli zady biziň bähbidimize öwürip bilýär. Kämahallar Ol biziň imanymyzy güýçlendirmek üçin Myradyň ýagdaýyndaky ýaly mugjyza edip bilýär. Käte bolsa bizi Merýemiň ýagdaýy ýaly kyn ýoldan ýöredip, bizde sabyrlylygy berkidýär.*

- Merýemiň içindäki garyndaşyna bolan ýigrenjini aýyrmaga näme kömek etdi?

*Ol bagyşlamak kararyny aldy. Şondan soň onuň ýüregi şatlykdan doldy.*

**13-nji bölüm:** soragy okaň. Siz oňa nähili jogap berdiňiz?

*Käte öz närazylygyňy aýtmak dogry bolýar, ylaýtada, eger bu ýagdaýda beýleki mesihiler ejir çekýän bolsalar. Resul Pawlus adalatsyzlyga garşy çykýardy. (Res.16:35-37). Emma özüňüň närazylygyňy kanun boýunça görkezmek dogrudyr, ar almagyň üsti bilen däl!*

**15-nji bölüm:** bu mesihi bolan adama özüni uran adamlary bagyşlamak aňsat boldumy?

*Ýok.*

- Onuň sözleri boýunça, ol öz yzarlaýyjylaryny bagyşlamakdan ýüz öwürýärkä, ol gaty ejir çekdi.ol näme diýmek isledi, nähili pikir edýäňiz?

*Belki ol ajy duýgulardan hasrat çekýärdi.*

- Sizde hem bagyşlamak islemän öýke içinde ýaşan wagtyňyz boldumy? Bu sizi nähili ýagdaýa getirdi?
- Siz bagyşlap, öýkeden gutulansoň, siziň durmuşyňyzda nämeler üýtgedi?

**Indi çarçuwadan soň gelýän sözlemi okaň.**

- Siziň göwnüňize degen adamy ýada salyp bilersiňizmi? Pikriňizde onuň adyny boş ýere goýup okaň. Okuwçylar muny öz içinden edip bilmekleri üçin olara wagt beriň. at ýazmak, ýa-da ony köplükde agzamak gerek däl. Her okuwçy öz içinden etsin.
- Siz muny başardyňyzmy? Bu sözleri okaýarkaňyz nähili duýgylary başdan geçirdiňiz?

## Ejirlerde-de şatlanmak (17-19-njy bölüm)

**1Pet. 4:12-16 aýatlary okaň.** Her okuwçy öz kitabynda bu aýatlary tapsyn.

- Bu aýatlaryň içinde iň göwnüňize ýarany haýsysy? Näme üçin?
- Hudaýyň size kynçylyklaryň içinde şatlyk berenini aýdyp beriň.

**Sapagyň bitişi**

| | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:**<br><br>Hudaýdan bu hepde dowamynda siziň öz durmuşyňyzda bagyşlamaly bolan adamlary açyp görkezmegini soraň.bu kyn bolar. siz öz güýjiňiz bilen bagyşlap bilmersiňiz. Sizi hiç kim birini bagyşlamaga mejbur edip bilmez. Emma siz bagyşlama kararyny alsaňyz, Hudaý size güýç berer. Şonda siziň durmuşyňyz uly şatlykdan dolar.<br><br>Bu günki sapak barada kim bilen paýlaşyp bilersiňiz? Siz bu tymsaly mysal getirip bilersiňiz (Mat. 18:23-35) | Tejribe ýumuş boýunça dileg ediň; doga etmekde şu ädimlerden geçiň:<br><br>-Hudaýdan bagyşlamagymyz gerek bolan adamy görkezmesini soraň;<br><br>-soňra 1 we 2-nji ädimleri howlukman ünsli okaň;<br><br>Bilelikde doga ediň, goý her okuwçy 3-nji ädimde berilen dogada bagyşlamak isleýän adamyň adyny aýdyp dileg etsin. Soňky ädim barada okaň. Mundan soň her birimiz şu şekilde bagyşlap bilmek üçin güýçli bolmak barada dileg ediň. |

# 11-nji sapak: ärler we aýallar

| | |
|---|---|
| **Sapagyň maksady:**<br><br>- Hudaýyň plany boýunça nika nähili bolmalydygyny düşünmek: bir erkek we bir aýalyň arasyndaky birleşik (nika) ömürlikdir;<br>- Ilki bilen öz ýan-ýoldaşyňyň göwnüni tapmaly, özüňiň däl;<br>- Maşgala durmuşynda ärler öz aýallaryna has ýakyn bolmalydygyny düşünmek (enesine däl);<br>- Gelip çykyş 2:24 aýatyny ýat tutmak. | **Medeniýete degişli açyklamalar:**<br><br>- Yslamda nika;<br>- Yslamda enäniň orny;<br><br>**Taýýarlamaly esbaplar:** kagyz we galamlar, pikir alyşmak üçin temalar saýlamak (3-nji bölüm) |

**Sapagyň başlangyjy**

**Geçen sapagyň tejribeli ýumşuny barlaň:** siziň göwnüňize degen adamy bagyşlap bildiňizmi? Bu siziň durmuşyňyza nähili täsir etdi? Sapakda paýlaşmak islemeýän okuwçylar bilen aýry gepleşip bilersiňiz.

**Jogaplary barlamak (11-nji sapak):**

**1-nji sorag:** “ erkek ene-atasyny taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar” (gelip çykyş 2:24)

**2-nji sorag:** ýeke, ýeke, ähli

**3-nji sorag:** a) boýun egmek; b) hormat goýmak;

**4-nji sorag:** men.

**Bu günki sapak üçin dileg ediň. Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** biziň ýan-ýoldaşymyz bilen (är-aýal) aragatnaşygymyz – ähli adamlar bilen aragatnaşyklaryň içinde iň wajybydyr. Ene-atamyz bilen aragatnaşykdan hem üstündir. Bu gün biz Hudaýyň islegi boýunça nikanyň nähili bolmalydygyny öwreneris.

Bu günki sapak heniz durmuşa çykmadyk/ öýlenmedik okuwçylar üçinem uýgun bolmagy wajyp. Sapak dowamynda pikir alyşmak üçin okuwçylary erkek we aýallar toparyna bölüp, her topara aýny jynsda ýolbaşçy bellemegiňizi ündeýäris. Häzirki wagtda okuwçylaryňyz üçin wajyp bolan soraglara aýratyn üns beriň. Bu möhüm bir temadyr – şonuň üçin muny ýüzeý geçip gitmäge howlukmaň. Eger gerek bolsa bu tema ýenede dolanyp geliň.

## Pikir alyşmak

### Hudaýyň nika baradaky niýeti (1-11-nji bölümler)

**2-nji bölüm:** her ýüzlenmäni okaň we okuwçylardan soraň:

- Siz bu ýüzlenme bilen ylalaşýaňyzmy?
- Näme üçin “hawwa” , we näme üçin “ýok”?

*Bu jogaplar Mukaddes Kitabyň nukdaýnazaryndan Hudaýyň keşbinde ýaradylan erkekler we aýallar baradaky taglymatda esaslanan. Emma käbir mesihi denominasiýalaryň erkek we aýal gatnaşyklarynyň jähtlerine bolan garaýyşlary üýtgeýär.*

**3-nji bölüm:** G.ç. 2:24 aýaty ýatdan aýdyň.

- Hudaýyň nika babatda niýeti nämede jemlenýär? (3b.seret)
- Är-aýalyň arasynda ruh, ten, jan taraplaryndan näme bolup geçmeli?

*Olar birikmeli, ikisi bir ten bolmaly.*

- Biziň medeniýetimizde bilelikdäki durmuş haçan we nirede başlaýar?
- Mesihiň şägirtleri nähili etmeli?

*Biziň medeniýetimizde nika bilen bagly kyn we problemaly soraglar barada pikir alyşmak üçin wagt aýyryň. Meselem: günbatar ülkelerinde ýan ýoldaşyňy nähili tapmaly, duşuşyklar üsti bilen biri-biriňi ýakyndan tanamak wagty, bilelikde ýaşamak, nikadan öň jynsy aragatnaşykda bolmak, toý. Mesihileriň bu babatda yzygiderlik tertibiniň nähili bolmalydygy barada açyk we anyk şekilde aýdyň.*

**5-nji bölüm:** bu surata serediň.

- 5-nji bölümiň a) we b) soraglaryna nähili jogap berdiňiz?

*Bu ähli okuwçylara tanyş bolan klassik ýagdaý. Mukaddes Kitabyň nukdaýnazary aýdyň: är aýaly bilen birikmeli. Emma günbatar ýurtlarynda Mukaddes Kitabyň beýleki prinsiplerine äsgermeýärler: ene-atasyna hormat goýmaýarlar. 4-nji bölümi bilelikde okaň.*

*Aýrylyşmak barada pikir alyşanyňyzda dykgatly boluň, we aýrylyşmany başdan geçirenlere Hudaýyň merhemeti we bagyşlaýyjy güýji barada aýdyň.*

**7-nji bölüm:** Matta 19:3-6 okaň.

- Ol döwürlerde äri aýaly bilen aňsatja aýrylyşyp bilerdi.

*Aslynda, käbir fariseýler erkeklere aýalynyň nahar bişiren wagty naharyň ýanan diýip hem aýrylyşyp biljekdiklerini öwredýärlerdi.*

- 5-nji aýatda Isa Mesih Mukaddes Kitabyň haýsy ýerinden aýat aýdýar?

*Gelip çykyş 2:24*

- Är-aýallar nädip öz aragatnaşyklaryny diňe fiziki taýdan däl, eýsem ýürek we akyl tarapyndan hem kämilleşdirip bilerler?

*Biri-biri bilen wagt geçirip, bilelikde gepleşip, ýa-da bilelikde bir zatlar edip, edil gowy dostlar ýaly.*

- Mesihiň sözlerine görä, nika bu är-aýal arasyndaky bir ähtmi ýa-da munuň has beýik manysy barmy?

*Yslam dinine görä, nika – bu adamlaryň arasyndaky äht diýýär, emma Mukaddes Kitap boýunça nika – bu hiç bozulmaýan ömürlik baglanyşylan ähtdir.*

- Mesihiň sözlerine görä, Hudaý näme üçin aýrylyşmagy ýalňyş hasap edýär?

*Hudaý erkegi we aýaly "birleşdirdi", şonuň üçin adamlar bu nikany bozmaly däl. Gynansak-da, käte mesihileriň nikasy hem bozulýar.*

**9-njy bölüm:** soragy okaň. Siz haýsy jogaplary bellediňiz? Nähili pikir edýäňiz, bular näme üçin bolup geçýär?

a), b), d) – bu problemalar, köplenç müsülman maşgalalarynda duş gelýär. ç) jogaby kämahal hakykaty görkezýär.

**10-njy bölüm:** suratdaky erkegiň sözüni we soňky abzasy okaň. Siz bu bölümde nähili jogap ýazdyňyz?

*Bu adam öz aýalyny şahsy mal-mülk hasaplaýar, emma Mukaddes Kitapda erkekler hem aýallar hem deň derejede gymmatlydyr.*

**11-nji bölüm:** bütin bölümi okaň. Hudaýyň biziň agrylarymyzy biz bilen paýlaşýandygy baradaky düşünje bize nähili kömek edýär?

*Belki, siziň okuwçylaryňyz häzir bu agyr ýagdaýlaryň birini başdan geçirýändirler. Eger bu şeýle bolsa, onda olara – Isa Mesihiň ýerde ýaşan döwri, Onuň betbagt adamlara rehmi gelendigi baradaky bilim – teselli berip biler. Eger biz nikada bagtsyz bolsak, Isa bizi düşünýär we biz bilen ajylarymyzy çekişýär.*

## Petrusyň birinji hatynda ärler we aýallar barada näme aýdylýar (12-22-nji bölümler)

**13-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Näme üçin käte aýala öz ärine tabyn bolmak kyn bolýar?

*Meselem, äri egoist, ýa-da kezzap, ýa-da samsyk bolup biler, ýa-da aýal öz isleýişi ýaly etmek islär.*

- Näme üçin ärlere käte öz aýaly barada esewan bolmak we alada etmek kyn bolýär?

*Meselem, köp ärler aýallaryny gyrnak hökmünde kabul edýärler.*

**15-20-nji bölümler:** iki okuwçy Makset(20b.) we onuň aýalynyň(15b.) sözlerini okasynlar.

- Olar kimi hoşnut etjek bolýarlar: özünimi ýa-da ýan-ýoldaşyny?
- Hudaý biziň näme barada öýlanmagymyzy isleýär: öz ýan-ýoldaşymyzy nähili hoşnut etmek baradamy ýa-da ýan-ýoldaşymyz bizi nähili hoşnut etjekdigi baradamy?
- Öz durmyşyňyzdan mysal getiriň: siz ýan-ýoldaşyňyzy hoşnut etmek üçin nämeler edýärsiňiz ýa-da bu temada nähili kynçylyklary başdan geçirýärsiňiz?

**21-22-nji bölümler:** birinji abzasy okaň.

- Erkek adam öz maşgalasynda aýalyny we çagalaryny urman özüniň ärlik derejesini saklap bilermi?

*Käbir medeniýetlerde äri öz aýalyna el galdyrsa bu adaty hasaplanýar, emma Mukaddes Kitap ärlere şeýle buýurýar: "ärler aýalyny öz bedenini söýüşleri ýaly söýmelidirler"(efe.5:28).*

- Äri öz aýalyna nähili seretmeli, Petrus bu barada näme diýýär?

*"Hormat goýuň we özara düşünişip ýaşaň" (1Pet. 3:7)*

- Tejribede muny nähili ýerine ýetirmeli, mysal getiriň?
- **22-nji bölümi okaň.** Siz bu soraga nähili jogap berdiňiz?

*Jogaplar ütgeşik bolup biler, sebäbi bu sorag ärlere öz aýalyna nähili garamalydygyny görkezmek üçin berildi.*

## Eger siziň ýan-ýoldaşyňyz entek Mesihe iman etmedik bolsa (23-26 b.)

**24-nji bölüm:** çarçuwadaky durmuşdan alynan wakany we onuň yzyndaky soragy okaň. Siz bu barada näme pikir edýärsiňiz?

*Ýan-ýoldaşyň Mesihe iman edip biler. Emma ol iman etmese, imanly adam sabyrlylyk we söýgi bilenmaşgalada agzybirlik we söýgi saklap biler.*

**26-njy (a) bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Siz haýsy jogaplary bellediňiz?
- Siz nädip "bilelikde çagalary Mesihiň şägirtleri edip ýetişdirip bilersiňiz" ?

*Meselem: gowy imanly bolup, çagalara ünsüňizi we wagtyňyzy aýyryp; olara söýgi görkezip; olary paýhasly terbiýelemek bilen; ýalňyşanyňyzda olardan ötünç soramak bilen; olar üçin doga etmek bilen; her gün olar bilen bile Mukddes Kitaby okap we doga etmek bilen; olary imanlylar ýygnagyna getirmek bilen.*

**26-njy (b) bölüm:** mugallymyň sözlerini okaň. **Öz okuwçylaryňyzyň ýagdaýyna görä bu ýumuşy uýgunlaşdyryň.**

Okuwçylara kagyz we galam berip çykyň. Olar 5 minudyň dowamynda pikirlenip aşakdaky zatlar barada ýazmaly:

-ýan-ýoldaşyň bilen gatnaşyklary kämilleşdirjek 5 tejribe ädimler;

-eger okuwçylar heniz öýlenen ýa-da durmuşa çykan bolmasa, geljekde gowy ýan-ýoldaş bolup bilmek üçin özlerinde ösdürmek isleýän 5 sany häsiýetini ýazsynlar.

## Sapagyň bitişi

| | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:** bu günki sapakda nika barada öwrenenleriňizden iň wajyp bolany haýsysydy? Siz muny nähili tejribede ulanmakçy?<br><br>Bu hepde dowamynda ýazyp alan zatlaryňyzdan haýsysyny ýerine ýetirjek?<br><br>**Teklip:** okuwçylara mesihi maşgala baradaky kursy teklip ediň. We bu tema degişli soraglary bar bolan okuwçylara aýratyn gepleşmegi teklip ediň. | **Bilelikde doga:**<br><br>Okuwçylar iki-ikiden toparlara bölünip nika barada öwrenen zatlaryny durmuşda ulanyp bilmekleri üçin Hudaýdan kömek sorasynlar. |

# 12-nji sapak: dawalaryň çözülmegi

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -dawalaryň iň gowy çözgüdini saýlamak, erbetlerini däl;<br>-dawany gowy şekilde çözmegiň 3 ädimini öwrenmek we tejribede ulanmak;<br>-1Pet. 3:11 aýaty ýat tutmak. | -dawalaryň çözgüdi;<br>-Hudaýda duýgy barmy?<br>**Taýýarlyk:** rolly oýun okuwçylara dogry gelermi ýa-da ýok, siz karar beriň. doga zamany üçin haç we nagma taýýarlaň. |

## Sapagyň başlangyjy:

**Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** siz bu hepde maşgalaňyzy berkitmek üçin ýa-da ýan-ýoldaşyňyzy hoşnut etmek üçin näme etdiňiz? Nähili geçdi? Eger siz öýlenmedik/ durmuşa çykmadyk bolsaňyz nähili tejribe ýumuşy ýerine ýetirdiňiz?

**12-nji sapagyň jogaplaryny barlamak:**

**1-nji sorag:** dawa çözmegiň üç ýoly hem erbet;

**2-nji sorag:** duýgylar, gepleşmek, ötünç soramak, bagyşlamak;

**3-nji sorag:** “paraharlyk agtar, yzyndan galma” (1Pet. 3:11).

**Bu günki sapak üçin dileg ediň. Sapagyň adyny aýdyň:** biz imanlylar hökmünde kämil durmuşda ýaşap, hiç dawa etmän bilerismi? *Teoriýada bu mümkin, emma tejribede imanly adam edil imansyzlar ýaly dawa bilen garşylaşýar. Emma biz imanlylar hökmünde dawanyň gowy çözgüdini bilýäris. Bu imansyzlaryň ulanýan çözgüdi däl.*

## Pikir alyşmak

### Mesihiň okuwçylarynyň arasyndaky dawalar (1-5-nji b.)

**5-nji bölüm:**

- A) – D) jogaplarynyň arasynda siz haýsysyny bellediňiz?
- E) jogabyna siz durmuşyňyzdan nähili mysal getirdiňiz?

### Hudaý, biziň öz dawalarymyzy çözmegimizi isleýär (6 b.)

**6-njy bölüm:**

- Nähili pikir edýärsiňiz, biziň hereketlerimiz Hudaýy gamgyn edip bilýärmi?

*Yslama görä, biziň hereketlerimiz Hudaýa hiç hili täsir ýetirip bilmeýär. Emma Mukaddes Kitap bolsa täsir edýär diýýär. Meselem, Gelip çykyş 6: 5-6 tekstinde “Hudaý adamzady ýaradandygyna ökündi we ýürekden gynandy” diýilip ýazylan.*

- Nähili düşünýärsiňiz, näme üçin biziň dawalarymyz Hudaýy gamgyn edýär?

*Meselem, Mesih bize parahatlyk bermek üçin gaty gymmatbaha töleg töledi. Şonuň üçin biziň biri-birimiz bilen parahatlykda ýaşamagymyzy isleýär. Mundan başga-da, eger biziň kimdir biri bilen dawamyz bar bolsa, onda bu imansyzlar üçin erbet şaýatlykdyr.*

**1Pet. 3:8-12 okaň.**

- Bize özara parahatlykda ýaşamaga näme kömek edýär? (8-nji aýat)

*Pikirdeşlik, dertdeşlik, doganlyk söýgüsi, rehim-şepagat, pespällik.*

- Biz nämeden gaça durmaly? (9-njy aýat)
- Biz munuň ýerine näme etmeli?

*Ýamanlyga ýamanlyk, sögünje sögünç bilen gaýtargy bermän, merhemet bilen jogap bermeli.*

- 10-njy aýata görä biz ýene näme etmeli? Näme üçin?

*Dilimizi ýamanlykdan saklamaly we hileli gepden dodaklarymyzy. Sebäbi ýaman dil we hileli gep dawa ýüze çykarýar.*

- Indiki gezek siziň kimdir biri bilen dawaňyz ýüze çyksa, bu öwrenen zatlaryňyz size nähili kömek eder?
- Bu parçadan haýsy aýaty ýat tutmaly? Her okuwçy ýatdan aýtmaga çalyşsyn.

**Dawalary çözmegiň erbet usullary (7-10-njy bölümler)**

**7-10-njy bölümler:** dawa çözmegiň 3 sany erbet usuly barada pikir alyşyň.

- Olar adamlara we aragatnaşyklara nähili erbet täsirleri ýetirip bilerler?
- Okuwçylar beýle usullar bilen garşylaşdylarmy? Bular nähili erbet netijelere getirdi?

**Dawalary çözmegiň iň gowy usuly (11-23- b.)**

Dawalary çözmek üçin ulanyp biljegimiz 3 ädim barada öwremeris.

**1 -nji ädim: Hudaýa öz duýgylaryň barada aýtmak.**

**11-13-nji bölümler:** näme üçin ilki bilen öz duýgylaryňy Hudaýa aýdyp bermeli, soňra bolsa adam bilen gepleşmeli?

*Biz öz gaharymyzy Hudaýyň kömegi bilen kontrol edip bileris, şondan soň adam bilen parahat gepleşip bileris. Eger biz adam bilen gahar üstüne gepleşsek, bu ýagdaýy kynlaşdyryp biler.*

**2-nji ädim: göwnedegiji bilen gepleşmek.**

**14-nji bölüm:** suratdaky iki adamyň arasyndaky gepleşigi okaň.

- Bu gepleşikde nähili gowy taraplary gördüňiz?

*Olaryň ikisi hem rahat, biri-birini ünsli diňleýärler, gepini bölmeýärler, öz duýgylaryny paýlaşýarlar, hakykaty söýgi bilen aýdýarlar.*

**17-nji bölüm:**

- Siz bu soraga nähili jogap berdiňiz? Näme üçin?

*Haçan-da biz dawany köp adamlar bilen paýlaşsak, bu gybatlaryň ýaýramagyna sebäp bolýar we dawany gowy ýol bilen çözülmegini kynlaşdyrýar.*

- Dawany çözmekde üçünji adamyň ara girmesi gowy bolýarmy?

*Pikir alyşyň: adatda, dawany iki adam özara çözse gowy bolýar. Emma kämahal dawany özara çözüp bilmeseler, olaryň ikisi hem hormatlaýan üçünji adamy – töwellaçyny kömege çagyrsa bolar. Ylaýta-da, eger ikisinden biri beýlekisini boýun bolmaga mejbur edýän bolsa (9 aýata seret).*

**3-nji ädim: ötünç soramak we bagyşlamak.**

**20-nji bölüm:** erkekleriň gepleşigini okaň.

- Gepleşikde kim ötünç soraýar?

*Ikisi hem! Olaryň ikisi hem ýalňyş edenini boýun alýarlar we biri-birinden ötünç soraýarlar.*

**Tejribede ulanmak**: dawa çözme ýagdaýyny rollara bölünişip sahna oýnaň. (5minut we pikir alyşmak üçin wagt)

Okuwçylary iki-ikiden toparlara bölüň. Bu ýagdaýlaryň rollaryny paýlaşyp sahna oýnamaklaryny soraň. Olar dawany nähili çözjekdiklerini görkezmelidirler. Bir okuwçy “A” bolsa, beýlekisi “B” rolyny oýnaýar. Şundan soň, okuwçylar islege görä öz sahnasyny bütin topara görkezip bilerler.

1)”A” söhbetdeşimiz “B” söhbetdeş bolan dostuna karz pul berýär. Ol hem karzyny wagtynda yzyna gaýtarmaýar. Şonuň üçin “A” söhbetdeşimiz üçünji kişä “B” söhbetdeşimiz barada arz edýär.

2)Är-aýal erkegiň ene-atasyny aýratyn öýlän naharyna çagyrýar. Aýaly “B” nahary gijikdirýär we äri “A” myhmanlaryň öňünde oňa gaharlanýar. Aýal äri ony kemsitdi diýip hasaplaýar, äri bolsa aýaly ony masgara etdi diýip düşünýär.

**Sahna analizi: olar ýaraşmak üçin üç ädim ätdilermi? Bu nähili görünýärdi? Siz bu ýerde näme öwrendiňiz?**

**22-23-nji bölümler:**

- Biz näme üçin bagyşlamaly?

*Sebäbi Hudaý bizi bagyşlady.*

- Biz adamy näçe gezek bagyşlamaly?

*Matta 18:21-22 okaň, pikir alyşyň.*

- 23-nji bölümdäki surata serediň. Kimdir biri bilen ýaraşan wagty başdan geçiren duýgylary aýdyp beriň.
- Eger adam ýaraşmak islemese biz näme edip bileris? Mugallymyň sözlerini okaň.

*Her okuwçy dogada Hudaýa dawaly ýagdaýyny getirip bilmesi üçin mümkinçilik beriň.*

**Sapagyň bitişi**

| **Öwrenenleri ulanmak:** | **Bilelikde doga:** |
|---|---|
| -bu günki öwrenenleriňizden haýsysy siziň dawa çözmekde etjek hereketiňizi üýtgeder?<br>-tejribe ýumşuny bilelikde okaň;<br>-tejribe ýumuşy sizi diňe şol adam bilen gepleşmäge taýýarlar, emma siz muny tejribede ýerine ýetirmeli. Haçan-da Hudaý siziň ýüregiňize wagty gelendigi barada aýtsa haýal etmän gidiň. | Biziň bagyşlanandygymyzy unutmaň.<br>-bagyşlanma barada nagma aýdyň, ýa-da diňläň.<br>Okuwçylar ünslerini jemläri ýaly diwara haç dakyp bilersiňiz. Mesihiň bize beren bagyşlamasy barada oýlanyň, wagt aýyryň.<br>-okuwçylar dawaly ýagdaýlarynda ýaraşyp bilmekleri üçin Hudaýdan kömek sorasynlar.<br>-bu hepde ýaşaljak ýaraşyklary Hudaýyň gorap bereketlemegini soraň. |

# 13-nji sapak: Mesih barada nädip şaýatlyk etmeli?

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -Mesih barada adamlara aýdyp bermek hyjuwyny döretmek;<br>-Mesih barada kime, haçan, nirede aýtmalydygy barada akyldarlykly bolmagy öwrenmek;<br>-Mesihiň näme edendigini adamlara düşündirmegi öwrenmek;<br>-1Pet. 3:18 aýaty ýat tutmak. | -müsülmanlar we ynanç şaýatlygy;<br>-batyrgaýlykmy ýa-da seresaplylyk;<br>-“Hudaýa nädip gelmeli” diagrammasy.<br>**Taýýarlyk:** islege görä 13-nji bölüme wideo. |

## Sapagyň başlangyjy

**Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** siz dawaňyzy çözüp bildiňizmi? Ýa-da häli dileg edip amatly pursata garaşýarsyňyzmy? Näme boldy?

**Hudaýy biziň üçin eden işleri hatyrasyna şöhratlaň, bu günki sapak üçin dileg ediň.**

**Jogaplary barlamak (13-nji sapak):**

**1-nji sorag:** a) gorkuň; b) taýýar boluň; ç) mylaýymlyk, edeplilik;

**2-nji sorag:** a) taýýar boluň; b) mylaýymlyk, edeplilik;

**3-nji sorag:** 10-njy bölüme seret (1Pet. 3:18).

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** Mesihdäki täze durmuş barada size kim aýtdy? *Her okuwçy bu soraga jogap bermeli.*

Bize kimdir biri täze durmuş barada aýtdy, biz hem şonuň üsti bilen iman etdik. Edil şonuň baly, biz hem bu täze durmuş barada başgalara aýtmaly we nädip oňa eýe bolup biljekleri barada hem düşündirmeli. Her mesihiniň borjy – Mesih barada şaýatlyk etmek.

## Pikir alyşmak

### Mesih barada nähili şaýatlyk etmeli

**1Pet. 3:14-18 okaň.**

- 1Pet. 3:14-15 aýatlardan biz şaýatlyk etmegiň haýsy 3 ýoluny öwrenýäris?

*Gorkmaň, jogap bermäge taýýar boluň, mylaýymlyk we edeplilik bilen berjaý ediň.*

### Gorkmaň (2-7 b.)

**5-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

Siziň Mesihiň okuwçysy bolandygyňyz barada maşgala agzalaryňyzdan heniz bilmeýäni barmy?

- Siziň dogalaryňyz köpräk kimiňkine meňzeýär: suratdaky erkegiň dogasynamy ýa-da aýalyň?

**6-njy bölüm:** bütin bölümi okaň. Soraga nähili jogap berdiňiz?

- Siziň müsülman garyndaşlaryňyz siziň mesihi bolandygyňyz barada eşidenlerinde sizi ýzarladylarmy? Munuň ýaly synaglar bilen garşylaşdyňyzmy? Eger garşylaşan bolsaňyz – bu nähili boldy we nähili netijelere getirdi?

*Bu pikir alyşmak üçin wajyp bir sorag, indiki bölüme geçmäge howlukmaň.*

- Eger siz häli ýokardaky ýagdaý bilen garşylaşmadyk bolsaňyz, onda öz imanyňyz barada ýakynlaryňyza haçan aýtmakçy? Wagtyny siz saýlap bilersiňizmi? Ýa-da bu sizden öňde maşgala agzalaryna ýetip bararmy?

*Biziň üçin duýdansyz bolsa hem, biz hemişe Mesih barada şaýatlyk etmäge taýýar bolmaly.*

## Jogap bermäge taýýar boluň (8-13 b.)

**8-nji bölüm:** "A" , "B" we "Ç" bellikli soraglara okuwçylar nähili jogap bereler, paýlaşsynlar. Bolup biljek jogaplar:

A. Ogul Atasynyň häsiýetini we ygtyýaryny görkezýär. Biz "Ogul" sözüni göçme manyda ulanýarys. Meselem, arapça "ýol ogly" diýmek "ýoldaş" diýmegi aňladýar, parsça "Kabul ogly" diýmek – Kabulyň ýaşaýyjysy diýmekdir.
B. Biz öz maşgalamyzy, tirämizi, urugymyzy söýýäris. Men günbatarda däl-de gündogarda ýaşan Mesihiň yzyna eýerýärin. Birinji müňýyllygyň dowamynda mesihileriň uly bölegi gündogar ýaşaýyjylarydy. Bu gün hem biz şeýle ýagdaýy görüp bilýäris.
C. Mesihileriň Mukaddes Kitaby üýtgedendikleri ýalňyş bilgi. Bütin dünýä muzeýlerinde Mukaddes Ýazgylaryň birinji golýazmalarynyň müňlerçesi saklanýar. Eger olary häzirki Mukaddes Kitap bilen deňeşdirsek, onuň birinji golýazmalary bilen birligine göz ýetireris.

**9-njy bölüm:** suratdaky aýalyň soragyny okaň. Siz muňa nähili jogap bererdiňiz?

**10-njy bölüm:** bütin bölümi okaň we aýaty ýat tutuň.

## Tejribe : adamlara nädip Hoş Habar aýtmaly?

**13-nji bölüm**: okuwçylary iki-ikiden toparlara aýyryň.

- Bir okuwçy beýlekisine 3 minudyň dowamynda Isa Mesihiň adamlar üçin eden işlerini düşündirýär. Ol özüniň 13-nji bölümdäki soraga ýazan jogabyny ulansyn. Eger islese "2-nji gollanma"ny hem ulanyp biler.
- Soňra olar rollaryny çalyşsynlar we beýleki okuwçy birinjisine 3 minudyň dowamynda Hoş Habar aýtsyn.
- Ýene hemmäňiz bir uly topara toplanyň. Bu türgenleşme size "jogap bermäge taýýar bolmaga" kömek etdimi?
- 1Pet. 3:18 size Mesihiň adamlar üçin edenini düşünmäge kömek etdimi?

**Öz şaýatlygyňyzy pygamberleriň ýazgylarynda aýdylanlardan başlap bilersiňiz.**

- Isa Mesih we Täze Äht barada aýtmaga howlukmaň. Isa Mesih barada aýtmak üçin Köne ähti we pygamberleri nähili ulanyp bolar?

*Biziň müsülman dostlarymyz Adam atany, Nuhy, Ybraýymy, Ýusuby, Musany, Dawudy, Süleýmany gaty gowy tanaýarlar. Emma Gurhanda olar barada gaty az maglumat ýazylan. Biz dostlarymyza Töwratda şol pygamberler barada köp gyzykly maglumatlar ýazylandygyny aýdyp bileris. Şeýle hem Adam atanyň eden günäsi zerarly bu dünýä näletlendi we Hudaý muny çözmek üçin Mesihi – Kämil Gurbanlyk hökmünde seçendigi Töwratdaky pygamberler arkaly aýdylýar diýip düşündirip bileris.*

Eger wagt bolsa “Isa” filminiň başyny görüň (dünýä ýaradylyşy bilen başlanýan ýerini) ýa-da “Pygamberler taryhy”ny youtube-dan serediň. Ol filmler köp dillere terjime edilen we ony seretmek 8 minut tutup biler.

## Mylaýymlyk we edeplilik (14-18 b.)

**16-17-nji bölümleri okaň.**

- 17-nji bölümde şekillendirilen kyn ýagdaýlaryň her birinde siz özüňizi nähili alyp barardyňyz?

*Başdaky iki ýagdaý wagtyň geçmegi bilen özgerip biler, üçünji ýagdaý bolsa has çylşyrymly, sebäbi onuň netijesi uzak wagtlyk bolup biler.*

- Eger siz müsülman ýakynlaryňyzyň haýyşyny mesihi bolandygyňyz üçin ýerine ýetirip bilmeseňiz, siz nädip muny “mylaýym we edepli” şekilde aýdarsyňyz?

*Olar bilen gaharly gepleşmäň. Olara hormat görkeziň. Öz ýakynlaryňyza öz söýgiňizi olary her tarapdan goldamak bilen görkeziň. Olary oňaýsyz ýagdaýa goýjak hereketler etmäň. Amatly pursaty saýlaň.*

## Ýaşaýyş çöregi (19-20 b.)

**19-njy bölüm:**

- “ bir garyp adamyň beýleki garyp adama nädip çörek tapmalydygyny düşündirişi” nädip biziň wezipämize meňzeýär?

*Mehdi Dibaž şu pikiri kazyýetiň öňünde pars nakyly bilen beýan etdi: “Olar meniň Hoş Habar paýlaşmagyma garşy. Emma olar “ eger kör adamy guýynyň ýanynda görüp dymyp geçseň – sen günäli” diýýärler ahyryn” diýdi. Alty aý soňra ol jebir çekip öldi. Onuň edermen şaýatlygy ony ölüme getirdi. Şaýat şehit boldy.*

- Onuň etmişi muňa degýärmi, siz nähili pikir edýärsiňiz?

**20-nji bölüm :** bu wakany we soragy okaň.

- Mesihe iman edeniňi haýal etmän derrew ýakynlaryňa aýtmalymy ýa-da olaryň taýýar boljak wagtyna garaşyp ýyllarça gizlenip gezmelimi – bu iki ýagdaý arasynda orta çözgüdi nädip tapmaly?

**Ýetişen imanlylaryň şaýatlyk etmek barada berýän maslahaty:**

- Sizde bolup geçýän üýtgeşikler we siziň durmuşyňyz, goý, ýakynlaryňyz üçin gowy şaýatlyk bolsun;
- Siziň ýakynlaryňyzyň ynanýan dinine gülmäň. Olary tankytlamaň;
- Olara mesihiň şägirdi bolandygyňyzy derrew aýtmaň;
- Ýuwaş-ýuwaşdan olara Mukaddes Kitabyň taglymatynyň peýdalydygyny görýändigiňizi duýduryň ;
- Eger siziň ýakynlaryňyz sizden göni “sen mesihimi?” diýip sorasalar “ýok” diýmäň;
- Hudaý olaryň ýüreklerini taýýarlasyn diýip berk doga ediň;
- Ilki bilen maşgalaňyzda mesihilige az-köp gowy seredýän birine öz imanyňyz barada aýdyp beriň;
- Siziň ýakynlaryňyz imanyňyz barada siz aýtmazdan ozal bilip bilerler. Ýöne Hudaý ähli zady kontrol astynda saklaýar we ähli zady siziň bähbidiňiz üçin ulanýar.

**Sapagyň bitişi**

| **Öwrenenleri ulanmak:** | **Bilelikde doga:** |
|---|---|
| Bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder?<br><br>Bilelikde tejribe ýumşuny okaň.<br><br>Siz bu adama Mesih barada näme aýdyp berjek? | Iki-ikiden dileg ediň. Okuwçylar öz imany barada kimleriň bilýändigini aýtsynlar, soňra biri-biriňiz üçin dileg ediň we Hudaýdan Mesihiň gowy şägirdi bolmak üçin akyl-paýhas soraň, ylaýta-da maşgalaňyzda. |

# 14-nji sapak: suwa çümdüriliş

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -suwa çümdürilişi suratlandyrýan 3 sany hakykaty öwrenmek;<br><br>-minnetdarlyk bilen öz suwa çümdürilişiňi ýada salmak ýa-da ýakyn arada ony ýerine ýetirmegi planlaşdyrmak;<br><br>-Matta 28:19 ýat tutmak. | -yslamdan gelen mesihiler we suwa çümdüriliş;<br><br>-yslamda täret. |

## Sapagyň başlangyjy

**Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** bu hepde sizde Mesih barada şaýatlyk etmäge ýa-da öz imanyňyz barada paýlaşmaga mümkinçilik boldumy? *Kimde mümkinçilik bolmadyk bolsa, olara şu soragy beriň: "Hudaý size şeýle mümkinçilik bermegi üçin dileg edýärsiňizmi?"*

## Jogaplary barlamak (14-nji sapak)

**1-nji sorag:** "ähli milletleri şägirt ediň, olary ATA , OGUL we MUKADDES RUH adyndan suwa çümdiriň". Matta 28:19.

**2-nji sorag:** a) Mesihdäki adam; b) günä, ýuwulan; ç) ýygnaklar.

**3-nji sorag:** örän wajyp.

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:**

Siz suratdaky Arman diýen adama meňzeýärsiňizmi? Sizde suwa çümdürilmek barada nähili soraglar bar? Bu gün biz siziň soraglaryňyza jogap berjek bolarys.

**Bu günki sapak üçin dileg ediň, ýa-da okuwçylaryň biri dileg etsin.**

## Pikir alyşmak

### Men näme üçin suwa çümdürilmeli (2-3 b.)

**2-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Suwa çümdürilmegiň iň wajyp sebäbini aýdyň.

*Sebäbi Hudaý Isa Mesih bize şeýle etmegi buýurdy.*

- Mesih haýsy ýagdaýda bize şeýle etmegi buýurdy, bilýärsiňizmi?

*Özüniň direlenden soň. Göklere alynmazdan öň, Ol Öz şägirtlerine Özüniň başlan işini dowam etmeklerini buýurdy. Şol zamanlardan bäri Mesihiň şägirtleri adamlara şaýatlyk edýärler we olary suwa çümdürýärler.*

- Matta 28:19 aýaty kim ýatdan aýdyp biler?

*Her okuwçy aýtsyn.*

### Suwa çümdürilmek näme aňladýar? Men –Mesihde täze adam (4-8 b.)

**4-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Öz sözleriňiz bilen suwa çümdürilmek bu biziň köne we täze tebigatymyz üçin näme alamatlandyrýandygyny düşündiriň.

*Biziň köne tebigatymyzyň ölüp,biziň täze tebigata eýe bolup, täze ýaşaýyş üçin direlendigimizi aňladýar.*

**7-nji bölüm:** Bagtyýaryň şaýatlygyny okaň.

- Suwa çümdürilenler üçin sorag: siz hem suwdan çykanda Bagtyýaryňky ýaly duýgylary başdan geçirdiňizmi?
- Siz nähili duýgylary başdan geçirdiňiz?

**Suwa çümdürilmek nämäni görkezýär? Meniň günälerim ýuwulan (9-11 b.)**

**10-njy bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Suwa çümdürilmegiň günäleri ýuwýan jadyly güýji barmy? *Ýok*
- Bizi, aslynda, günälerimizden näme saplaýar?

*1Ýoh. 1:7 – Mesihiň gany bizi ýuwýar. Suw diňe biziň bedenimizi ýuwýar. Emma suwa çümdürilmek – bu Mesihiň biziň ýüregimizde günälerimizden saplanmany ýerine ýetirendiginiň göze görünýän nyşany.*

**Suwa çümdürilmek nämäni görkezýär? Men Mesihiň ýygnagyna goşuldym(12-14b.)**

**12-13-nji bölümler:** Mesihiň ýygnagyna goşulmak barada ýazylan bütin baby okaň.

- “Men diňe özüm üçin suwa çümdürilýärin. Bu diňe Hudaý bilen ikimiziň aramyzda. Meniň ýygnaga goşulmagym hökman däl” diýýän adama näme diýerdiňiz?

*1Kor. 12:13 aýata görä, suwa çümdürilmek bu biziň Mesihiň bedeniniň hem-de Ýygnagynyň agzasy bolýandygymyzdyr. Biz hökman imanlylar toparyna goşulmalydyrys, ýygnak ulymy kiçimi parhy ýok. Biz olara, olar bolsa bize degişli. Bilelikde biz Hudaýyň saýlan halkydyrys.*

**14-nji bölüm:** depderleriňize seretmeden suwa çümdürilmegiň haýsy 3 hakykaty görkezýändigini aýdyň.

- Olardan haýsysy siz üçin wajypdyr?

**Suwa çümdürilmek wajypmy? (15-17 b.)**

**15-16-njy bölümler:**

- Her imanly suwa çümdürilmelimi? Näme üçin? Pikir alyşyň.

Öz şaýatlygyňyzy aýdyň. Bu gün siz suwa çümdürilýärsiňiz we şaýatlygyňyzy hemmeler bilen paýlaşýandygyňyzy göz öňüne getiriň. Siz olara 5 minudyň içinde näme aýdyp bererdiňiz? 16-njy bölümde ýazanlaryňyzy ulanyp bilersiňiz.

Okuwçylary iki-ikiden toparlara bölüň we olar biri birine öz şaýatlyklaryny aýtsynlar. Siz hem öz şaýatlygyňyzy aýtmaga taýýar boluň. Bir- iki okuwçy bütin topara öz şaýatlyklaryny aýdyp biler. Yslamdan gelen täze iman edenlere, köplenç, şaýatlyklaryny

aýtmagy köp haýyş edýärler. Olar hemişe dykgat içinde bolmakdan ýadaýarlar. Şonuň üçin eger okuwçylarda isleg bar bolsa paýlaşsynlar.

## Men haçan suwa çümdürilmeli (18-22 b.)

**21-nji bölüm:** bu bölümdäki soraga nähili jogap berdiňiz? Ýagdaýa görä öz teklipleriňizi aýdyň.

- Her kim eşider ýaly muny açyklamaň, ynamly adamlaryňyzy çagyryp bu barada aýdyň;
- Suwa çümdürilişi başgalar görüp bilmeýän gizliräk ýerde geçiriň;
- Diňe 1 fotoapparat getiriň we suwa çümdüriljek adam suratlaryň kimde saklanjakdygyny çözsün;
- Suwa çümdürilýän pursaty surata almaň, dostlar bilen bile duran wagtdaky suratlary alyp bilersiňiz;
- Eger suwa çümdüriliş barada şahadatnama berilse, ony berk ýerde saklaň.

**22-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Bu soraga nähili jogap berdiňiz?

*Pikir alyşyň. Bu ýerde "dogry" jogap ýok, sebäbi ähli zat ýagdaýa bagly. Öz ýan-ýoldaşy bilen bile suwa çümdürilmek pursadyna garaşanlar gaty şatlandylar. Emma mesihiniň ýan-ýoldaşy ýyllar geçenden soň hem iman etmese, onda ol ýeke özi bolsa hem suwa çümdürilme kararyny alar.*

**Bellik.** 21-22-nji bölümlerde okuwçylar öz jogaplaryny ýazdylarmy, kontrol ediň. Olar jogaplary ýazýan bolsalar, tema barada has giň pikirlenip bilerler we pikir alyşma wagty has aktiw gatnaşyp bilerler.

- Mugallymyň sözlerini okaň.
- Suwa çümdürilmek howply bir ädim bolsa hem, biz gorkmaly däl, sebäbi suwa çümdürilmek – bu baýramdyr.

## Sapagyň bitişi

| **Öwrenenleri ulanmak:** | **Bilelikde doga:** |
|---|---|
| -bu günki sapak siziň durmuşyňyzy nähili üýtgeder?<br>-bilelikde tejribe ýumşuny okaň. Eger okuwçylaryň arasynda kim bilen gepleşjegini bilmeýän bar bolsa, oňa laýyk birini maslahat beriň;<br>-eger siz häli suwa çümdürilmedik bolsaňyz, bu tejribe ýumşuny hökman ýerine ýetiriň; | Okuwçylara haçan we nirede suwa çümdürilip biljekdikleri barada oýlanmaga 2-3 minut wagt beriň. soňra her okuwçy Hudaýy näme üçin şöhratlap biljekdigini we bir mätäçligini aýtmagyny |

| | |
|---|---|
| -eger siz suwa çümdürilen bolsaňyz bu hepde toparyň agzasy bilen duşuşyp, suwa çümdürilmek barada gepleşiň we dileg ediň. | soraň. Hudaýy şöhratlaň we mätäçlikler üçin dileg ediň |

# 15-nji sapak: göni ýol

| | |
|---|---|
| **Sapagyň maksady:**<br>-özüň üçin däl-de, Hudaý üçin ýaşamak kararyny almak;<br>-öz güýjümiz bilen biz dogry ýoldan gidip bilmejekdigimiz baradaky hakykaty boýun almak;<br>-näme üçin Mesihiň guly bolmak – bu hakyky azat bolmaklykdygyny düşünmek;<br>-1Kor. 6:19-20 ýat tutmak. | **Medeniýete degişli açyklamalar:**<br>Şariýat we yslamda kanunlary ýerine ýetirmek;<br>Müsülmanlar we göni ýol;<br>“uly” we “kiçi” günäler. |

## Sapagyň başlangyjy

**Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** suwa çümdürilmek barada karar aldyňyzmy ýa-da kimdir birine bu karary almakda maslahat berdiňizmi? Nähili karar aldyňyz? *Eger okuwçylaryň arasynda suwa çümdürilmek kararyny alanlar bar bolsa, muňa taýýarlanmak barada sapakdan soň gepleşiň.*

**Jogaplary barlamak(15-nji sapak):**

**1-nji sorag:** a) Musanyň kanuny; b) Mesihiň kanuny;

**2-nji sorag:** Mukaddes;

**3-nji sorag:** a), b) we ç) Mesihiň kanunlary boýunça gadagan; okuwçylardan d) we e) soraglaryna nähili jogap berendiklerini soraň.

**4-nji sorag:** 1Korintoslylar 6:19-20. (21-nji bölüme seret)

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** siziň pikriňizçe, haýsy kanunlary ýerine ýetirmek has kyn : yslam kanunlarymy ýa-da Mesihilik kanunlarymy?

*Pikir alyşyň. Okuwçylar her hili pikirlerini aýtmaga mümkinçilik beriň. öňümizdäki 3 hepde dowamynda biz täze kanunyň talaplary barada öwreneris.*

## Pikir alyşmak

### Adamlar näme üçin dogry ýoldan ýöremeýär (1-4 b.)

**Serhoş adam şekillendirilen surata serediň**

- Näme üçin bu adam dogry ýöräp bilmeýär?

*Ol alkogolyň täsiri astynda.*

- Bu mysal nähili ruhy hakykaty görkezýär?

*Adamlar günäniň täsiri astynda gezýärler, we günä baglydyrlar. Olar isleseler hem dogry ýöräp bilmeýärler.*

- Müsülmanlar namaz okan wagty “meni dogry ýola sal” diýip dileg edýärler. Olaryň pikri boýunça – Hudaý ýere müňlerçe pygamberleri adamlara dogry ýoly görkezsinler diýip iberdi. Emma adamlara dogry ýoldan ýöremek üçin diňe görkezme ýeterlimi? Näme üçin ýok ? *doga we pygamberler gowy zat, emma adamlara dogry ýoldan ýöremek üçin güýç gerek.*

**3-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Kitapda dogry jogap “d” diýilip berilen. Siz munuň bilen razymy?
- Siz öz müsülman dostuňyza adamlary günä bolan höwesinden azat etmek üçin – goşmaça berilýän kanunlar, goşmaça dogalar we gowy işleriň ýeterli däldigini nähili düşündirdiňiz?

*Adam derejesinde ählisi hem belli bir ýere çenli kömek edip bilýär, emma adamyň esasy problemasyny çözmeýär. Muny diňe Hudaýyň güýji bilen çözüp bolar.*

### Arassa we arassa däl (5-6 b.)

**5-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Bu parçadan haýsy sözleri bellediňiz?

*Erbet pikirler, azgynlyk, ogurlyk, ganhorluk, zynahorluk, açgözlük, ýamanlyk, hile, ahlaksyzlyk, göriplik, sögünç, tekepbirlik, akmaklyk.*

- Fariseýleri arassa (halal) iýmitler içinden arassa etdimi? Näme üçin ýok?

*Ýok, sebäbi olaryň ýüreklerindäki günäleri olary içinden murdar etdi.*

- Haýsysy has beter: arassa däl iýmitmi ýa-da arassa däl pikirler?

*Arassa däl pikirler beter, sebäbi olar biziň ýüregimizi murdar edýärler, netijede arassa däl sözler we hereketler ýüze çykýar.*

**6-njy bölüm:** siz bu bölümde näme ýazdyňyz?

- Haýsysyny tämizlemek aňsat: biziň ellerimizimi ýa-da ýüreklerimizi?

*Eger okuwçylar öz pikirlerini ýazsalar, olar bu barada has aýdyň pikirlenýärler we pikir alyşmaga has gowy taýýar bolýarlar.*

## Hudaýyň azgyn ýürek meselesine çözgüdi (7-10 b.)

**7-nji bölüm:** bilelikde bütin bölümi okaň, we ýat tutmak üçin aýatda öz adyňyzy goýup gaýtalaň.

- Kim bizde dogry ýoldan ýöremäge isleg döredýär? Kim bize muny ýerine ýetirmäge güýç berýär? *Hudaýyň Ruhy.*

## Hudaý üçin ýaşaýyş (11-16 b.)

**15-nji bölüm:** ähli wariantlara bilelikde göz aýlaň.

- Elbetde, “a)” jogaby dogrydyr. “b)” jogaby näme? Kiçi günäler wajypmy? Näme üçin?

*Belki, yslamda kiçi günälere üns bermän bilerler, emma Mesihiň taglymatyna görä olar uly orny eýeleýär, sebäbi Hudaýyň talaby gaty beýikdir.*

- “d” (ýalan) we “e”(günäli pikirler) jogaplary barada näme pikir edýärsiňiz?
- Eger bizde günä etmek pikiri bar bolsa, emma biz ony ýerine ýetirmesek bu günä hasaplanarmy?

*Eger şeýtan bizi günäli pikirler bilen azdyrjak bolsa, emma biz oňa garşy dursak – bu günä däl. Ýöne biz bilgeşleýin azgyn pikirler barada oýlanmaga dowam edip ýa-da olary ýerine ýetirjek bolsak – onda bu günä.*

**16-njy bölüm**: bütin bölümi okaň.

- Haýsy jogaplary wajyp hasaplaýarsyňyz? Näme üçin?

*“b)”,”ç)”, “e)”, “f)” jogaplary Resul Petrusyň birinji hatyndan alynan, şonuň üçin olar Mesihiň kanunyna degişli. “a)”, “d)”, “ä)” jogaplary Täze Ähtde ýok. Şonuň üçin Mesihiň okuwçylary öz islegine görä olary ýerine ýetirip ýa-da ýetirmän bilerler. “b, ç, e, f” jogaplary biziň adamlara bolan gatnaşygymyzy we hereketimizi görkezýär. Mesihiň kanunynda bular daşky alamatlardan has wajypdyr.*

## Hakyky azatlyk (17-22 b.)

**Rim. 6:11-18 okaň.**

- Bu aýatlaryň esasy pikirlerini kim düşündirip biler?

*Bu düşünmesi kyn bolan aýatlardandyr, şonuň üçin okuwçylar onuň manysyna düşüneri ýaly ony 2 gezek ýa-da birnäçe görnüşde okaň.*

- 11-nji aýata görä, biz näme üçin ölen we kim üçin diri bolmaly?

*Günä üçin ölen, Hudaý üçin diri.*

- 12-13-14 aýatlarda Pawlus bizi üç gezek günä garşy durmaklyga çagyrýar. Olar haýsylar?

*“günäniň öz teniňize höküm sürmegine ýol bermäň”, “beden agzalaryňyzy ... günäniň ygtyýaryna tabşyrmaň”, “günä size öz hökümini ýöretmez”.*

- 14-nji aýata görä, näme üçin günä artyk biziň üstümizden höküm sürmeýär?

*Sebäbi biz kanun ygtyýarynda däl, merhemet ygtyýarynda*

- Eger biz merhemetiň ygtyýarynda bolsak, diýmek biz islänimizi edip bilýärismi? Näme üçin? 15-16 aýatlara seret.

*Ýok! Sebäbi biz özümizi Hudaýa hödürlemeli – täze Hökümdarymyza. Biz Hudaýa tabyn bolmak erkimiz bar, günäniň gulçylygyndan çykdyk.*

- 17-18 nji aýatlarda biziň indi dogrulyk gullary bolandygymyz barada aýdylýar. Öz tejribäňizden : siz muny şatlyk hökmünde kabul edýärsiňizmi ýa-da agyr ýük hökmündemi?

*Bu biziň üçin şatlyk. Pikir alyşma wagty Hudaý üçin ýaşamakdan şatlyk duýgusy barada agzap geçiň, diňe günä garşy söweş kynçylygyny däl.*

- Biraz duruň we nähili bolmak isleýändigiňiz barada pikir ediň: günäniň guly bolmak isleýärsiňizmi ýa-da Hudaýa tabyn bolma erkinligini isleýäňizmi?

**17-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Siz näme diýip ýazdyňyz?

*1Pet. 4:2-3 tekstinde resul bizi indi beden islegimize görä däl-de, Hudaýyň islegine görä ýaşamaga çagyrýar.*

**19-njy bölüm:** suratdaky adama serediň.

- Bu adam hakykatdanam azatmy? Siz näme diýip ýazdyňyz?

**20-nji bölüm:** bu suratda biz şol bir adamy görýäris.

- Onuň zynjyrlaryna näme boldy?

*Olar haçyň öňünde üzüldiler.*

- Biz nädip hakyky azatlyga eýe bolýarys: özümiz üçin ýaşanymyzdamy ýa-da Isa Mesih üçin ýaşasakmy?

*Biz hakyky azatlygy Mesihiň gullary bolanymyzda alýarys. Belki bu üýtgeşik eşidilip biler, emma bu hakykat.*

- Geliň, öz durmuşymyzdan mysallar getirip, Isa Mesihiň bizi erbet endiklerimizden azat edenini paýlaşalyň.

*Siz hem mugallym hökmünde öz durmuşyňyzdan mysal getiriň we Hudaý üçin ýaşaýandygyňyz üçin şatlygyňyz barada paýlaşyň.*

**21-nji bölüm:** 1Kor. 6:19-20 aýatyny okaň we ýat tutuň. Her okuwçy bu aýatlary ýanyndakysyna onuň adyny tutup aýdyp bermeli. Meselem, “Narkuly, sen özüňe degişli däl, sen gymmat baha satyn alyndyň. Şonuň üçin Hudaýy öz bedeniň bilen şöhratla.”

**Sapagyň bitişi**

| | |
|---|---|
| **Öwrenenleri ulanmak:**<br>Bu gün siz haýsy iňňän wajyp bolan hakykaty öwrendiňiz? Bu siziň durmuşyňyza nähili täsir eder?<br>**Bilelikde tejribe ýumuşy okaň.**<br>Bu bize belli bir günälerimizde beýlekileriň öňünde jogapkärçilikli bolmaga kömek eder. Iki-ikiden toparlara bölüniň we içiňizdäki gahar bilen söweşiňiz barada gysgaça paýlaşyň. Bu hepde öz gaharyňyzy nädereje kontrol edip bilendigiňiz barada depder ýörediň (dogrysyny ýazyň!). Bu babatda biri-biriňiz bilen hepde dowamynda paýlaşyp hem bilersiňiz. | **iki-ikiden toparlarda biri-biriňiz üçin doga ediň:**<br>Hudaýa sizi günäniň gulçylygyndan azat edeni üçin minnetdarlyk bildiriň. Ondan size Mesihiň gullary bolmaga kömek etmesini soraň. |

# 16-njy sapak: söýgi kanuny

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -Hudaýy bütin ýüregiň bilen we ýakyny özüňi söýüşiň ýaly söýmäge dyrjaşmak;<br>-Hudaýyň söýgüsiniň biziň Oňa bolan söýgimiziň derejesine bagly däldigine göz ýetirmek;<br>-biz ähli zat üçin Hudaýa borçlydygymyza düşünmek we ählisi üçin Oňa minnetdarlyk bildirmek; | -müsülmanlaryň boýun bolma sebäpleri;<br>-müsülmanlar, iman eden müsülmanlar we myhmansöýerlik. |

| | |
|---|---|
| -Mark 12:30-31 aýaty ýat tutmak. | **Taýýarlamak:** eger isleseňiz çörek we miwe suwy Taňry agşamyny geçirmek üçin. |

## Sapagyň başlanyşy

**Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** öz gazabyňyzy bu hepde dowamynda nädereje gowy kontrolda saklap bildiňiz? Geçen hepde biri-biriňiz üçin dileg eden zatlaryňyzdan nämäni edip bildiňiz, nämäni bolsa başaryp bilmediňiz – bu barada dostyňyza ýene ikiçäk toparda paýlaşyň.

*Munuň üçin 5 minut wagt aýyryň, soňra aşakda berilen doga bilen dileg ediň. Okuwçylar sözlem-me-sözlem siziň yzyňyzdan gaýtalamalydyrlar:*

Biziň Gökdäki Atamyz... Seniň beren wadaň üçin minnetdar, eger biz günälerimizi boýun alsak, Sen, sadyk hem adalatly Hudaý biziň günälerimizi bagyşlaýarsyň we her hili ýamanlykdan tämizleýärsiň.... Hudaý, biziň her birimizi geçen hepdäniň dowamynda aýdan gaharly geplerimiz üçin bagyşla, bizi tämizle we täzelden Öz Mukaddes Ruhuň bilen doldur.... biz Saňa bu hepde has gowy hyzmat edip bileli. Hudaýymyz Isa Mesihiň ady bilen soraýarys. Omyn.

**Jogaplary barlamak (16-njy sapak):**

**1-nji sorag: birinji:** Hudaýy, Rebbi, ýüregi, jany, aňy,

**Ikinji:** ýakynyňy, özüňi ýaly.

**2-nji sorag:** söýgi.

**3-nji sorag:** a) ýalňyş, b) dogry.

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** indi, durmuşda Mesihiň yzyna eýerenimizde biz nähili kanunlary berjaý etmeli? *Mesihiň kanunlaryny (şeriýatyny).* Biz Mesihiň şeriýatyny söýgi kanuny diýip atlandyrýarys. Bu gün biz Hudaýyň bize bolan söýgüsi barada, biziň Oňa we adamlara bolan söýgimiz barada öwreneris.

## Pikir alyşmak

### Hudaý bizi birinji söýdi (1-5 b.)

Iki hyzmatkär şekillendirilen surata serediň. Olaryň haýsysy öz hojaýynyna uly şatlyk bilen hyzmat edýär? Bu biziň üçin näme diýmegi aňladýar?

*Biz Hudaýa bizi halas edendigi üçin minnetdarlyk bilen hyzmat edýäris. Beýleki adamlar Onuň temmisinden gorkup Oňa hyzmat edýärler.*

**4-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Biz Hudaýyň bize bolan söýgüsine bütinleý ynamly bolup bilerismi?

*Howwa, eger biz Mesihde bolsak.*

- Ol bizi az wagtlyk bolsa hem döwzah oduna taşlap bilermi?

*Ýok, sebäbi Mesih biziň ähli günälerimiz üçin töleg töledi. Köp müsülmanlar ölümden soň olara näme garaşýandygyny bilmeýärler: olar derrew jennede gitjeklermi ýa-da belli bir wagty döwzahda geçirjeklermi, belli däl.*

- Beýle bolsa biz näme üçin Hudaýa bütin ýüregimiz bilen hyzmat etmeli?

## Hudaý Öz söýgüsini görkezdi (6-10 b.)

**7-8-nji bölümler:** bütin dünýäde Mesihiň şägirtleri iki sany gizli däpleri ýerine ýetirýärler. Olaryň biri barada biz geçen sapakda öwrendik, bu suwa çümdürilmekdi. Ikinjisi bolsa Taňry agşamy ýa-da syrly däp diýilip atlandyrylýar. Ony berjaý etmek bilen biz Hudaý Isa Mesihiň biziň üçin haçda eden gurbanlygyny ýatlaýarys.

**7-8-nji bölümleri okaň:**

- Taňry agşamyna siz näçe wagtdan gatnaşýarsyňyz? Ýa-da sizde häli muny ýerine ýetirmäge mümkinçilik bolmadymy?

*Käbir imanlylar muny tiz-tizden berjaý edýärler, käbirleri bolsa arada bir edýärler. Belki, muny hiç haçan ýerine ýetirip görmedik okuwçylar hem bardyr.*

- Bu syrly däp siziň denominasiýaňyzda nähili atlandyrylýar?
- Eliňize çörek bilen üzüm suwyny alanyňyzda nähili duýgylary başdan geçirýärsiňiz?
- Siziň imanly doganlaryňyz näme ulanýarlar : şerapmy ýa-da üzüm suwynymy? Eger şerap ulanýan bolsalar – bu siziň üçin mesele bolýarmy?

*Müsülman ülkeleriniň köpüsinde imanlylar miwe suwyny ulanýarlar. Günbatar ýurtlarda käbir denominasiýalar miwe suwyny ulanýarlar, beýlekileri bolsa şerap. Käbir yslamdan gelen imanlylar şerap içýärler, käbirleri bolsa alkogol hiç içmeýärler, şonuň üçin Taňry agşamyny geçireniňizde muny nazarda tutuň.*

- Biz imansyz adamlara Taňry agşamyna gatnaşmaga rugsat berip bilýärismi?

*Ýok, bu diňe Mesihiň şägirtleri üçindir.*

## Söýgi kanuny (11-14 b.)

**1Ýoh. 4:7-13 okaň.**

- Haýsy aýatda Hudaýyň söýgidigi barada aýdylýar? Bu sizde nähili duýgylary emele getirýär? *8-nji aýatda*
- Haýsy aýatlar - biz muňa hiç hili ädim ätmezden öň, Hudaýyň bizi birinji söýendigi barada aýdýar? *9-10-njy aýatlar*

- Hudaý bize Öz söýgüsini nädip görkezdi?

*Hudaý bize ýaşaýyş bermek üçin, Özüniň ýeke-täk Ogluny dünýä iberdi (9-10 aýatlar).*

*(Mukaddes Kitapdan tapawutly şekilde Gurhan Hudaýyň özüni tämizleýän adamlary söýýändigini öwredýär).*

- 7-11- nji aýatlara laýyklykda Hudaýyň söýgisiniň jogabyna biz näme etmeli?

*Biri-birimizi söýmeli.*

- Hiç kim Hudaýy görüp bilmeýär, emma biz biri-birimizi söýsek adamlar nämäni görüp bilerler? *12-nji aýata seret*

*Olar Hudaýyň bizde ýaşaýandygyny görüp bilerler, we Onuň söýgüsiniň bizde dolylyga ýetendigini görüp bilerler.*

**13-nji bölüm: Mark 12:30-31 ýat tutmak üçin birnäçe gezek gaýtalaň.**

- Mesihiň kanunynyň aýratynlygy bu kiçigöwünlilik we sadalykdyr, şonuň üçin ony ýatda saklamak aňsatdyr. Ýöne ony berjaý etmek aňsatmyka?
- Söýgi kanuny boýunça ýaşamaga bize kim ukyp berýär?

*Bizde ýaşýan Hudaýyň Ruhy.*

**14-nji bölüm:** sanalanlardan haýsysyny bellediňiz? Näme üçin? *Mugallym hem öz jogabyny aýtmaly.*

## Ýakynyňy özüňi söýüşiň ýaly söý (15-25 b.)

**17-nji bölüm:** bu 4 sany surata serediň. Bu adamlardan haýsysy Mesihiň kanunyny berjaý edýär?

- A suratda äri aýalyny näme üçin şatlandyrmak isleýär?
- B suratda Mesihiň kanunyny berjaý etmek üçin äri näme etmeli?
- Ç suratdaky aýalyň dogasyna Hudaý nähili jogap berip biler?
- D suratdaky gyz Mesihiň kanunyny berjaý etmeýär. Munuň netijesi nähili bolar?

**19-njy bölüm:** bu bölümi okaň we pikir alyşyň.

**22-nji bölüm:** çarçuwadaky durmuşdan alynan wakany okaň.

- Wakadan soň gelýän birinji abzasy okaň. Bu bölümde siz näme ýazdyňyz?

**24-nji bölüm:** Farida we Alinyň resimlerine serediň. Olaryň haýsysy bilen siz pikirdeş?

**25-nji bölüm:** bütin bölümi we mugallymyň sözlerini okaň.

- Nähili pikir edýärsiňiz? Duşmanyňy söýüp bolarmy? *Filipliler 4:13 seret.*

*Durmuşdan getirilen mysallardan biri – "10-njy sapak" daky Myradyň hekaýasy. Nik Ripken özüniň "Hudaýyň däliligi" atly kitabynda ýene bir hekaýany mysal getirýär. Ol kitapda köp ýyllap türmede oturan adam barad aaýdylýar. Türmäniň garawullaryndan biri ony hemişe masgara edýän eken. Türmeden çykandan köp ýyl soňra ol adam şol garawuly garry we kesel halda görýär. Mesihi ol adam üçin dileg edip, oňa derman getirýär.*

- Siz öz durmuşyňuzdan Mesihiň şägirtleriniň öz duşmanlaryna söýgi görkezen ýerlerini mysal getirip bilersiňizmi?
- Eger adamlar bütin dünýäde öz duşmanlaryny söýüp başlasalardy, munuň netijesi nähili bolardy?

**Sapagyň bitişi**

| **Öwrenenleri ulanmak:** | **Bilelikde doga:** |
|---|---|
| -1Pet. 4:8 "ozaly bilen biri-biriňizi jandan söýüň" diýilip ýazylan. Bu günki sapak siziň durmuşyňyzy nähili üýtgeder?<br>**-bilelikde tejribe ýumuşy okaň.**<br>-her hepde sapagy we tejribe ýumşuny ýerine ýetirmegi unutmaň. | Eger makul bilseňiz, Taňry agşamyny geçiriň. Söňra dogada Isa - bedeni we döken gany üçin minnetdarlyk bildiriň, şeýle hem her birimize söýgi kanuny boýunça ýaşamaga kömek soraň. |

# 17-nji sapak:bermek we agyz beklemek

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -Hudaýyň ýolbaşçylygy astynda agyz beklemegi we ondalyk bermegi tejribede ýerine ýetirmäge başlamak;<br>-muny şatlyk we tüýs ýürekden ýerine ýetirmek, "göze görünmek"üçin we mejburlyk bilen däl;<br>-Hudaýyň durmuşymyzda baştutanlygynyň 2 ýoly barada öwrenmek;<br>-Mark 12:30-31 aýatlary gaýtalamak. | -yslamdan gelen imanlylar we şeriýatyň jikme-jik görkezmeleri;<br>-yslamdan gelen imanlylar we ramazan;<br>-müsülmanlar we sadaka. |

**Sapagyň başlangyjy**

**Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** ýardama mätäç bolan imanly doganlaryňyzdan birine kömek etdiňizmi? Siz olara nähili kömek etdiňiz? Ol adam muňa nähili garady? **Okuwçylardan biri bu günki sapak üçin dileg etsin.**

**Jogaplary barlamak (17-nji sapak):**

**1-nji sorag:** Söz, Ruh.

**2-nji sorag:** dogalar.

**3-nji sorag:** a) hemmesi, b) näçe köp bolsa şonça.

**4-nji sorag:** a) Hudaýa, adamlara; b) söýgide.

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** Mesihiň kanuny barada biz nämeler öwrendik? *"sapaga giriş"e seret.* Indi biz Mesihiň şägirtleri hökmünde agyz bekleýäris we sadaka berýäris. Biziň öňki kanun boýunça bu işleri ýerine ýetirmek niýetimizden, häzirki niýetimiz üýtgeşik.

**Pikir alyşmak:**

**Hudaý bizi dogry ýoldan nädip alyp gidýär? (1-5 b.)**

**1-nji bölüm:** guzylar şekillendirilen iki sany surata serediň.

- Bu suratlaryň haýsysy biziň öňki şariýatymyzy şekillendirýär? Haýsysy Mesihiň kanunyny? Olar nähili tapawutlanýar?

*Yslam şariýaty mäkäm gala meňzeýär, guzylary bolmaly ýerinde saklap durýar. Onuň jikme-jik görkezmeleri gadagan edilen zatlary rugsat edilen zatlardan çäklendirýär. Mesihiligiň aýratynlygy – onda jikme-jik görkezmeleriň ýoklugydyr. Käte rugsat edilen zatlaryň çäkleriniň nirdedigini bilmeýän ýaly bolup görüner. Ýöne Mesihiň hut Özi biziň çopanymyzdyr. Ol Öz goýunlaryny gowy ýerlere eltip olary howpdan saklajakdygy barada aýdýar.*

**3-4-nji bölümler:** 3-nji bölümiň ählisini we 4-nji bölümiň birinji abzasyny okaň.

- Öz Ruhy arkaly gepleýän Mesihiň sesini biz nädip eşidip bileris?

*Onuň Ruhy biz bilen her gün biz Mukadde Kitaby okanymyzda Onuň Sözi arkaly gepleýär we biziň wyždanymyz arkaly gepleýär. Şeýle-de OL biziň aklymyza bir pikir berip biler we ruhumyza belli bir duýgy hem berýär. Käte Onuň sesi güýçli eşidilýär, düýşümizde bize gepläninde. Şeýle hem Ol bize beýleki imanlylaryň üsti bilen hem gepleýär.*

- Biz Mukaddes Ruhuň sesini eşidende ýalňyşyp bilýärismi?

*Howwa! Kämahal biz Hudaýyň sesini eşidýäris diýip pikir edip bileris, aslynda bolsa bu biziň günäli höweslerimiz bolup bilýär. Hudaýyň bize aýdany hiç haçan Onuň Sözüne –*

*Mukaddes Kitaba garşy bolup bilmeýär. Şonuň üçin biz hemişe "eşidenlerimizi" Mukaddes Kitap bilen deňeşdirmelidiris.*

## Agyz beklemek (6-14 b.)

**6-7-nji bölümler** : 6-njy bölümiň birinji abzasyny okaň we Aidanyň sözlerini hem okaň.

- Siz hem Aidanyňky ýaly soraglar berýärsiňizmi? Ýa-da sizde agyz beklemäge degişli bolan başga soraglar barmy?
- 7-nji bölüme görä, Aida öz soraglaryna jogap almak üçin näme kömek edip biler?

**8-nji bölüm: biz näme üçin agyz beklemeli?** *Okuwçylary üç topara bölüň we her topara Mukaddes Kitapdan aýatlar beriň. Bu aýatlar olara bu soraga jogap bermeklerine kömek eder. Ýa-da aşakdaky berilen aýatlary bilelikde birin-birin öwreniň.*

Aşakdaky berilen aýatlara görä, adamlar haýsy maksat bilen agyz beklediler?

**Danyýel 9:3-5 –** *günäleri boýun almak, toba etmek, dileg.*

**Zebur 34:13 –** *kömege mätäç adam üçin dileg etmek.*

**Resullar 13:2-3 –** *sežde etmek, hyzmat we karar almakda akyldarlyk üçin dileg etmek .*

**12-nji bölüm:** biz haçan agyz beklemeli? Bütin bölümi okaň.

- Biz haçan agyz beklemeli? Biziň üçin agyz beklemek borçmy ýa-da biz muny islege görä edip bilerismi? *Mukaddes Ruh bizi agyz beklemek babatda gönükdirer.*

**13-nji bölüm:** bütin bölümi okaň, "saklanyň we pikirleniň" abzasyny hem okaň.

- Siz bu soraglara nahili jogap berdiňiz?

**14-nji bölüm:** eger siziň okuwçylaryňyz üçin wajyp bolsa bütin bölümi okaň.

- Aidanyň maşgalasy bilen bile oraza aýynda agyz beklemesiniň sebäplerine näme diýip jogap ýazdyňyz?

**" Garşy däl" sebäbi**: *Mesihiň şägirdi bolubam, ol öz maşgalasyna wepalylygyny görkezip biler. ol maşgalasynyň halas bolmagy üçin agyz bekläp doga edip biler. Eger ol agyz beklemese, bu gereksiz meseleler ýüze çykaryp biler, we onuň maşgala agzalary" Mesihiň şägirtleri agyz beklemäge ýaltanýar", diýip pikir etmekleri mümkin.*

**"Garşy" sebäbi:** *garyndaşlary ony öňküsi ýaly müsülman diýip kabul edip bilerler, we ony ödül almak üçin agyz bekleýär diýip düşünerler. Mundan başga-da, Aidanyň özi hem özüniň öňki pikirlerine görä ödül üçin agyz bekleýärin diýip düşünip biler.*

- Aidanyň karary haýsy derejede onuň durmuş ýagdaýyna bagly? *Meselem, ol häli öz maşgalasy bilen bile ýaşaýarmy, we onuň ýakynlary yslamyň kanunlaryny*

*nädereje berk ýerine ýetirýärler – şulara bagly. Aýry ýaşaýan imanlylar köpräk azatlyga eýedirler.*

- Siz öz ýagdaýyňyzda nähili hereket edýärsiňiz?

## Bermek (sadaka) (15-25 b.)

**15-nji bölüm:** birinji abzasy we Kemalyň sözlerini okaň.

- Kemalyň berýän soraglaryny siz hem berýäňizmi? Ýa-da siziň sadaka bermek barada başga soraglaryňyz barmy?

**16-19-njy bölüm:** 16-njy bölümi we 17-nji bölümiň birinji parçasyny okaň.

- Biziň baýlygymyzyň haýsy bölegi Hudaýa degişli?
- Hudaýa haýsy möçberde pul bermegi çäklendirmegimiz gerekmi?

**2Korintoslylar 9:6-15 okaň.**

*Ähli okuwçylar gatnaşyp bileri ýaly, her okuwça aýatlary iki-üçden paýlap beriň.*

*Aýatlary okap bolandan soň, okuwçylara ony düşünmäge bir minut wagt beriň*

- Goý her okuwçy okan aýatlarynyň manysyny öz sözleri bilen düşündirsin.

**21-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Siz bu soraga nähili jogap berdiňiz? Näme üçin?

**24-nji bölüm:** bütin bölümi okaň.

- Siz bu ýerde näme ýazdyňyz? Tejribede siz nädip puly harjaman toplap bilersiňiz?
- Eger siziň hiç hili girdejiňiz bolmasa, siz Hudaýa näme hödürläp bilersiňiz?

*Meselem, öz wagtyňyzy, güýjiňizi meýletin kömekçi hökmünde we ş.m. emma köp adamlarda iň azyndan kiçijik girdejisi bar, we biz bu girdejimizden belli bir möçberini Hudaýa berip öwrenmelidiris. Hatda çagalar hem ene-atasyndan alýan pullaryndan berip bilerler.*

**25-nji bölüm:** bu bölümi okaň. Siz bu ýerde näme ýazdyňyz? *Meselem, garyplara kömek etmek üçin, diňe ýakynlaryňa däl; Täze Äht satyn almaga we Isa barada kitaplary alyp, mesihilik bilen gyzyklanýan adamlara paýlamak üçin; ýerli mesihiler toparynyň mätäçlikleri üçin; başga ýurtlarda ýa-da bütinleý özüni hyzmata bagyş eden mesihi hyzmatçylary üçin.*

## Söýgi kanuny (26-njy bölüm)

**26-njy bölüm:** bu bölümi okaň.

- Agyz beklemegiň üsti bilen söýgi kanunyny nähili ýerine ýetirip bolýar?

*Hudaýa bolan söýgimiziň hatyrasyna Biz iýmitden ýüz öwürýäris, we Ony saýlaýarys. Mundan başga-da, biz agyz beklänimizde kömege mätäç adamlar üçin dileg edip hem bileris, şeýle etmek bilen biz ol adamlara bolan söýgimizi görkezýäris.*

- Näme üçin sadaka bermek söýgi kanunyny berjaý etmegiň gowy ýoly hasaplanýar?

*Hudaýyň bize beren berekedinden Oňa gaýtaryp bersek, Oňa bolan söýgimizi görkezýäris, adamlara kömek etmek bilen biz olara bolan söýgimizi görkezýäris.*

**Sapagyň bitişi**

| **Öwrenenleri ulanmak:** | **Bilelikde doga:** |
|---|---|
| -bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder?<br><br>**-tejribe ýumşuny bilelikde okaň.** Hudaýa ondalyk bermek barada diňe pikirlenip gezmäň, muny tejribede ýerine ýetirip başlaň;<br><br>*Eger isleseňiz, okuwçylara bilelikde doga etmek we agyz beklemek üçin bir gün saýlamagy teklip ediň. Siziň hemmäňiz bir gün agyz bekläp, belli bir mätäçlik üçin dileg edip bilersiňiz.* | Birnäçe minudy sessizlikde geçiriň we Hudaýdan her biriňize haçan we nähili agyz beklemelidigini görmezmegini soraň, şeýle hem, Ol siziň haýsy möçberde pul sadaka bermegiňizi isleýändigini açyklasyn. Soňra toparlarda eli açyk bolup bilmekligimiz üçin we agyz beklemekde tertipli bolup bilmegimiz üçin güýç soraň. |

# 18-nji sapak: ykbal we jadygöýlük

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -ykbal we jadygöýlüge degişli Mukaddes Kitabyň üç sany hakykatyny öwrenmek;<br><br>-Hudaýyň adamlara ýakynlygyny we adamlar barada alada edýändigini düşünmek;<br><br>-Geçmişden gelýän okkultizm täsirinden gutulmak;<br><br>-1Pet. 5:7 aýaty ýat tutmak. | -müsülmanlar we jadygöýlük;<br><br>-müsülmanlar we ruhy güýçler;<br><br>-teselli bildirmek; |
| **Taýýarlamak**: bu sapaga taýýarlanýan wagtyňyz we sapagy geçirýän wagtyňyz hökman Mesihiň ýeňişini yglan ediň, günäleriňizi boýun alyň we Ony şöhratlaň. Okuwçylar sapak üçin dileg etsinler. Olaryň geçmişi bilen bagly bolan ýagdaýlar sebäpli - Okkultizmiň okuwçylaryň durmuşyna edýän täsiri pikir alyşma wagty ýüze çykyp biler, şonuň üçin Ruhy oýa boluň. | |

**Hudaýyň ýeňişini yglan edip, Oňa sežde etmek  we doga bilen sapaga başlaň we edil şeýle şekilde sapagy jemläň.**

## Sapagyň başlangyjy

**Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** Hudaýa her aý haýsy möçberde pul aýyrjakdygyňyzy karar berdiňizmi? Muny tejribede ýerine ýetirip başladyňyzmy? Ýa-da siz bermegiň başga ýollaryny öwrendiňizmi?

**Jogaplary barlamak (18-nji sapak):**

**1-nji sorag:** a) ykbal; b) ýigrenýär; ç) güýçleri.

**2-nji sorag:** ähli gaýgy aladaňyzy Hudaýa tabşyryň, Ol siziň gamhoruňyzdyr (1Pet. 5:7)

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** älemde iň gudratygüýçli şahsyýet kim? Hudaý gudratygüýçlidir, Onuň Ogly Isa Mesih bolsa şeýtany we ähli tümlük güýjini ýeňdi. Bu gün biz - Hudaýyň saýlan halkyna näme üçin hiç bir zadyň öňünde: ykbalyň, erbet ruhlaryň ýa-da nazardan - gorkman ýaşamalydygymyzy öwreneris.

## Pikir alyşmak

### Giriş we 1-nji bölüm:

**1-nji bölümiň öňünden berilen dogany bilelikde okaň.** Ykbal we jadygöýlüge gelsek, bu temada şeýtan adamlaryň aňyna köp dürli ýalňyşlar goýan. Asyrlar boýy adamlaryň uly bölegi şeýtanyň täsiri astynda ýaşaýarlar. Belki, bu ýalanlaryň käbirleri biziň aňymyzda hem kök urandyr. Geliň, bu gün olary Hudaýyň hakykaty bilen ýeňeliň.

**1-nji bölüm:** bu bölümi okaň. Bu tema boýunça okuwçylar öz tejribelerinden aýdyp bermekleri üçin wagt aýyryň we pikir alyşyň.

- Siz aslynda näme pikir edýärsiňiz: “hawwa”, “ýok”, “jogap bermekde kynçylyk çekýärin” ? näme üçin beýle pikir edýärsiňiz?

### Biziň durmuşymyzda ykbal däl-de, Hudaý ýolbaşçylyk edýär (2-9 b.)

**2-nji bölüm:** bu bölümi okaň we diagramma serediň (adamlaryň ýalňyş pikirlenişi).

- Siz haçan hem bolsa Hudaýyň sizden gaty uzakda we siziň problemalaryňyz bilen işi ýok diýip düşündiňizmi?  Bu düşünje sizde nädereje özgerdi?

**3-nji bölüm:** bu diagramma serediň (*owallaryň içine sözleri goýup)*

- Siz ykbal, erbet ruhlar we nazaryň adamyň durmuşyna täsir edýändigine ynanýan adamlary tanaýarsyňyzmy?
- Mukaddes Kitaba laýyklykda bu düşünjeler barmy? *Howwa (mesihiler olary dürli edip düşünselerde)*

**6-njy bölüm:** surata serediň we bu bölümi okaň.

- Siz "a)" soragyna nähili jogap berdiňiz? "b)" soragyna? Näme üçin beýle jogap berdiňiz?
- Eger siziň özüňiz gynançly ýagdaýda bolsaňyz, size haýsy sözler teselli bererdi: 1-njimi ýa-da 2-nji?

**7-nji bölüm:** "Aslynda Hudaý nähili? Diagrammasyna serediň.

- 3-nji bölümdäki diagrammadan onuň nähili tapawudy bar? *Hudaý bizden uzakda däl. Mundan başga-da, Ol bize Isa Mesih şahsyýetinde geldi. Hudaý hakykatdanam biz barada alada edýär we biziň problemalarymyz Ony ynjalyk edýär.*

**8-nji bölüm:** bu bölümi okaň we ýat tutmaly aýaty sesli okaň.

Bulary toparda ýa-da iki-ikiden bölünip ýerine ýetiriň:

-bir okuwçy beýlekisinden "seni şu wagtda näme ynjalyk edýär?" diýip sorasyn.

-ikinji okuwçy bu soraga jogap bersin. Onda birinji okuwçy beýlekisine : " Ähli gaýgy aladaňy Hudaýa tabşyr, sebäbi Ol seniň gamhoruňdyr" (1Pet. 5:7). Soňra ikinji okuwçy bu soragy üçünji okuwça berýär we aýny aýaty aýdýar we ş.m. şeýlelikde, ähli okuwçylar bu aýaty aýdar we iň soňunda siz mugallym hökmünde hem aýdarsyňyz.

## Hudaý jadygöýligi we butparazlygy ýigrenýär (10-17 b.)

**10-njy bölüm:** bu bölümi okaň.

- Siz bu ýere näme ýazdyňyz?

*Günbatarda ýaşaýan müsülmanlar beýle işler bilen az meşgullanýarlar, emma beýle ynançlaryň täsiri astynda ýaşaýarlar. Şeýle hem, okuwçylaryň maşgalalarynda muňa nähili garaýandyklary barada soraň.*

**11-15-nji bölümler:**

- Bu bölümde okkultizmiň haýsy görnüşleri sanalan? *Bu ýerde aýdylan sözleriň käbirlerine düşünmek kyn, şonuň üçin okuwçylara olaryň manysyny düşündirmäge taýýar boluň. Mukaddes Kitapda bu ýerleri açmagyňyza gerek ýok, sebäbi esasy bölüme biz soňrak serederis.*
- Hudaý bularyň baryna nähili garaýar? *Hudaý olaryň ählisini ýigrenýär we bize şeýle işler bilen meşgullanmagy gadagan edýär.*
- Näme üçin bu hereketleriň ählisi butparazlygyň bir görnüşi (15 b.)? *eger adamlar haýsydyr bir zada (okkultizm hem şol hatarda) Hudaýa görä köpräk ynansalar, bu butparazlykdyr, sebäbi şeýle etmek bilen olar ýaratygy Ýaradandan ýokary goýýarlar.*

**16-njy bölüm:** aýalyň sözlerini okaň. Siz oňa näme maslahat bererdiňiz?

***Käbir teklipler:*** *ilki bilen, aýal Hudaýýň ol barada alada edýändigini we onuň agyrylaryny bilýändigini bilmeli. "şypa beriji" Hudaýa ol aýaldan has ýakyn däl. Mundan başga-da, mesihi bolandygy üçin "şypa berijiden" hem köpräk Hudaýa ol aýal has ýakyn. Ol iki hojaýyna hyzmat etmeli däl. Ol kime tabyn boljak : Mesihemi ýa-da "şypa berijämi" – karar bermeli. Bu aýal beýleki imanlylara onuň bilen bile çaga barada dileg etmeklerini soramalydyr. Emma Hudaýýň yradasy hemişe gowydyr, we ol enelik şatlygyny duýsa hem duýmasa hem – muňa bagly däl.*

## Ähli ruhy güýçleriň üstünden Reb Isa hökümdarlyk edýär (18-21 b.)

**18-19-njy bölümler:** Mukaddes Kitapdan iki ýerini okap pikir alyşyň.

- **Mark 1:21-27** . 22-nji aýata görä Isada adamlary näme geň galdyrýardy? *Ol erk-ygtyýarly biri ýaly öwredýärdi.*
- Isa Özüniň ygtyýaryny tejribede nähili görkezdi? *Ol erbet ruha çykmagy buýurdy we ol ruh hem gulak asdy.*
- 24-nji aýata görä, bu ruh Isa barada haýsy iki hakykaty kabul etdi? *1. Isa erbet ruhlary ýok etmäge geldi; 2. Isa- Hudaýýň Mukaddesi.*
- 27-nji aýata görä, adamlar muňa nähili gaýtargy berdiler? *Olar gorkdular, haýran galdylar.*
- 19-njy bölümdäki diagramma serediň we 1Pet. 3:21(b)-22 aýatlary okaň.
- Ýokary gönükdirilen ugur nämäni görkezýär? *Mesihiň dirilenini, "göklere galyp", "Hudaýýň sagynda" oturanyny.*
- Owallarda näme ýazdyňyz? *Perişdeler, ygtyýarlar, güýçler.*

Bu diagrammada görkezilişi ýaly, ähli jynlardan we beýleki ruhy güýçlerden ýokarda kim ýerleşýär?

Bu diagrammada biziň ýerimiz nirde? *Biz Mesih bilen Göklerde şalyk sürýäris (efe.2:6 seret).*

- Eger kimdir biri sizi näletlese, bu näletden güýçli kim bar?

**21-nji bölüm:** aramyzda Mesihiň erbet ruhy ýeňendigini görenler barmy?

- **Ýaýlaryň içine alynan birinji abzasy okaň**. Erbet ruhlar babatda araňyzda howsala düşýänler bar, olardan gorkmaýanlar hem bar. Eger bu sizi rahatsyz edýän bolsa, sapakdan soň meniň bilen ýa-da başga ýetişgin imanly bilen gepleşiň.

## Biz iki hojaýyna gulluk edip bilerismi? (22-24 b.)

**23-nji bölüm:** bu wakany okaň. Ondan soňky soraga siz nähili jogap berdiňiz?

- Bu nakyly ýatda saklaň: " eger Isa ähli zadyň Hudaýy bolmasa, diýmek Ol hiç Hudaý däl!"
- Bu gün biz şeýtanyň ýalanlaryny ýykýan üç hakykaty öwrendik. Olary aýdyň:

1 *biziň durmuşymyzda Hudaý ýolbaşçylyk edýär, ykbal däl;*

*2 Hudaý jadygöýlügi we butparazlygy ýigrenýär;*

*3 Isa ähli ruhy güýçleriň üstünden hökümdarlyk edýär.*

- Häzir, sapagyň soňunda siz nähili duýgylary başdan geçirýärsiňiz?

**Sapagyň bitişi**

| **Öwrenenleri ulanmak:** | **Bilelikde doga we sežde ediň:** |
|---|---|
| Bu günki sapak durmuşyňyza nähili täsir eder?<br><br>**Bilelikde tejribe ýumşuny okaň:** ähli soraglary ünsli okaň. Hudaýdan geçmişde bolup geçen we siziň durmuşyňyza täsir eden hadysalar barada ýatlatmagyny soraň. Eger şeýle ýagdaýlar bolan bolsa, onda şol täsirlerden gutulmak üçin imanlylardan kömek soraň. | Bilelikde ýeriňizden galyp şeýtana garşy bu üç hakykaty aýdyň:<br><br>“biziň durmuşymyzda Hudaý ýolbaşçylyk edýär, ykbal däl!<br><br>Hudaý jadygöýligi we butparazlygy ýigrenýär!<br><br>Isa ähli ruhy güçleriň üstünden hökümdarlyk edýär” |

# 19-njy sapak: birek birege bolan gulluk

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -kiçigöwünlik bilen peşgeşleriňi birek-birege hyzmat etmekde ulanmaga karar almak.<br><br>-ýygnak ýolbaşçylryny goldamak we olaryň ýygnakdaky jogapkärçiligini düşünmek.<br><br>1Pet. 4:10 aýaty ýat tutmak. | -yslam medeniýetinde aýaklary ýuwmak;<br><br>-yslamdan gelen imanlylar toparynda liderlik problemalary;<br><br>**Taýýarlamak:** polotense, sabyn, legen, ýyly suw; |

**Sapagyň başlangyjy**

**Geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň.** Geçmişde “jadygöýlügiň, mukaddes adamlaryň” täsiri astynda bolup bolmandygyňyz ýadyňyza düşdimi? Başga imanly bilen bile doga etdiňizmi? Eger sizi häli bu sorag ynjalyk edýän bolsa, bu barada sapakdan soň ikiçäk gepleşeli.

**Jogaplary barlamak (19-njy sapak):**

**1-nji sorag:** a) dürli; b) her kime; ç) kiçigöwünlik bilen.

**2-nji sorag:** "alan peşgeşleri biri-biriňize hyzmat etmek üçin ulanyň" (1Pet. 4:10)

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** Hudaý bize dürli ruhy peşgeşler we ukyplar berdi. Bu gün biz siziň bilen bu peşgeşleri Hudaýa we biri-birimize hyzmat etmek üçin ulanmagy öwreneris. Liderler hem Hudaýyň olara beren adamlaryna hyzmat etmelidirler.

## Pikir alyşmak

### Birek-birege hyzmat etmek (1-3 b.)

**Birinji surat boýunça oýlanmak:** Isa Mesih ölüminiň öňýanynda iň ýakyn dostlarynyň aýagyny ýuwdy. **Ýoh. 13:3-5, 12-17 aýatlary okaň.** *Soňra, ýuwaşdan, durup şuny okaň: " bu suratda şekillendirilen ellere serediň. bu eller Isanyň elleri diýip göz öňüne getiriň." "Aýaklara serediň we bu aýaklar siziň aýaklaryňyzdygyny göz öňüne getiriň. Mesih siziň aýaklaryňyzy ýuwýar!"*

*" Bu sizde nähili duýgylary oýarýar? Bu barada häzir ýüregiňizde Hudaý bilen gepleşiň"* **Hudaý Isa Mesih biziň aýaklarymyzy ýuwýandygy barada oýlananymyzda, biz nähili duýgylary başdan geçirdik?"**

**2-nji bölüm**: bu bölümi okaň.

- Biziň medeniýetimizde baştutanlar öz işçilerine hyzmat edýärlermi?
- Emma biziň beýik Hojaýynymyz Isa Mesih biziň aýaklarymyzy ýuwmak üçin egildi. Diýmek, biz munuň jogabyna näme etmeli?

*Ol şeýle diýýär: "Men size mysal berdim". Ol bize hyzmat edeni üçin biz minnetdarys, we Onuň ýaly biri-birimize hyzmat etmek üçin egilmelidiris. Edil şunuň ýaly liderler hormata mynasyp bolýarlar.*

### Hyzmat etmek üçin peşgeşler (4-5 b.)

**1Pet. 4:10-11 okaň we ýat tutmak üçin aýaty gaýtalaň (1Pet. 4:10).**

- 10-njy aýata görä, bize Hudaýdan berilen peşgeşleri biz näme üçin ulanmaly?

*Biz bu peşgeşleri biri-birimize hyzmat etmek üçin ulanmaly.*

- Nähili pikir edýärsiňiz, biz näme üçin "gowy gurluşykçylar" kimin bolmaly?

*Biz edil "gowy gurluşykçylar" kimin bolmalydyrys, olar öýüň eýesi bolmasalar hem, hojaýynyň isleýişi ýaly ol öýi akyldarlyk bilen dolandyrýarlar.*

- Mukaddes Ýazgylaryň dürli ýerlerinde dürli peşgeşler barada ýazylýar. 11- nji aýatda haýsy iki sany peşgeş barada aýdylýar?

- 11-nji aýatda aýdylan bu iki peşgeşi bar adamlar olary nähili ulanmaly?
- Biz öz peşgeşlerimizi Hudaýyň şöhraty üçin ulanmaly. Geliň, hemmämiz bilelikde 11-nji aýatyň ikinji bölümini okalyň.

## Dürli adamlar dürli peşgeşlere eýedir (6-9 b.)

**9-njy bölüm:** çarçuwadaky hekaýany we ondan soň ýazylan abzasy okaň.

- Siz bu bölümde näme ýazdyňyz? *Meselem, biziň her birimizde hem güýçli hem ejiz taraplarymyz bar. Biziň her birimiz haýsydyr bir manyda "kör" ýa-da "agsak". Biziň hiç birimiz kämil däldiris, we ähli dolulyga eýe däldiris. Ýöne meniň ejiz taraplarym – siziň güýçli taraplaryňyzdyr. Şonuň üçin biz biri-birimize mätäçdiris.*

## Biziň her birimizde peşgeş bar (10-14 b.)

**11-nji bölüm:** surata serediň.

- Hudaý Feruza hyzmat etmek üçin nähili peşgeş berdi?
- Feruzanyň jorasy nädip oňa haýsy peşgeşe eýedigini düşünmäge kömek etdi?
- Biz nädip öz peşgeşlerimizi kesgitläp bileris? *Strelka bilen bellenen üç soraga seret*
- Bir okuwçy hyzmat etmegiň bir usulyny aýtsyn. Soňra beýleki okuwçy onuň aýdanyny gaýtalasyn we başga bir hyzmat usulyny aýtsyn. Aýdyp bileniňizçe köpräk hyzmat etmek usullaryny aýdyp, spisogy dolduryň. *Meselem, ýygnagy alyp barmak, Mukaddes Kitap boýunça sapak geçirmek, saz çalmak, öz öýüňi ýygnak geçirmek üçin hödürlemek, mätäçlikler üçin doga etmek, adamlary ruhlandyrmak, imansyzlara Hoş Habar aýtmak, tejribede kömek etmek, maddy goldaw bermek, nahar bişirmek we ş.m.*
- Bu dürli peşgeşleriň hemmesi nädip imanlylaryň ýerli toparyny gurmaga kömek edýär?

## Biziň hemmämiz öz peşgeşlerimizi kiçigöwünlik bilen ulanmaly (15-18 b.)

**15-nji bölüm:** bu bölümi okaň.

- Samatyň topar lideri bolmagy üçin siz haýsy sebäpleri ýazdyňyz? Lider bolmazlygy üçin haýsy sebäpleri ýazdyňyz?
- Topar Samada lider bolmakda ösmäge, emma şol bir hatarda tekepbirleşmän galmagy üçin nähili kömek edip biler?

*Samat bilen tekepbirlik barada has ösen mesihi gepleşip biler. Mundan başga-da, Samata lideriň ýardamçysy hyzmatyny berip bolar. eger ol bu hyzmaty gowy ýerine ýetirse we kiçigöwünlik bilen adamlara hyzmat etse, wagt geçensoň, oňa ulurak hyzmatlary ynanyp bolar. Şeýle hem, ol lider bolandan soň ol ýeke özi däl, birnäçe adam bilen hyzmat etmeli bolar.*

**17-nji bölüm:** bu bölümi okaň.

- Hudaýyň öňünde haýsy has wajyp: wagyz edýänmi ýa-da nahar bişirýän?

*Ikisi hem deň derejede wajypdyrlar. Biz olaryň ikisine hem minnetdarlyk bildirmeli, wagyz edýäne hem, nahar bişirýäne hem.*

## Ýolbaşçylar hökmünde hyzmat etmek (19-25 b.)

**21-nji bölüm:** bu bölümiň soňundaky aýratynlyklar spisogyna serediň.

- Biziň Çopanymyz Isa bu aýratynlyklaryň haýsysyna eýedi? *A), b), e)*
- Mesihe meňzemek isleýän imanly lider bu häsiýetleri (aýratynlyklary) tejribede nähili görkezip biler?

**1Pet. 5: 1-6 okaň:**

- 2 we 3 aýatlarda mesihi liderleri imansyz liderlerden tapawutlandyrýan üç sany aýratynlyklary tapyň. *Eger siz jogap bermekde kynçylyk çekýän bolsaňyz, 22-nji bölüme serediň.*
- Bu liderlere nähili wada berilýär (4-nji aýata seret)?
- Imanlylar öz liderlerine olaryň aňsat bolmadyk hyzmatlarynda nähili kömek edip bilerler? *Olara tabyn bolup, olar üçin doga edip, olary hormatlap, olary ruhlandyryp, olara minnetdar bolup, olar barada beýlekilere arz etmän.*
- 5 (b) we 6-njy aýata görä, biz öz peşgeşlerimizi nähili ulanmaly?

**25-nji bölüm :**

- Siz bu ýere näme ýazdyňyz?

*Meselem, hyzmat edýän lider, liderligine galýar. Onda adamlary yzyna eýermäge çagyrma erki we ygtyýary bar, we adamlar bu ygtyýary hormat etmeli. Olaryň hormaty gorkuda däl-de söýgide esaslanmaly. Lider öz isleglerinden ýüz öwürip, olaryň peýdasy üçin hyzmat edýär.*

## Sapagyň bitişi

| **Öwrenenleri ulanmak:** | **Tejribede biri-birimiňize hyzmat ediň:** |
|---|---|
| -bu günki sapak siziň durmuşyňyza nähili täsir eder?<br><br>-bilelikde tejribe ýumşy okaň;<br><br>-öz peşgeşleriň bilen adamlara nähili hyzmat edip biljekdigiňiz barada bir düşünjäňiz barmy? | Yzygiderli biri-biriňiziň aýaklaryňyzy ýuwuň (erkekler aýallar aýry);<br><br>Siz mugallym hökmünde hyzmata başlaň;<br><br>**Bilelikde doga:**<br><br>Ýene Mesih siziň aýaklaryňyzy ýuwýandygyny göz öňüne getiriň. Ondan size Onuň hyzmat edişi ýaly, siz adamlara nähili hyzmat edip biljekdigiňizi görkezmegini soraň. |

# 20-nji sapak: Göge tarap bolan zyýarat ýolumyz

| **Sapagyň maksady:** | **Medeniýete degişli açyklamalar:** |
|---|---|
| -mesihileriň Hudaý bilen bile jennetde boljakdygyna berk ynanmak we bu duşuşyga şatlyk bilen garaşmak;<br><br>-şeýtanyň oklaryny saýgaryp bilip, olara garşy durmagy öwrenmek;<br><br>-1Pet. 5:10-11 aýaty ýat tutmak. | -müsülmanlar, zyýarat we jennet;<br><br>-Ýerusalim we sionizm;<br><br>**Taýýarlamak:** 22-nji bölümdäki aýaty "biz" we "bizi" sözlerini ulanyp ýazmaly. Kursyň bitişini bellemek üçin (restoran/ kafe/öý) okuwçylar şaýatlyklaryny paýlaşyp bileri ýaly, bilelikde naharlanmaklary üçin bir ýer taýýarlaň |

## Sapagyň başlanyşy

**Doga bilen başlaň we geçen sapagyň tejribe ýumşuny barlaň:** siz dostuňyzdan öz peşgeşleriňiz barada soradyňyzmy? Ol näme diýdi? Bu hepde dowamynda sizde başgalara hyzmat etme mümkinçiligi boldumy? *Her okuwçy bu soraglara jogap bersin.*

**Jogaplary barlamak (20-nji sapak):**

**1-nji sorag:** a) Ýerusalim; b) Göklerde ( jennetde).

**2-nji sorag:** a) biz; b) Mesih.

**3-nji sorag:** "Bol merhemet eçilýän Hudaý sizi Mesih arkaly Öz ebedi şöhratyna çagyrdy. Siz durmuşda ejir çekýän bolsaňyz hem, Ol sizi dikelder, berkider, güýçlendirer we sarsmaz bina edip gurar. Güýç-gudrat ebedilik Onuňky bolsun!" (1Pet.5:10-11)

**4-nji sorag:** okuwçylaryň jogaplary. *Hudaý biziň muňa şübhesiz ynanmagymyzy isleýär. Biz öňürti ejir çekmäge taşlanmarys, ölümden soň derrew jennede gideris we ol ýerde ebedi Hudaý bilen bile bolarys. Eger okuwçylaryň arasynda häli şübhelenýänler bar bosa, olara Luka 23:39-43 aýatlaryny görkeziň. Bu ýerde Isa garakçy adama hem "sen şu gün Meniň bilen bile jennetde bolarsyň!" diýýär.*

**Bu günki sapagyň adyny aýdyň:** biziň durmuşymyz Göge tarap bolan zyýarat ýol kimindir. Ýoluň soňunda bize şöhratly ýer garaşýar. Emma biz häli ýoldakak, biz duşmanymyz şeýtan bilen söweşmeli. Ruhy zyýarat temasyny biz bu gün sapakda öwreneris.

## Pikir alyşmak:

### Biziň ruhy zyýaratymyz (1-5 b.)

**2-3-nji bölümler:** 2-nji bölümi we 3-nji bölümiň birinji abzasyny okaň.

- Mesihiň şägirtleri hökmünde biz haýsy hajy/ zyýaraty berjaý edýäris? *Ömürboýy dowam edýän ruhy hajy/ zyýaraty. Biz öz Gökdäki watanymyza tarap gidýäris.*
- Biziň günlerimizde mesihiler doga edende näme üçin Ýerusalime tarap seredip doga etmeýärler? *Sebäbi biziň dogalarymyz we durmuşymyz ýerdäki Ýerusalime däl-de Gödäki Hudaýa gönükdirilen bolmaly.*

**4-nji bölüm:** bu bölümi we "saklanyň we pikirleniň" abzasyny hem okaň.

- Siz bu barada pikirlendiňizmi we nähili netijä geldiňiz?

## Şeýtana garşy duruň (6-16 b.)

**1Pet. 5:6-11 aýatlary okaň.**

- 6-njy aýat bize tekepbir bolan wagtymyz nädip kömek eder? *Ol bize kiçigöwünli bolmaga kömek edýär.*
- Eger biz bir zatlar barada ynjalyk bolýan bolsak, 7-nji aýat bize nähili kömek eder? *Ol bizi Hudaýyň biz barada alada edýändigine berk ynandyrýar.*
- 8-nji aýata görä, kim arslan ýaly gezýär? *Şeýtan.*
- 9-njy aýata laýyklykda, biz şeýtana garşy durup bilerismi? *Hawwa, eger biz oňa "berk iman" bilen garşy dursak.*
- 10-11-nji aýatlary bilelikde ähli okuwçylar ýat tutýança gaýtalaň.

**7-nji bölüm:** bu bölümi okaň we aşakdaky üç soraga beren jogaplaryňyz bilen paýlaşyň:

- Mesihiň şägirtleri nädip ejizläp bilerler? *Meselem, eger olar Mukaddes Kitaby okamasalar we her gün doga etmeseler. Ýa-da eger olar özleriniň Mesihi bolandyklaryny gaty uzak wagtlap gizläp gezseler.*
- Mesihiň şägirtleri nädip gamsyz bolup bilerler? *Meselem, olar özlerini şeýtanyň azdyrýandygyny bilmän, tekepbirlige, gaharjaňlyga ýa-da zynahorlyga girip bilerler.*
- Mesihiň şägirtleri nädip "süri"den aýrylyp bilerler? *Meselem, eger olar beýleki imanlylar bilen aragatnaşyk saklamagy bes etseler, imansyz bilen nikaly bolandygy üçin.*

**11-nji bölüm:** birinji abzasy okaň.

- Käte biziň kynçylyklarymyz şeýle uly bolup görünýär we biz artyk çydap bilmeris diýen düşünjä gelýäris. Ýöne **1Kor. 10:13 okaň.** Bu bize nähili umyt berýär?
- Siz şunuň ýaly "çydap bilmerin indi" diýen ýagdaýda bolduňyzmy? Hudaý size şonda nähili kömek etdi? *Her okuwçy öz pikrini paýlaşmaga mümkinçilik beriň, ýöne olary mejbur etmäň.*

**12-nji bölüm:** 12-nji bölümdäki suratlara serediň.

- Haýsy iki imanlylar daşky kynçylyklaryň üsti bilen zerbä duçar bolýarlar? *Laura, Ruslan.*
- Haýsy iki imanly içki synaglar bilen zerbä duçar bolýarlar? *Bagtyýar, Zöhre.*
- Şeýtan sizi içki synaglar we daşky kynçylyklar üsti bilen zerbe edenini aýdyp beriň. bu nähili boldy? Bu size nämäni öwretdi? *Bu wajypdyr, her okuwçy paýlaşyp bilmegine ýol beriň.*

**15-16-njy bölümler:** 15-nji bölümdäki surata serediň. 16-njy bölümi okaň.

- Her gezek biz çatyryk bilen garşylaşanymyzda, biziň öňümizde nähili saýlaw durýar?
- Şeýtan bizi öz ýolundan äkitmäge synanyşýar. Oňa garşy durmagy kim karar almaly: bizmi ýa-da Mesih? *Biz bu karary almaly. Eger biz şeýtanyň ýolundan gitmegi karar alsak, munuň jogapkärçiligi bizde ýatýar, Mesihde däl.*
- 12-nji bölümde aýdylýan Bagtyýar we Zöhre ýagdaýynda şeýtana garşy durma kararyny kim almaly? *Olar özleri bu karary almaly.*
- Olara dogry karar almaga kim kömek eder? *Mesih*
- Bizi şeýtan synaga sokýan mahaly oňa garşy durmagy karar alsak, biz muny başararys. **1Ýoh. 4:4 okaň.** Mesih bizde ýaşaýar we Ol şeýtandan güýçli!

## Biziň Gökdäki bellenen nokadymyz (17-22 b.)

**19-njy bölüm:** bu bölümi okaň.

- Biz näme üçin Hudaý bizi jennede aljakdygyna ynanmaly?

*Isa Mesihiň hut Özi bizi bu köprüden jennede geçirer. Biz Oňa ynandyk, we OL "biziň köprüden ýykylmagymyza"ýol bermez.*

**21-nji bölüm:** Amiryň hekaýasyny okaň.

- Göklerde bolmak üçin siz nämeler edýärsiňiz?

*Bu soragy toparada pikir alyşmak üçin ulanyň. Ýerde Hudaýa hyzmat edýändigiňe şatlanyp ýaşamak ajaýypdyr. Ýöne biz esasy maksadymyz bolan Gökleri unutmaly däldiris. Goý, biziň her birimiz Amir ýaly muny has köp isläp ýaşaly.*

**22-nji bölüm:** bu bölümi okaň.

- Bu parçadan haýsy sözler size has ýakymly? *Her okuwça bu soragy beriň we özüňiz hem jogap beriň.*
- Nähili ajaýyp wadalar bar bu aýatlarda! Geliň bu aýaty "biz, bize, biziň" sözlerini ulanyp ýene bir gezek okalyň.

***Okuwçylara aňsat bolmagy üçin, gerekli bolan sözleri öňünden ýazdyryp taýýar edip goýuň .*** *meselem, “ biz Onuň halky bolarys, we Hudaýyň Özi biziň Hudaýymyz bolar. we Hudaý biziň gözümizden ähli ýaşlary süpürer ...” we ş.m.*

**22-nji bölüm:** soňky sahypada berilen surata serediň we ondaky sözleri okaň.

- Bu sizde nähili duýgylary oýarýar?
- Göz öňüne getiriň, jennetde Hudaý ähli göz ýaşlarymyzy süpürer.

## Sapagyň bitişi

| **Öwrenenleri ulanmak:** | **Bilelikde doga:** |
|---|---|
| -bu günki sapak siziň durmuşyňyzy nähili üýtgeder?<br><br>Bile tejribe ýumşuny okaň;<br><br>Her gün hepde dowamynda bir parça okaň we ony aklyňyzda gowyja “ezmeläň”, edil kiçi çaga süýjini alyp agzynda onuň tagamyny ezmeleýişi ýaly.<br><br>**Gutlaglar:** okuwçylar kursy tamamlanlaryny nähili edip bellärler? Meselem, öňümizdäki hepde okuwçylar bile naharlanyp, bu kursdan öwrenen zatlaryny paýlaşyp bilerler. Bu sorag barada pikir alyşyň we plan düzüň.<br><br>Okuwçylygy nähili dowam etmeli, topardamy ýa-da özbaşdakmy, maslahatlaşyň | 1Pet. 5:8-11 aýatlary hemmeler açsyn. Her okuwçy bu parça esasynda gysgaça doga etsin. Aýratyn hem bütin dünýäde yzarlanmalara sezewar bolýan imanlylar üçin dileg ediň |

# Ýat tutmak üçin aýatlar

| |
|---|
| 1) **Mat 11:28**: "Eý, argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin." |
| 2) **2Kor 5:17**: "Şoňa görä-de, kim Isa Mesihe degişli bolsa, ol täze ýaradylyşdyr. Könesi geçip gitdi, indi täzesi geldi!" |
| 3) **1Ýoh 3:11**: "Siz biri-birimizi söýmelidigimiz barada owal-başdan eşidensiňiz." |
| 4) **1Pet 1:15**: "Özüňizi çagyran Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly, siz hem ähli edýän işleriňizde mukaddes boluň." |
| 5) **Mat 6:9-13**: "Şonuň üçin, şeýle doga-dileg ediň: „Eý, gökdäki Atamyz! Adyň mukaddes bolsun! Patyşalygyň gelsin! Gökde bolşy ýaly, ýerde-de Seniň islegiň amala aşsyn! Gündelik çöregimizi bize şu gün ber. Bize ýamanlyk edýänleri bagyşlaýşymyz ýaly, Sen hem biziň ýazyklarymyzy bagyşla. Bizi synaga salma, gaýtam bizi şeýtandan halas et. " |
| 6) **Mat 6:9-13**: "Şonuň üçin, şeýle doga-dileg ediň: „Eý, gökdäki Atamyz!Adyň mukaddes bolsun! Patyşalygyň gelsin! Gökde bolşy ýaly,ýerde-de Seniň islegiň amala aşsyn! Gündelik çöregimizi bize şu gün ber. Bize ýamanlyk edýänleri bagyşlaýşymyz ýaly, Sen hem biziň ýazyklarymyzy bagyşla. Bizi synaga salma, gaýtam bizi şeýtandan halas et. " |
| 7) **1Pet 2:9**: "Emma siz beýle dälsiňiz, çünki siz saýlanyp-seçilen halksyňyz. Siz patyşanyň ruhanylary, mukaddes millet, Hudaýa degişli halksyňyz. Hudaý sizi garaňkylykdan Özüniň ajaýyp nuruna çagyrdy. Siz Onuň şan-şöhratyny yglan etmek üçin saýlanyp-seçilensiňiz." |
| 8) **1Pet 2:17**: "Hemmelere hormat goýuň. Imanly doganlaryňyzy söýüň, Hudaýdan gorkuň, patyşany sylaň." |
| 9) **1Pet 2:21:** "Ine, siz şunuň üçinem çagyryldyňyz, sebäbi Mesih siziň üçin ejir çekdi. Öz yzyna eýermegiňiz üçin, Ol size görelde boldy." |
| 10) **Mat 5:44**: "Emma Men size diýýärin: duşmanlaryňyzy söýüň, özüňizi yzarlaýanlar üçin doga-dileg ediň. " |
| 11) **Gçk 2:24:** "Şol sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar." |
| 12) **1Pet 3:11**: "ýamanlykdan aýryl, et sen ýagşylyk, parahatlyk agtar, yzyndan galma." |
| 13) **1Pet 3:18:** "Isa Mesih hem bizi Hudaýa getirmek üçin, biziň günälerimiz sebäpli bir gezek öldi [1]. Özi dogry bolsa-da, günäkärler üçin öldi. Ynsan ýaly öldürilse-de, Hudaýyň Ruhy arkaly Ol direldildi." |
| 14) **Mat 28:19:** "Şonuň üçin hem gidiň-de, ähli milletleri şägirt ediň, olary Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň adyndan suwa çümdüriň." |

| | |
|---|---|
| 15) | **1Kor 6:19-20**: "Eýsem siz öz bedeniňiziň Mukaddes Ruhuň ýaşaýan ybadathanasydygyny bilmeýärsiňizmi? Siz bu Ruhy Hudaýdan aldyňyz. Siz diňe özüňiziňki dälsiňiz. Siz baha, onda-da uly baha satyn alnansyňyz. Şoňa görä-de, öz bedeniňiz bilen Hudaýy şöhratlandyryň." |
| 16) | **Mar 12:30-31:** "Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli düşünjäňiz hem güýjüňiz bilen jan-tenden söýüň. Ikinjisi-de şudur: ýakynyňy özüňi söýşüň ýaly söý! Bulardan uly tabşyryk bolmaz» diýip jogap berdi." |
| 17) | **Mar 12:30-31**: "Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli düşünjäňiz hem güýjüňiz bilen jan-tenden söýüň. Ikinjisi-de şudur: ýakynyňy özüňi söýşüň ýaly söý! Bulardan uly tabşyryk bolmaz» diýip jogap berdi." |
| 18) | **1 Petrus 5:7**: “Ähli gaýgy-aladaňyzy Hudaýa tabşyryň, sebäbi Ol siziň gamhoruňyzdyr.” |
| 19) | **1 Petrus 4:10** : “Hudaý siziň her biriňize dürli ruhy peşgeşler berdi. Olary biri-biriňize hyzmat etmek üçin ulanyň.” |
| 20) | **1 Petrus 5:10-11**: “ Bol merhemet eçilýän Hudaý sizi Mesih arkaly Öz ebedi şöhratyna çagyrdy. Siz durmuşda ejir çekýän bolsaňyz hem, Ol sizi dikelder, berkider, güýçlendirer we sarsmaz bina edip gurar. Güýç-gudrat ebedilik Onuňky bolsun! Omyn.” |